*Alfa we Omega*

IKINJI NEŞIR

# Mukaddes Kitaba Syn

## 40 Sapakda



Rejep we Leýla Aýdin

Alfa we Omega

IKINJI NEŞIR

# Mukaddes Kitaba Syn

## 40 Sapakda



Rejep we Leýla Aýdin

KITABI-KNIGI.COM

Islendik bölümi, tutuş maşgala üçin mugt
ekitaplary komputeriňe ýükle we oka.

KITABI-KNIGI.COM

Copyright © 2023 by Alpha and Omega. All rights reserved.
*alphaomegasilkroad@gmail.com*

Copyright © 2023 for the Turkmen (Latin) edition.
Translated by permission. All rights reserved.

Illustrations for all pages, except those listed below, copyright © 2023 by Jim. All rights reserved.
Illustrations by The Good Book Company for pages 66, 67, 124, 125, 191, 192, and 193, copyright © 2016 by Phil Crowter/The Good Book Company Ltd. Used by permission. All rights reserved.

All copyrights reserved. The verses are taken from the Bible. Mukaddes Kitap (TukLat16) © Mukaddes Kitap Terjime Instituty, 2016

# Giriş

Bu 40 sapak size Mukaddes Kitabyň taryhy bilen has gowy tanyşmaga kömek eder.

Her sapakda siziň jogap bermegiňiz üçin köp soraglar düzülen. Her soragdan soňra ýaýyň içindäki san sapagyň soňunda jogaplaryň belgisini görkezýär. Soraglara jogabyna seretmezden jogap bermäge çalşyň!

Her sapakda Mukaddes Kitabyň başga bölekleriňdäki aýatlardan alnan çykgytlar bar. Eger **olar goýy** gara şrift bilen bellenen bolsa, olary tapyp okamak möhümdir. Eger olar goýy gara şrift bilen bellenmedik bolsa, wagtyňyz bar bolsa, olary tapyp seredip bilersiňiz.

Men siziň bu ajaýyp Mukaddes Kitap taryhyny öwrenmekden we başgalar bilen paýlaşmakdan lezzet almagyňyz üçin Hudaýa dileg edýärin!

## 1-nji Sapak:

# Mukaddes Kitabyň Kitaplary



Bu sapak üçin size Mukaddes Kitabyňyzyň başyndaky **mazmunyna** seretmek gerek bolar.

## Giriş:

- **Mukaddes Kitap — bu kitaplar toplumydyr.** Mukaddes Kitapda 66 kitap bar: Köne Äht 39 kitapdan, Täze Äht 27 kitapdan ybarat. Olar dürli wagtlarda dürli awtorlar tarapyndan ýazylan. Şeýle hem olar biri-birinden öz **žanrlary** boýunça tapawutlanýarlar (meselem: taryh, poeziýa, hat).

  Mukaddes Kitap näçe kitapdan ybarat? [1]

- **Mukaddes Kitap iki bölüme bölünýär:** Köne Äht we Täze Äht. Äht — ylalaşygy aňladýar. Köne Ähtde Hudaý Öz halky bilen dürli ylalaşyklar (ähtler) baglaşdy, meselem Ybraýym bilen, Nuh bilen, Sinaý dagynda ysraýyl halky bilen, Dawut bilen. Emma Täze Ähtde Ol Isa Mesihiň gany bilen täze äht baglaşdy. Bu Täze Äht Köne Ähtleriň hemmesinden gowudyr, sebäbi ol Köne Ähtdäki wadalary amala aşyrýar.

  Mukaddes Kitap nähili bölünýär? [2]

  “Äht” nämäni aňladýar? [3]

- **Mukaddes Kitabyň iki bölegi hem Hudaýyň sözleridir.** Isanyň döwründe Mukaddes Kitap — Köne Äht eýýäm bardy. Ýewreýler ony “Mukaddes Ýazgylar” diýip atlandyrdylar we ony sinagogalarda okadylar. Olar bu Kitabyň Hudaýyň ylhamy bilen ýazylandygyna ynanýardylar. Resullar aradan çykanlaryndan soň, mesihiler hem Isa baradaky ýazylan kitaplary (Hoş Habarlary) we resullar tarapyndan ýazylan hatlary ýygnadylar. Resullaryň döwründe-de mesihiler resullaryň hatlarynyň hem Hudaýyň ylhamy bilen ýazylandygyna ynandylar. (2-nji Petrus 3:15–16-a serediň). Pawlus Timoteose şeýle ýazdy: “*Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr*” (2-nji Timoteos 3:16).

  Mukaddes Kitabyň ähli kitaplarynyň nähili peýdasy bar? [4]

# Köne Äht

Köne Äht Hudaýyň dünýäni we adamlary nähili ýaradandygy we Özi üçin halky nädip saýlandygy baradadyr. Köne Ähtde ajaýyp wadalar bar, olar diňe Täze Ähtde amala aşýar.

Köne Ähtde kitaplaryň her dürli görnüşleri bar: kanuny kitaplar, taryhy kitaplar, paýhas kitaplary we pygamberleriň kitaplary.

## Töwrat

Birinji 5 kitap Töwrat diýlip atlandyrylýar.

Bu Kitap dünýäniň ýaradylyşyndan Musanyň ölümine çenli — Hudaýyň halkynyň wada berlen ýurdy basyp almaga taýýarlanýan pursadyna çenli döwri öz içine alýar.

Töwrat bize şular barada gürrüň berýär:

1. Hudaý dünýäni ýaratdy.
2. Adamlar günä etdiler.
3. Hudaý ähli adamlary ýok etmek üçin sil goýberdi, ýöne Ol Nuhy we onuň maşgalasyny halas etdi.
4. Hudaý Öz halkynyň atasy bolmak üçin Ybraýymy saýlady, şeýdip, onuň nesilleri Hudaýyň saýlan halky boldy.
5. Hudaý Musa pygamberiň üsti bilen bu halky Müsürdäki gulçulykdan azat etdi.
6. Sinaý dagynda Hudaý olar bilen äht baglaşdy: Ol olaryň Hudaýy bolar, olar bolsa Onuň kanunlaryny berjaý ederler.
7. Hudaýyň halky Hudaýa tabyn bolmandyklary üçin 40 ýyllap çölde ýaşamaly boldy. Şunlukda, 40 ýylyň ahyrynda, Hudaý olary wada berlen ýurduň araçägine getirdi.
8. Musa täze nesillere Hudaýyň kanunyny öwretdi.

Hudaý Ybraýyma ajaýyp wadalar berdi, siz ony Gelip çykyş 12:1–7-de okap bilersiňiz. Mukaddes Kitabyň taryhy Hudaýyň bu wadalary nähili ýerine ýetirýändigi baradadyr. Köne Ähtde olar diňe bölekleýin ýerine ýetirilýär.

Hudaý Ybraýyma näme berdi? [5]

## Hudaýyň Halkynyň Taryhy Kitaplary: Ýeşuwadan Estere Çenli

Taryhy kitaplar 12 kitapdan ybarat bolup, olar wada berlen ýurtda Hudaýyň halkynyň taryhy baradadyr.

Hudaý olara ýolbaşçylyk etmek üçin baştutanlar we patyşalar belledi, emma olardan köpüsi Hudaýa tabyn bolmazlygy saýladylar. Iň beýik patyşalar Dawut we onuň ogly Süleýmandy. Olaryň patyşalyk eden döwründe

Ybraýyma berlen ähli wadalar amala aşan ýaly görünýärdi. Emma soňra biz Hudaýyň halkynyň Hudaýa tabyn bolman, başga hudaýlara sežde edendiklerini görýäris.

Ahyrsoňy Hudaý olary başga ýurda kowdy. 70 ýyldan soňra Hudaýyň halkynyň käbiri wada berlen ýurda dolanyp geldi.

Kimler iň beýik patyşalar bolupdyr? [6]

Näme üçin Hudaý Öz halkyny başga ýurda kowdy? [7]

## Paýhas Kitaplary

Bu 5 kitapdan ybarat: **Eýýup, Zebur, Süleýmanyň pähimleri, Süleýmanyň wagyzlary, Süleýmanyň Nagmalar nagmasy.**

Bu kitaplarda imanlylaryň durmuşy barada paýhasly taglymatlar ýygnalan. Olar bize akyl-paýhas bilen nähili üstünlikli ýaşamalydygyny öwredýär.

Zeburdaky mezmurlar sežde aýdymlarynyň we Hudaýa doga-dilegleriň ýygyndysydyr. Biz olary öz seždelerimizde we doga-dileglerimizde ulanyp bilýäris!

Bu 5 kitap näme öwredýär? [8]

Zeburyň näme peýdasy bar? [9]

## Pygamberleriň kitaplary

Köne Ähtiň galan beýleki 17 kitaby — **pygamberleriň kitaplarydyr**. Pygamberler Hudaýyň habarçylary bolupdyrlar.

Pygamberleriň kitaplaryna düşünmek üçin bize taryhy kitaplary bilmek gerek. Olaryň näme ýazandyklaryna düşünmek üçin, biz olaryň haçan ýazandyklaryny bilmeli:

1. Pygamberleriň käbirileri Ysraýyl patyşalarynyň hököm süren döwründe ýazypdyrlar. Olar Hudaýyň halkyna, eger olar Hudaýa dolanmasalar, Hudaýyň olary jezalandyrjakdygyny **duýdurypdyrlar**.

2. Käbir pygamberler kitaplaryny sürgün bolan döwründe ýazypdyrlar. Olar Hudaýyň halkyna Hudaýyň olardan hemişelik ýüz öwürmändigini aýdyp **teselli beripdirler**.

3. Pygamberleriň käbirleri sürgünden öýüne dolanyp gelenlerinden soň ýazypdyrlar. Olar Hudaýyň halkyny Onuň olardan utanjy aýyrjakdygy baradaky wadalar bilen **ruhlandyrypdyrlar**.

Pygamberleriň üsti bilen Hudaý Öz halkyna duýdurdy, teselli berdi we ruhlandyrdy.

Pygamberleriň kitaplaryna düşünmek üçin siz nämeler bilmeli? [10]

Pygamberleriň üsti bilen Hudaý haýsy 3 zady ýerine ýetirýär? [11]

# Täze Äht

Täze Ähtde biz — älem-jahany Ýaradan Hudaýyň biziň dünýämize nähili girendigi we ajaýyp kämil adama öwrülendigi barada okaýarys. Isa — Hudaýyň wada beren Patyşasy, gutulyş getirýän Mesihdir. Täze Ähtde Köne Ähtdäki ähli wadalar amala aşýar.

Başga sözler bilen aýtsak, Mukaddes Kitapda diňe bir gahryman bar: Ol — Isa Mesihdir.

Isa bizi Hudaýdan aýra salýan günä meselesi üçin Hudaýyň çözgüdi boldy.

Mukaddes Kitabyň baş gahrymany kim? [12]

Täze Ähtde hem kitaplaryň her dürli görnüşleri bar.

## Hoş Habarlar we Resullaryň Işleri

Ilkibaşda taryhy kitaplar gelýär.

**Hoş Habarlar:** Ilkinji 4 kitap Isanyň durmuşy barada gürrüň berýär (olar Hoş Habarlar ýa-da Injil diýlip atlandyrylýar). Onuň durmuşynyň beýanyny 4 adam ýazdy: **Matta, Mark, Luka, Ýohanna.**

Soňra **Resullaryň işleri** kitaby gelýär. Bu kitap Luka tarapyndan ýazylan. Bu Hudaýyň täze maşgalasy baradaky hekaýat bolup, ýygnagy aňladýar. Bu Kitap Mesih baradaky Hoş Habaryň köp ýurtlara nähili ýaýrandygy barada gürrüň berýär.

Täze Ähtde näçe taryhy kitaplar bar? [13]

Mesihiň şägirtleriniň işleri baradaky (Resullaryň işleri) kitaby kim ýazdy? [14]

## Hatlar

Resullaryň işleri kitabyndan soňra, Hoş Habary öwretmek, ýygnaklary ruhlandyrmak we ýola getirmek üçin Petrus, Ýohanna, Pawlus we beýleki resullar tarapyndan ýazylan 21 hat bar.

Hatlary kimler ýazdylar? [15]

## Aýanlyk

Mukaddes Kitabyň soňky kitaby — **Aýanlyk** kitabydyr. Bu Ýohannanyň aýanlygy bolup, bize Isanyň günäni, ölümi we şeýtany ýeňendigini görkezýär! **Hudaý we Onuň halky** Täze Ülkede hemişelik bile ýaşarlar! Bu Hudaýyň Ybraýyma beren wadasynyň doly amala aşmagydyr.

Taryhyň ahyrynda kimler bile ýaşarlar? [16]

## Amaly Ýumuş

Eger siz öň şeýle etmedik bolsaňyz, her gün Mukaddes Kitapdan bir bölek (birnäçe aýatlar) okaň. Özüňize şu aşakdaky soraglary beriň:

1. Bu ýerde Hudaý (Ata, Ogul, Mukaddes Ruh) barada näme ýazylan?
2. Bu ýerde adamlar barada näme ýazylan?
3. Bu ýerde tabyn bolmaga buýruk, bize duýduryş ýa-da eýermäge gowy görelde barmy?
4. Hudaý bu parçadan bize näme öwredýär?
5. Men muny kim bilen paýlaşyp bilerin?

Öz jogaplaryňyzy depdere ýazyň.

## Jogaplary

1 – 66.
2 – Köne Äht we Täze Äht.
3 – Äht ylalaşygy aňladýar.
4 – Öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin.
5 – Ajaýyp wadalar.
6 – Dawut we onuň ogly Süleýman.
7 – Hudaýyň halky Hudaýa tabyn bolman, başga hudaýlara sežde etdiler.
8 – Akyl-paýhas arkaly nähili üstünlikli ýaşamagy öwredýär.
9 – Biz olary öz seždelerimizde we doga-dileglerimizde ulanyp bilýäris!
10 – Biz olaryň haçan ýazylandygyny bilmeli.
11 – Pygamberleriň üsti bilen Hudaý duýdurdy, teselli berdi we ruhlandyrdy.
12 – Isa Mesih.
13 – 5.
14 – Luka.
15 – Petrus, Ýohanna, Pawlus we beýleki resullar.
16 – Hudaý we Onuň halky.

# 2-nji Sapak:
# Owal-Başda



**Gelip Çykyş 1:1–2:15-i** okaň (Gelip çykyş kitabyň birinji bapdan, ikinji babyñ on bäşinji aýadyna çenli).

## Üçbirlik

**Gelip çykyş 1:1:** *Başda Hudaý gögi we ýeri ýaratdy.*

Hudaý gögi we ýeri ýaratmazdan öň näme bardy? [1]

**Gelip çykyş 1:3:** *Hudaý:* “*Ýagtylyk bolsun!*” *diýdi. Ýagtylyk peýda boldy.*

Hudaý dünýäni nähili ýaratdy? [2]

**Ýohanna 1:1–3-i** okaň. *Owal-başda Söz bardy, Söz Hudaý bilendi, Söz Hudaýyň Özüdi. Owal-başda Ol Hudaý bilendi. Tutuş barlyk Söz arkaly ýaradyldy ...*

Başda Hudaý bilen kim bardy? [3]

**Ýohanna 1:14–17-ni** okaň.

“Söz” kim? [4]

**Gelip çykyş 1:2:** *Dünýä şekilsiz boşlukdy, suwlaryň ýüzi tüm-garaňkylyk bilen örtülendi. Suwuň ýüzünde Hudaýyň Ruhy perwaz urýardy.*

Suwuň ýüzünde Kimiň ruhy perwaz urýardy? [5]

Şonuň üçin Mukaddes Kitabyň ilkinji babynda biz Üçbirligi görýäris: Hudaý, Ogul (Söz) we Mukaddes Ruh

**Gelip çykyş 1:26–27-ni** okaň. Hudaýyň “*Öz keşbimizde* we *Özümize* meňzeş” diýip aýtmagy örän gyzyklydyr.

Bu bize Hudaýyň birdigini, ýöne şol bir hatarda ýeke däldigini görkezýär.

**Kanun taglymaty 6:4-i** okaň. Hudaý — ýeke-täk Hudaýdyr.

Biz näçe hudaýa sežde edýäris? [6]

Biz üç hudaýa sežde etmeýäris, ýöne biz ýeke-täk Hudaýymyzyň — üç şahsyýetiniň bardygyny bilýäris. Bir Hudaýyň üç şahsyýeti bolup, olar biri-birini örän söýýärler.

Bu romantik söýgi däl-de, eýsem başgalary begendirýän hemişelik ajaýyp söýgidir.

Hudaý söýgüdir (1 Ýohanna 4:8). Söýmek üçin size kimdir biriniň bolmagy gerek. Eger hiç kimi söýmeseňiz, söýgini datmak mümkin däldir! Heniz dünýä ýaradylmazdan öň, Ata, Ogul, Mukaddes Ruh biri-birini örän söýüpdiler.

**Kanun taglymaty 6:5-i** okaň. Hudaý Öz halkyna näme etmegi buýurýar? [7]

Hudaý bize dünýäni ýaratmazdan öň näme eden bolsa şony etmegimizi buýurýar! Hudaý bizi Özüni we adamlary söýmek üçin ýaratdy.

Biz Üçbirligi Köne we Täze Ähtde görýäris. Meselem:

- Gelip çykyş 18–19-njy baplarda: Hudaý gökde we ýerde ýerleşýär. Elbetde, Ata Hudaý henizem göklerde ýerleşýär, ýöne muňa garamazdan biz Hudaýyň ýerde ynsanyň ynsan bilen gürleşişi ýaly, Ybraýym bilen gürleşýändigini görýäris. Bu nädip beýle bolýar? Biz Hudaýyň birdigine, emma biriň içinde üçdigine düşünenimizde, bu aýdyň bolýar.

- Ýohanna 14:16–17-de Isa Ata Hudaýdan şägirtleri üçin Mukaddes Ruhy ibermegi sorajakdygyny aýdýar.

Biz Mukaddes Kitapda Üçbirlige ilkinji gezek haçan duşýarys? [8]

# Adamlar Hudaý bilen gatnaşyk saklamak üçin ýaradylan

**Gelip çykyş 1:26–27-ni** okaň. Biz haýwanlardan nähili tapawutlanýarys? [9]

Hudaýyň keşbinde ýaradylmak diýlende nämä düşünýäň? [10]

Haýsy adamlar Hudaýyň öňünde mertebä we gymmatlyga eýedir?

Uly ýaşlylarmy? Baý adamlarmy? Örän güýçli adamlarmy? Örän akylly adamlarmy? [11]

Biz Hudaýyň ýaradan hiç bir adamyndan ýüz öwürmeli däl. Biziň borjumyz — adamlary ýaşyna, jynsyna, daşky görnüşine, milletine, diline, ukybyna, baýlygyna we ş.m garamazdan söýmek.

**Aýanlyk 4:11-i** okaň.

Näme üçin biz Hudaýa sežde etmeli? [12]

Biz Hudaýa sežde etmek üçin ýaradylan. Haçanda biz Hudaýa sežde edenimizde, bu bize-de, Hudaýa-da şatlyk getirýär!

# Adamyň Borjy



Hudaý Adam ata bilen How enäni Erem bagynda ýerleşdirdi. Ýöne Hudaý olara tutuş dünýäni berdi!

**Gelip çykyş 1:28-ni** okaň. Hudaý olara näme etmegi buýurdy? [13]

Bu nämäni aňladýar? Hudaý olardan näme etmeklerini isledi? [14]

Näme üçin Adam ata haýwanlaryň üstünden höküm sürmeli boldy? Haýwanlaryň nähili peýdasy bar? [15]

Hudaý olara ýeri saklamak üçin ýa-da edil muzeýdäki ýaly hiç zady ellemezlikleri üçin bermedi. Hudaý olara ýeri ulanmak, özlerine täze bir zat açmak, dünýäni has ajaýyp etmek üçin berdi.

Adam ata we How ene, **Hudaýyň ýolbaşçylygy astynda dünýäni dolandyrmak üçin**, Hudaýyň keşbinde ýaradyldylar.

**Gelip çykyş 2:9-y** okaň. Hudaý näme üçin köp agaçlary ýaratdy? [16]

**Gelip çykyş 2:10–14-i** okaň. Hudaý näme üçin Adam ata bilen How enäni derýanyň kenarynda ýerleşdirdi? [17]

Deňizleriň we derýalaryň kenarynda çäge bar. Hudaý näme üçin bize çäge berdi? [18]

**Gelip çykyş 2:12-i** okaň. Hudaý adamlaryň ulanmaklary üçin nähili gowy zatlary ýaratdy? [19]

Hudaý ýerde näme üçin bize gymmatbaha daşlary we altyny berdi? [20]

**Gelip çykyş 2:15-i** okaň. Adam ata näme etmek gerekdi [21]

Işlemek biziň üçin gowy! Eger kimdir biriniň işi ýok bolsa, bu erbet, sebäbi ol bütin gün işsiz oturmaly bolýar.

Hudaý adamlaryň özlerini eklär ýaly diňe bir iýmit öndürmeklerini islemän, Hudaý biziň bu dünýäde lezzet almagymyzy hem isleýär. Biz Hudaýyň ýaradan dünýäsinden has köp lezzet alyp bilerimiz ýaly näme edip bileris? [22]

Biz dünýäniň mundan hem has owadan bolmagy üçin nämedir bir zat edenimizde, Hudaýa şöhrat getirýäris. Ýöne dünýäniň owadan bolmazlygy üçin nämedir bir zat etsek, biz Hudaýa sarpa goýmaýarys. Meselem: ýere zir-zibil zyňsak.

### Siz öz durmuşyňyz bilen Hudaýy nähili şöhratlandyrýarsyňyz?

## Jogaplary

1 – Hiç zat ýokdy, emma ol ýerde Hudaý hemişe bardy.
2 – Ol aýtdy, amala aşdy, Ol Söz bilen ýaratdy.
3 – Başda Hudaý bilen Söz bardy.
4 – Isa.
5 – Hudaýyň Ruhy.
6 – Bir!
7 – Öz baky Hudaýyňy tutuş ýüregiň bilen, bütin kalbyň bilen, ähli güýjüň bilen söý.
8 – Birinji bapda.
9 – Biz Hudaýa meňzeşdigimiz bilen tapawutlanýarys.
10 – Biz gepläp, söýüp, ýazyp, geljek üçin meýilnamalar düzüp bilýäris we iň esasy hem Hudaý bilen aragatnaşykda bolup bilýäris.
11 – Hudaýyň keşbi hökmünde her bir adam mertebä we ähmiýete eýe bolýar, hatda kiçi çagalar we maýyplar hem.
12 – Ol hemme zady ýaratdy.
13 – Olaryň borjy: Örňäp, köpelip, ýer ýüzüni doldurmak we oňa eýeçilik etmek.
14 – Hudaý olaryň:
- dünýäni çagalardan doldurmaklaryny isledi;
- miweli agaçlary, hoz agaçlaryny, bakja önümlerini, şaly, bugdaý we ş.m ekmeklerini isledi;
- şeýle hem kofe, şokolad, melhemleri oýlap tapmaklaryny isledi.

15 – Olar süýt we ýumurtga berýärler;
geýim we ýorgan üçin ýüň berýärler;
olar meýdanlarda azal sürmek üçin gerek;
olar zatlarymyzy daşamak üçin arabalary çekýärler;
olar syýahat etmek üçin gerek (ylaýtada atlar);
olar gurban bermek üçin gerek (Gelip çykyş 4:4);
soňra bolsa, olar iýmit üçin gerek (9:3 — Hudaý Nuha onuň et iýip biljekdigini aýtdy).
16 – Süýji miweleri bermek üçin;
bize ot ýakmaga odun üçin;
biziň öý gurup bilmegimiz üçin;
biziň mebel we saz gurallaryny ýasap bilmegimiz üçin.
Biz agaçlara seredenimizde, ýakymly lezzet almagymyz üçin gerek, aýratyn hem güýzde, ýapraklaryň reňki üýtgände.
17 – Olarda içmäge we ýuwunmaga arassa suwuň bolmagy üçin.
Olaryň syýahat edip bilmekleri üçin, sebäbi başda ýol bolmandyr.
Erem bagy türme däldi.

18 – Biziň çägeden köşk gurup bilmegimiz üçin!
Biziň aýna, çüýşe ýasap bilmegimiz üçin;
biziň telefona we kompýutere çip ýasamagymyz üçin gerek.
19 – Altyn, ýakymly ysly şepbik, oniks/agat daşy.
20 – Adamlar özlerini bezäp bilerleri ýaly;
erkekler aýalyna öz söýgüsini görkezip bilerleri ýaly;
biziň pulumyz bolar ýaly;
bir gün biziň kompýuter we telefon ýasap bilerimiz ýaly.
Bir gün olar gökdäki Ybadathananyň keşbi boljak ybadathanany bezäp bilerleri ýaly (Aýanlyk 21:18–20).
21 – Bagy bejermek we ol barada alada etmek.
22 – Haçanda biz süýji nahar bişirenimizde;
Haçanda biz mätäçlik çekýän adamlara myhmansöýerlik görkezip bilerimiz ýaly öýümizi gelşikli we rahat edenimizde;
haçanda adamlar täze zatlary oýlap tapanlarynda Hudaýa örän ýaraýar.
Sizde başga nähili pikirler bar?

## 3-nji Sapak

# Günä



## Erem Bagy

**Gelip Çykyş 3:1–24-i** okaň.

Ýylan sypatyna giren şeýtan Howa näme diýdi? (3:1, 4–5-nji aýatlar) [1]

Ol “Hudaý hakykaty aýtmaýar we Hudaý rehimli däl” diýen pikiri aýdýar.

Şeýtan hakykaty aýtdymy? [2]

Adam we How eýýäm Hudaýa meňzeşdiler we Hudaýyň keşbinde ýaradylandylar!

Indi bolsa Hudaýyň keşbinde ýaradylmadyk bir jandar olar bilen gürleşýär. Ol olara özüniň aýdanlaryny ýerine ýetirseler, Hudaý ýaly boljakdyklaryny aýdýar!

Eger Adam günä etmedik bolsa näme bolardy? (3:24-nji aýat) [3]

Şeýtanyň aýdýan zady barada bilmeklik olar üçin gowy boldumy? Bu olary bagtly etdimi? 7-nji aýatda olar nämä göz ýetirdiler? [4]

Hudaý 2:15-de Adama näme iş tabşyrdy? [5]

Şeýlelikde, ýylan olar bilen gepleşip başlanda, olar näme etmelidiler? [6]

Adam bilen How Hudaýdan ýüz öwürdiler. Hudaý olaryň bagtly bolmaklary üçin gerekli ähli zady beripdi. Emma bu olar üçin ýeterlik bolmady. Olar öz durmuşyny dolandyrar ýaly, Hudaýa derek özleri bolmak islediler.

Bu nähili elhenç! Ýöne biz hem şeýle edýäris. Biz Hudaýa gulak asman, şeýtana gulak asanymyzda, Hudaýy ynjydýarys.

Biz özümizi Hudaýyň dolandyrmagyny islemeýäris. Biz öz isleýşimiz ýaly ýaşamak isleýäris. Biz Hudaýyň gaharyny getirýäris.

Biz Adam bilen Howa nähili meňzeş? [7]

# Olaryň Günäsiniň 5 Netijesi

## 1. Olar Utandylar.

**Gelip çykyş 3:7:** Adam we How günä edenlerinde, olar özleriniň örän erbet zat edendiklerine düşündiler. Olar näme etdiler? [8]

Öň olar bagtlydylar. Indi olar özlerinden utanýarlar we özlerini söýmeýärler.

## 2. Günä Olaryň Biri-Biri Bilen Gatnaşyklaryny Bozdy.

**Gelip çykyş 3:12:** Adam näme etdi? [9]

**Gelip çykyş 3:16:** Indi Adam bilen Howyň biri-birine garşy gatnaşygy nähili bolar? [10]

Gynansak-da bu düzgün gaty aňsat zalym we egoistik bolup biler. Ýöne maşgala durmuşy babatda Hudaýyň meýilnamasy beýle däldi.

## 3. Hudaý Topragy Näletledi.

**Gelip çykyş 3:17–18:** Olaryň günäsi iýmit ösdürip ýetişdirmeklige nähili täsir eder? [11]

## 4. Günä Agyry we Ölüm Getirdi.

**Gelip çykyş 3:16–19:** Indi olaryň durmuşy nähili üýtgär? [12]

Emma Hudaý rehimdar — olar şobada ölmezler. Adamlary halas etmek babatda Hudaýyň meýilnamasy bar!

## 5. Günä Olaryň Hudaý Bilen Gatnaşygyny Bozdy.

**Gelip çykyş 3:8:** Olar häzir Hudaý bilen gepleşmek isleýärmikäler? [13]

**Gelip çykyş 3:21:** Hudaý olary dessine kowmaýar. Ilki Ol näme etdi? [14]

Hudaý adamlaryň günäsini we utanjyny aýyrmak üçin olaryň ýanyna barýar. Hudaý bilen ýaraşyk hemişe Hudaýyň eden ilkinji söýgi hereketlerinden başlanýar. Munda haýwanyň ölüminiň bolandygyna üns beriň. Adamlaryň Hudaý bilen gatnaşygyny täzeden dikeltmek üçin, nämedir bir zat ölmelidi.

**Gelip çykyş 3:23:** Hudaý näme etdi? [15]

Olar mundan beýläk Hudaý bilen ýaşap bilmediler. Günä olary Hudaýdan hemişelik aýra saldy.

Günäniň nähili 5 netijesi bar? [16]

1.

2.

3.

4.

5.

Günä hemme zady zaýalaýar. Günä dowzaha eltýär. Ýöne bu taryhyň soňy däl!

# Birinji we ikinji Adam

Bu taryhyň ortasynda Hudaý bize umyt berýär.

**Gelip çykyş 3:15:** Howyň nesli näme eder? [17]

Bu nämäni aňladýar? [18]

Köne Ähtiň galan bölegi bize bu Adamyň kim boljakdygy barada aýdýar, Täze Äht bolsa bu ikinji Adamyň kimdigini äşgär edýär.

**1-nji Korintoslylar 15:21–22:** “*Çünki ölümiň bu dünýä adam arkaly gelşi ýaly, ölümden direliş-de adam arkaly gelýändir. Adam atanyň nesilleriniň ählisi ölýär. Şunuň ýaly, Isa Mesihe degişli bolanlaryň-da ählisi ýaşaýşa gowşar*”.

Ikinji Adam kim? [19]

Ölüm bize nähili geldi? [20]

Biz nähili ýaşaýarys? [21]

Eger biz günä etsek, biz ölüme mynasyp bolýarys. Biziň ebedilik ýaşap bilerimiz ýaly, Isa biziň ýerimize ölmek üçin geldi! **(Ýohanna 3:16)**

## Gündelik meseleler

Öz günämizi görmek gaty kyn. Her gün Hudaýdan günälerimizi görkezmegini soramak möhümdir. Şeýdip, biz Hudaýyň göwnünden turýan durmuşda ýaşap bileris.

**Zebur 138:23–24:** *Eý, Hudaý, meni barla-da, ýüregimi bil! Meni syna-da, pikirlerimi bil! Gör, men erbet ýoldan barýan bolmaýyn, ebedilik ýoluna meni ugrukdyr.*

## *Goşmaça:* Eýsem Şeýtan We Erbetlik Nireden Peýda Boldy?

**Gelip çykyş 1:31:** Hudaý Öz ýaradan ähli zatlary barada näme diýdi? [22]

**Kolosiýalylar 1:15–16:** Bu aýatlar Isa barada aýdýar. Ol näme ýaratdy? [23]

Ruhlary kim ýaratdy? [24]

Biz Hudaýyň ýaradan zatlaryndan däl-de, Ýaradyjynyň Özünden gorkmaly!

Şeýtan (iblisiň ady) we erbetlik nireden peýda boldy? Hudaý hemişe gulak asmaga, Özüne tabyn bolmaga ýa-da bolmazlyga saýlaw berýär. Eger Ol bize saýlaw bermedik bolsady, biz Ony söýüp bilmezdik. Biz ýöne bir robotlar ýaly bolardyk.

**Aýanlyk 12:7–9:** Mikaýyl kim? (Ýahudanyň haty 1:9) [25]

Aždarha kim? [26]

Başda näme bolup geçdi? [27]

Hudaýa garşy baş galdyran perişdeler, soňra arwah-jynlara öwrüldiler. Emma Hudaýa garşy baş galdyrmadyk perişdeler henizem Hudaýa we Hudaýyň halkyna hyzmat edýärler (Ýewreýler 1:14).

Haçanda Isa ölüp, ölümden direlende, Ol şeýtany ýeňdi. Emma şeýtan henize çenli Hudaýa we Onuň halkyna garşy göreşip gelýär. Biziň berk durmagymyz üçin, Hudaý bize gerekli ähli goragy berdi (Efesliler 6:10–18). Biz her gün Hudaýyň goragyny dakynmaly we Hudaýyň bize berýän ýaraglaryny ulanmaly!

**Aýanlyk 20:10:** Haçanda Isa yzyna dolanyp gelende, Ol şeýtany näme eder? [28]

Şondan soň günä bolmaz! Biz hiç hili erbetlik bolmadyk Täze Ülkede Isa bilen ebedilik bile ýaşarys!

### Bu gün siz nämeden toba etmeli?

## Jogaplary

1 – **3:1:** *Dogrudanam, Hudaý size bagdaky agaçlaryň hiç birinden iýmäň diýdimi?*
**3:4–5:** *Ýok, ýok! Ölmersiňiz. Şol agajyň miwesinden dadan günüňiz, Hudaý siziň gözüňiziň açyljakdygyny we edil Hudaý kimin boljakdygyňyzy hem-de ýagşyny-ýamany saýgarjakdygyňyzy bilýär.*
2 – Ýok!
3 – Olar ýaşaýyş agajynyň miwesinden iýmegi dowam ederdiler. Şonda olar ebedilik ýaşardylar.
4 – Olar özleriniň ýalaňaçdyklaryny bildiler. Muny bilmeklik olara gaty gymmat baha düşdi. Olar Hudaýdan uzaklaşdylar we bu olary betbagt etdi.
5 – Hudaý ony bagy bejermek we onuň aladasyny etmek üçin Erem bagynda ýerleşdirdi.
6 – Baga seretmek üçin olar ýylany öldürmelidiler, hiç bolmanda ony bagdan kowup çykarmalydylar.
7 – Haçanda biz Hudaýa gulak asman, şeýtana gulak asanymyzda, Hudaýy ynjydýarys. Biz Hudaýyň bizi dolandyrmagyny islemeýäris. Biz öz isleýşimiz ýaly ýaşamak isleýäris.
8 – Olar özleriniň ýalaňaçdyklaryna düşündiler; şonda olar injir agajynyň ýapraklaryndan özlerine örtgi ýasadylar.
9 – Ol (*Seniň maňa beren aýalyň* iýdirdi diýmek bilen) Hudaýy we Howy günäkärledi — “bu meniň günäm däl — bu onuň günäsi”.
10 – Indi maşgalany kimiň dolandyrjakdygy ugrunda göreş bolar. Aýal äriniň maşgala dolandyryşyndan nägile bolar.
11 – Indi işlemek kyn bolar. Miweleri we bakja önümlerini ösdürip ýetişdirmek örän agyr bolar.
12 – Olar agyry çekýärler. Olar ölerler. Olar indi ebedilik ýaşamazlar.
13 – Ýok, olar Hudaýdan gizlendiler.
14 – Ol günäsiz bir haýwany öldürmek bilen olaryň masgaraçylygynyň üstüni örtdi.
15 – Hudaý Adam bilen Howy Erem bagyndan kowdy.
16 – 1) Olar utandylar.
2) Günä olaryň biri-biri bilen gatnaşyklaryny bozdy.
3) Hudaý topragy näletledi.
4) Günä agyry we ölüm getirdi.
5) Günä olaryň Hudaý bilen gatnaşygyny bozdy.
17 – Ol şeýtanyň kellesini owradar.
18 – Hudaý şeýtany ýeňjek Birini iberer!
19 – Isa Mesih.
20 – Adamyň üsti bilen.
21 – Eger biz Isa bilen bagly bolsak.
22 – Hudaýyň ýaradan ähli zatlary örän gowudy.
23 – Görünýän we görünmeýän ähli zatlary.
24 – Isa.
25 – Baş perişde.
26 – Şeýtan.
27 – Jennetde uruş boldy. Mikaýyl we onuň perişdeleri şeýtana onuň kömekçilerine garşy söweşdi. Şeýtan we onuň kömekçileri jennetden kowuldy.
28 – Ol şeýtany dowzaha zyňar.

## 4-nji Sapak:

# Hudaý Ýamanlygy Ýazgarýar



Biz bazardan satyn alnan çüýrük miweleri näme edýäris? [1]

Biz edil çüýrük miweler ýaly! Biziň içimiziň çüýrükdigi daşymyzdan görünmeýär. Daşdan biz gowy ýaly görünýäris. Emma Hudaý hemme adamlaryň zaýalanandygyny görýär. Hudaý biziň ýüregimizi bilýär!

Gelip çykyş 6:5–22-ni okaň.

**Gelip çykyş 1:31:** Hudaý Öz ýaradan ähli zatlary barada näme pikir etdi? [2]

**Gelip çykyş 6:6:** Hudaý ähli zat barada häzir näme pikir edýär? [3]

Hemme adamlar rehimsiz boldular. Hudaý näme etmeli? [4]

Ol muny nähili edýär? [5]

Emma Hudaý diňe bir mukaddes däl-de, eýsem Ol söýýän Hudaýdyr. Hudaý dünýäni höküm etmeli, ýöne Ol hemme adamlaryň ölmegini islemeýär.

**Gelip çykyş 3:15:** Hudaý kimi ibermegi söz berdi? [6]

Şeýtany ýeňmek üçin adamlar Hudaýyň meýilnamasynyň bir bölegi boldular!

**Gelip çykyş 6:8:** Hudaý kimi halas etmegi ýüregine düwdi? [7]

**Gelip çykyş 6:14:** Hudaý Nuha näme etmegi buýurdy? [8]

**Gelip çykyş 6:18–19:** Kim halas ediler? [9]

Bu gaýyk däl-de, 3000 adam ýerleşip bilýän laýner gämisi ýalydy!

Haçanda Nuh adamlara siliň geljekdigi barada aýdanda, olar onuň üstünden güldiler. Olar onuň ýöne bir aklyndan azaşandygyny aýtdylar!

Emma netijede olara näme boldy? [10]

Eýsem bu biziň günä meselämizi çözdimi? [11]

**Gelip çykyş 8:20–22-ni** okaň.

Silden soň Nuh näme etdi? [12]

Hudaý nähili wada berdi? [13]

**Gelip çykyş 9:12–16-ny** okaň.

Hudaýyň baglaşan bu ähtiniň nyşany näme bolar? [14]

Hudaýyň Nuha beren ajaýyp wadasy bize diňe saýlananlar üçin däl-de, BÜTIN adamzat üçin Hudaýyň merhemedini görkezýär. Hudaý hiç kimiň heläk bolmagyny islemeýär. Hudaýyň söýgüsi hemmeler üçindir!

Biz her gezek asmanda älemgoşar görenimizde, Hudaýyň Öz Ýaradylyşyna ajaýyp wepadarlygyny ýatlap bileris.

# Täze Äht

Hudaý adamlar barada bu gün näme diýýär?

**Rimliler 3:10–18** [15]

**Rimliler 3:23** [16]

Hemmeler günä etdiler, hemmeler ýoldan çykdylar. Hudaý ähli erbet miweleri zyňmak üçin dünýäni hököm etmäge gelýär.

Mattanyň Hoş Habarynyň 25-nji babynda Isa Mesih (ýagny, Ynsan Ogly) bu barada şeýle diýýär:

**Matta 25:31–32:** *Ynsan Ogly Öz şan-şöhratyna beslenip, ähli perişdeleri bilen geler-de, şöhratly tagtynda oturar. Ähli milletler Onuň huzuryna ýygnanarlar, çopanyň goýunlary geçilerden saýlaýşy ýaly, Ol hem olary biri-birinden saýlar.*

**Mattanyň Hoş Habary 25:41-däki** erbet adamlara Ol näme diýer? [17]

Isanyň höküm ediş zamany gaty gorkunç bolar!

Köne Ähtde Nuh Hudaýyň höküminden nädip halas boldy? [18]

Gämi Isa ýalydyr. Hudaýyň höküminden gaçmak üçin Isa biziň ýeke-täk çykalgamyzdyr. Biz bütinleý erbetdiris. Hudaý bütinleý gowudyr. Biziň bar etmeli zadymyz: gämä girmekdir! Bize Isa iman etmek gerek, ýagny Onuň ölümi biziň günälerimiz üçin töleg boldy.

Edil adamlaryň Nuhuň üstünden gülüşleri ýaly, bu gün adamlar biziň üstümizden hem gülýärler.

Hudaý bize nähili tabşyryk berdi? [19]

## Bu günki sapakda Hudaý saňa näme diýdi?

## Bu sapagy sen kim bilen paýlaşyp bilersiň?

## Sende toba etmegiň üçin günä barmy?

# Öý işi

Indiki sapakdan öň Gelip çykyş 6–9-njy baplary we 11:1–9-y okaň.

# Jogaplary

1 – Biz olary zyňýarys!
2 – Hemme zadyň gowudygyny aýtdy — Hudaý bagtlydy.
3 – Hudaýyň ýüregi ynjaýar.
4 – Olary ýok ediň (erbet miweler ýaly olary taşlaň)!
5 – Äpet sil almasy bilen.
6 – Şeýtany ýeňip biljek Birini.
7 – Hudaý Nuhy saýlady.
8 – Gämi gurmagy.
9 – Nuh bilen onuň maşgalasy we haýwanlaryň her görnüşinden bir jübüti.
10 – Olaryň hemmesi öldüler.
11 – Ýok.
12 – Nuh Hudaýa minnetdarlyk gurbanlygyny berdi.
13 – Hudaý mundan beýläk hiç haçan ýeri sil bilen heläk etmejekdigine wada berdi.
14 – Älemgoşar!
15 – Hiç bir dogry adam ýok.
16 – Hemmeler günä etdiler.
17 – Ol olaryň dowzaha düşjekdiklerini aýdýar.
18 – Nuh Hudaýa tabyn boldy we gämä mündi.
19 – Biziň wezipämiz — adamlaryň näme pikir etjekdigi barada düşünmän, olary Hudaýyň öňünde toba etmäge çagyrmak we olary gämä mündürmekdir (bu Isany kabul etmegi aňladýar).

# 5-nji Sapak:
# Ybraýyma Berlen Wada



Nuhuň nesilleri Hudaýy ýatdan çykardylar. Olar başga hudaýlara sežde etdiler.

Ýüzlerçe ýyllar geçdi we Hudaý Öz halkynyň atasy bolmak üçin Ybraýymy saýlady.

## Üç wada

**Gelip Çykyş 12:1–7-ni** okaň

Hudaý Ybraýyma nähili üç wada berdi? [1]

### 1. Ýalkanyş

**Gelip çykyş 3:16–19:** Hudaýyň ýaradan dünýäsine näme boldy? [2]

**Gelip çykyş 12:3:** Hudaý Özüniň mundan beýläk näme etjekdigini aýdýar? [3]

Biziň alyp biljek iň beýik ýalkanyşymyz näme? [4]

### 2. Halk

**Gelip çykyş 21:5:** Aýaly Sara Yshagy dogranynda, Ybraýym näçe ýaşyndady? [5]

Onuň dogluşy gudratly boldy! Hudaý Yshagyň üýtgeşik oguldygyny görkezmek isledi.

**Gelip çykyş 12:2:** Näme üçin Yshak üýtgeşik ogul boldy? [6]

## *Goşmaça*



Hudaý Ybraýymyň hakykatdanam Oňa bil baglaýandygyny görmek üçin oňa elhenç synag berdi. **Gelip çykyş 22:1–18-i** okaň.

Hudaý Ybraýyma özüniň ýeke-täk ogluny gurbanlyk etmegini sorady. Ybraýym üçin bu manysyzdy, sebäbi hut şu ogul arkaly Hudaý bütin dünýäni ýalkamakçydy! Emma muňa garamazdan, Ybraýym Hudaýyň öňkisi ýaly Öz wadasynda durjakdygyna iman edip, Hudaýa boýun egdi.

Ybraýym Yshagy gurbanlyk bermekçi bolanda, Rebbiň perişdesi ony saklady we ogluna derek gurbanlyk etmek üçin oňa goç berdi.

Adamyň ölümine derek haýwany gurban edip boljakdygy barada biz Hudaýyň öňden pikir edendigini görýäris. Emma Täze Ähtde biziň ýerimize ölmegi üçin Hudaý Öz Ogluny gurbanlyk berýär. Onuň ornuny tutar ýaly haýwan ýokdy. Biziň günälerimizi ýuwup biljek başga hiç hili gurbanlyklar ýokdy.

**Hudaý Yshagyň üsti bilen Ybraýymyň fiziki we ruhy çagalarynyň bolmagyny meýilleşdirdi.**

**Galatýalylar 3:7-ni** okaň. Täze Ähtde kimler Ybraýymyň nesilleri? [7]

Täze Ýaradylyşda kimler Hudaýyň halkyna goşular? **(Aýanlyk 7:9)** [8]

## 3. Ýer

**Gelip çykyş 17:8:** Hudaý Ybraýymyň nesillerine nähili ýer berer? [9]




Emma Ybraýym Kengan ýurdunyň ýerlerine hiç haçan eýe bolup bilmedi. Bu 23-nji baba çenli başa barmady, ýagny ol diňe aýaly Sarany jaýlamak üçin ol ýerden bir bölek ýer satyn aldy. Bu 500 ýyla çekdi, şondan soň Hudaý bu ýeri Öz halkyna mülk edip berdi.

**Ýewreýler 11:8–10:** Ybraýym haýsy ugurdan imanyň ajaýyp göreldesi bolup durýar? [10]

Emma...

**Gelip çykyş 46:6:** Üç nesilden soň, Ybraýymyň nesilleri nirede ýaşamaga gitdiler? [11]

**Müsürden çykyş 2:23:** Hudaýyň halkyna näme boldy? [12]

Hudaýyň wadalaryny ýerine ýetireri ýaly halka halasgär gerekdi.

Mukaddes Kitabyň galan bölegi Hudaýyň Öz wadalaryny nähili amala aşyrandygy baradadyr:

Köne Ähtde biz Hudaýyň Ybraýyma beren Öz wadalaryny nähili amala aşyryp başlandygy barada okaýarys.

Täze Ähtde biz bu wadalary amala aşyryp biljek adam — Isa barada okaýarys.

Emma bular Isa gaýdyp gelip, bizi Täze Ýaradylyşda Özi bilen ýaşamaga alyp gidende doly amala aşar.

Wada berlen ýer Täze Ýaradylyşyň keşbi boldy (Aýanlyk 22:1–5).

Hudaý Ybraýyma haýsy üç zady wada berdi? [13]

Olar haçan doly amala aşar? [14]

## Öý işi

Hudaýyň Ybraýyma beren wadalaryny nähili ýerine ýetirip başlandygyny görmek üçin Gelip çykyş kitabyny okaň.

### Biz bu sapakda Hudaý barada nämeler öwrendik?

# Jogaplary

1 – Ýalkanyş, halk, ýer.
2 – Ol näletlendi.
3 – Ähli adamlar Ybraýym arkaly pata alarlar!
4 – Hudaý bilen gatnaşyk!
5 – Ybraýym 100 ýaşyndady.
6 – Sebäbi Hudaý öz nesillerini beýik millete öwürmek isledi, ýagny olar Hudaýyň halky boldy.
7 – Isa iman eden adamlar.
8 – Her urugdan, her tireden, her milletden, her dilden bolan halk!
9 – Tutuş Kengan ýurdunyň ýerini.
10 – Ol Hudaýyň Öz wadalaryny wagtynda amala aşyrjakdygyna ynandy. Şeýle hem ol ýerdäki edinjek öýüne garanda, jennetde has gowy öý edinjekdigini bildi.
11 – Müsüre.
12 – Halk gula öwrüldi.
13 – Ýalkanyş, halk, ýer.
14 – Isa gaýdyp gelende we Täze Ýaradylyşda Özi bilen ýaşamak üçin bizi alyp gidende.

6-njy Sapak:

# Hudaýyň Wadalary Ybraýymyň Nesillerine Geçýär



## Yshak

**Gelip çykyş 25:19–34-i** okaň.

Yshak kime öýlendi? (20-nji aýat) [1]

Yshak bilen Rebeka nämede Ybraýym bilen Sara meňzeş bolupdyrlar? (21-nji aýat) [2]

Göwreli Rebekanyň göwresinde göterýän ekizleri barada Hudaý näme diýdi? (23-nji aýat) [3]

## Saýlaw

Mukaddes Kitapda bu uly mesele bolup durýar: Hudaý dünýäni ýaratmazdan ozal imanlylary Öz ruhy çagalary bolmagyny öňünden kesgitledi!

Täze Ähtde Pawlus mundan hem has öňe geçýär. **Efesliler 1:3–8-i** okaň.

Hudaý bizi Öz çagalary bolmagymyz üçin haçan saýlady? (4-nji aýat) [4]

Näme üçin Hudaý beýle etdi? (6-njy aýat) [5]

Hudaý bize ýene näme berdi? (7-nji aýat) [6]

Biz munuň näme aňladýandygyny “Mukaddes Kitaba syn” kursymyzy öwrenenimizde has köp göz ýetireris.

Bu Hudaýyň “merhemeti” diýlip atlandyrylýar (7-nji aýat). Hiç kim çagyrylmaga we halas edilmäge mynasyp däldir. Biz Hudaýyň bizi saýlandygy üçin haýran galmaly we minnetdarlyk bildirmeli!

Hudaý bize näçe merhemet berýär? (8-nji aýat) [7]

# Ýakup

Ýakup ulalyp kemala gelende, Leýa we Rahel atly iki gyz dogana öýlenýär. Ol ýanýoldaş ýa-da kaka bolmagyň gowy göreldesi däldi.

**Gelip çykyş 29:31–30:24-i** okaň.

Ýakup haýsy aýalyny söýdi? [8]

Haýsy aýaly oňa 4 ogul dogrup berdi? (29:32–35) [9]

Rahel öz uýasyna göriplik edende näme etdi? (30:3) [10]

Bilha näçe ogul dogurdy? (30:5–8) [11]

Şeýlelikde, Leýa soňra näme etdi? (30:9) [12]

Zilpanyň näçe ogly boldy? (30:10–13) [13]

Leýa nähili ýol bilen ýene Ýakup bilen ýatdy? (30:14–16) [14]

Adamlar selmelek kökleri bir adamyň size aşyk bolmagyna getirýär diýip pikir etdiler.

Soňra Leýa bilen näme boldy? (30:17–21) [15]

Şunlukda, ahyrsoňy Rahel bilen näme boldy? (30:22–24) [16]

**Gelip çykyş 35:16–18-i** okaň.

Rahele näme boldy? [17]

Şeýlelikde, Ýakubyň näçe ogly boldy? (Siz olary ýa goşup sanap bilersiňiz ýa-da **Gelip çykyş 42:13-de** okap bilersiňiz.) [18]

**Gelip çykyş 32:28-i** okaň. Hudaý Ýakubyň adyny haýsy ada öwürýär? [19]

Ýakubyň ogullarynyň nesilleri kim boldular? **Gelip çykyş 49:28-i** okaň. [20]

## Goşmaça



Hudaýyň **Ybraýyma** beren wadalary Gelip çykyş 26:3-de **Yshaga** geçýär, Gelip çykyş 28:13–14-de **Ýakuba** geçýär. Şeýlelikde, Ybraýym, Yshak we Ýakup Hudaýyň halky bolan ysraýyl halkynyň atalary boldular.

Ybraýymyň Hajardan bolan ogly **Ysmaýyl** we Yshagyň beýleki ogly **Ysaw** hem halkyň atalary boldular. Emma diňe ysraýyl halky Hudaý tarapyndan saýlanandyr, Hudaý ol arkaly dünýä gutulyş getirer.

Şeýlelikde, Köne Ähtiň galan böleginde Hudaýyň halky **"Ysraýyl"** diýlip atlandyryldy, olar 12 tiräni emele getirdiler, hersi Ýakubyň 12 oglunyň hatyrasyna, olaryň ady bilen atlandyryldy.

# Ýusup we Hudaýyň Ösýän Halky

Hudaý Öz halkyny ösdürýär! Emma soňra betbagtlyk bolýar. Näme bolýar? **Gelip çykyş 41:56-ny** okaň. [21]

Hudaý Öz halkyny açlykdan ölmez ýaly nähili gorady? **Gelip çykyş 45:7-de** Ýusubyň näme aýdandygyny okaň. [22]

Gelip çykyş kitabynyň 37–47-nji baplarynda doganlary Ýusuby nädip gulçulyga satandyklary barada we Ýusubyň faraonyň ýolbaşçylygy astynda Müsürde iň wajyp adam bolandygy barada gyzykly wakalar gürrüň berilýär. Bu bize Hudaýyň Öz halkyny, hatda olar günäli bolsalar-da we elhenç zatlary etseler-de, olary nähili gorandygyny we alada edendigini görkezýär. Bu şeýle hem Hudaýyň müsür halkyna hem rehimdarlyk edendigini görkezýär, şol sebäpli olar hem açlyga döz geldiler.

**Gelip çykyş 15:13-i** okaň. Hudaýyň halky näçe ýyl Müsürde ýaşady? [23]

**Gelip çykyş 46:27-ni** okaň. Ýusubyň döwründe Hudaýyň halkyndan näçe adam Müsüre gitdi? [24]

**Çölde 1:45–46-ny** okaň. 400 ýyldan soň olaryň sany näçe boldy? [25]

Wada berlen ýurtda ýaşamaklary üçin indi olaryň sany ýeterlikdi!

**Müsürden çykyş 1:8–13-i** okaň. Müsürden çykyş kitabynyň başynda Hudaýyň halkynyň öňünde nähili iki mesele bardy? [26]

**Gelip çykyş 50:24:** *Ýusup doganlaryna: "Meniň sanaglym dolup barýar, ýöne Hudaý hökman siziň dadyňyza ýetişer. Hudaý sizi Müsürden çykaryp, Ybraýyma, Yshaga we Ýakuba wada eden topragyna elter" diýdi.*

Ýusup Hudaýyň Öz halky üçin meýilnamasyny amala aşyrmagyny dowam etdirendigini bildi.

Köp adamlara gutulyş getirmek üçin, siz hem Hudaýyň meýilnamasynyň bir bölegi! Her kimiň Isa we diňe Onuň bize berip bilýän ebedi ýaşaýşy barada eşitmäge mümkinçiligi bolmaly.

**Siz öz durmuşyňyzda Hudaýa nähili hyzmat edýärsiňiz?**

# Jogaplary

1 – Rebeka.
2 – Olaryň ikisinde hem uzak wagtlap çaga bolmady, soňra olardan bolan çaga Hudaýyň gudratly sowgady boldy.
3 – Ol göwresinde ekiz ogul göterýärdi, olar 2 dürli milletiň atalary bolmalydylar. Şeýle hem ulusy kiçisine gulluk etmelidi.
4 – Dünýä ýaradylmazdan öň!
5 – “Şöhratly merhemeti üçin”. Şeýlelikde, Ol şöhrata beslener!
6 – Onuň gany arkaly günälerimiziň öwezini dolýar, jenaýatlarymyzy bagyşlaýar.
7 – Köp mukdarda — Ol muny biziň üstümize inderdi!
8 – Rahel.
9 – Leýa.
10 – Ol oňa öz gyrnagy Bilhany berdi, şonda ol Rahele çaga dogrup berip bilýärdi.
11 – 2.
12 – Ol Ýakuba öz gyrnagy Zilpany berdi, şonda ol Leýa üçin has köp çaga dogrup berip bilýärdi.
13 – 2.
14 – Ol selmelek kökleri arkaly onuň adamsy bilen ýatmak hukugyny “satyn aldy”!
15 – Ol oňa ýene 2 ogul we bir gyz dogrup berdi.
16 – Ol Ýusuby dogurdy.
17 – Ol ikinji ogluny dogurdy we soňra öldi.
18 – 12.
19 – Ysraýyla.
20 – Ysraýylyň 12 tiresi.
21 – Açlyk.
22 – Hudaý Ýusuby maşgalasynyň öňünden (Müsüre) iberdi, şonda olar açlykdan öljek däldiler.
23 – 400 ýyl.
24 – 70.
25 – Takmynan 2 million adam — 603 000 erkek, şeýle hem aýallar we çagalar.
26 – Olar Müsürde boldular, ýagny bu Hudaýyň olara wada beren ýurdy däldi, şeýle hem olar gula öwrüldiler.

## *Goşmaça:* Gelip Çykyş Kitaby Boýunça Soraglar

1. Ilkibaşda Hudaý bilen kim bardy? [1]

2. Günä sebäpli biz nähili netijeleri görýäris? [2]

3. Nuhuň döwründe kim Hudaýyň hököminden halas bolup bildi? [3]

4. Hudaý Ybraýyma haýsy üç zady wada berdi we olar haçan doly amala aşar? [4]

5. Onuň Saradan bolan oglunyň ady nämedi? [5]

6. Sara Yshagy dogranynda, Ybraýym näçe ýaşyndady? [6]

7. Yshagyň näçe çagasy boldy? [7]

8. Olaryň atlary näme? [8]

9. Hudaý haýsy ogul arkaly Öz wadasyny saklamagyny dowam etdi? [9]

10. Hudaý Ýakuba nähili täze at dakdy? [10]

11. Ýakubyň näçe çagasy bolupdyr? [11]

12. Mukaddes Kitapda olar kim bolupdyrlar? [12]

13. Ýakubyň söýgüli ogly kim bolupdyr? [13]

14. Hudaý olary açlykdan ölmez ýaly halas etmek üçin näme etdi? [14]

15. Hudaýyň halky Müsürde näçe ýyl ýaşady? [15]

16. Hudaýyň halkyndan näçe adam Müsüre gitdi? [16]

17. Olaryň sany näçe boldy? (Çölde 1:46) [17]

18. Gelip çykyş kitabynyň ahyrynda we Müsürden çykyş kitabynyň başynda Hudaýyň halky üçin nähili iki mesele bardy? [18]

## Jogaplary

1 – Söz we Mukaddes Ruh.
2 – Olar utanja galdylar.
Günä olaryň biri-biri bilen gatnaşygyny bozdy.
Hudaý ýeri näletledi.
Günä agyry we ölüm getirdi.
Günä olaryň Hudaý bilen gatnaşygyny bozdy.
3 – Gämä münenler.
4 – Ýalkanyş, halk, ýer. Bu wadalar Isa dolanyp gelende we bizi Täze Ýaradylyşda Özi bilen ýaşamaga alyp gidende doly amala aşar.
5 – Yshak.
6 – 100 ýaşynda.
7 – Iki ogly.
8 – Ýakup we Ysaw.
9 – Ýakup.
10 – Ysraýyl.
11 – 12 ogly.
12 – Ysraýylyň 12 tiresiniň atalary.
13 – Ýusup.
14 – Hudaý olary Müsüre iberdi.
15 – 400 ýyl.
16 – 70 adam.
17 – 2 million adam — 603 000 erkek, şeýle hem aýallar we çagalar. Indi olaryň wada berlen ýurtda ýaşamaga ýeterlik adamy bar.
18 – Olar Müsürdediler, bu Hudaýyň olara wada beren ýurdy däldi, şeýle hem olar guldylar.

## 7-nji Sapak:

# Hudaý Halasgär



Müsürden çykyş kitabynyň başynda Ybraýymyň nesilleri üçin bu örän erbet ýagdaý boldy.

**Müsürden çykyş 1:8–11, 15–16** we **22-ni** okaň.

Ysraýyl halky üçin bu nähili ýagdaý boldy? [1]

Muňa garamazdan, bu elhenç ejir çekme wagtynda Hudaý Öz halkyny halas etmegiň meýilnamasyny düzdi.

Bir ysraýyl är-aýal özleriniň ogluny öldürmek baradaky faraonyň kanunyna boýun egmedi we olar ogul bäbegini sebetde gizlediler. **Müsürden çykyş 2:1–10-y** okaň.

Bu çagany kim tapdy? (5-nji aýat) [2]

Onuň adyna näme dakdylar? (10-njy aýat) [3]

Şol wagta çenli Hudaýyň halky Hudaý barada az bilýärdiler. Indi biz Hudaýyň Özüni halkyna nähili aýan edendigini görýäris.

**Müsürden çykyş 2:23–3:17-ni** okaň.

Bu parçada biz Hudaý hakda 4 zady öwrenýäris:

## 1. Hudaý Öz-Özlerini Halas Edip Bilmejekdigini Bilýän Adamlary Halas Edýär

Hudaýyň halky nirede? [4]

Olaryň meselesi nämede? [5]

Olar Kime mätäçdiler? [6]

Olar näme etdiler? (Müsürden çykyş 2:23) [7]

Olar özlerini diňe Hudaýyň halas edip biljekdigine göz ýetirdiler.

### Täze Äht:

**Ýohanna 8:34–36:** *Isa olara şeýle jogap berdi: "Men size dogrusyny aýdýaryn, günä edýän kişi günäniň guludyr. Gul hiç haçan öýüň agzasy bolup bilmez, ýöne Ogul öýüň hemişelik agzasydyr. Şonuň üçin hem Ogul sizi azat etse, siz, hakykatdan hem, azat bolarsyňyz".*

Kim günäniň guly? [8]

Biz hemişelik günäniň gullary bolmalymy? [9]

Bizi kim azat edip biler? [10]

Kim Hudaýyň Ogly? [11]

Ähli adamlar ysraýyllara nähili meňzeýärler? [12]

Bize näme etmek gerek? [13]

## 2. Hudaý Öz Halkyny Azat Etmek Üçin Birini Ýetişdirýär

**Resullaryň işleri 7:20–22:** Hudaý Öz halkyny azat etmek üçin Musany nähili taýýarlady? [14]

**Resullaryň işleri 7:23–29:** Musa kämil adamdymy? [15]

Hudaý Musany Öz halkynyň halasgäri bolmagy üçin taýýarlady. Ol faraonyň köşgünde ösüp ulalandygy üçin onuň bilen gepleşip biljekdi. Başga hiç bir ýewreý muny edip biljek däldi. Emma Musa Müsüre dolanmak islemedi. Ol faraonyň halky goýbermejekdigini bildi.

**Müsürden çykyş 3:12:** Hudaý oňa näme diýdi? [16]

Hudaýyň kömegi bilen ol Hudaýyň halkyny azat edip biler!

Näme üçin Musa Hudaýyň halkyny azat etmäge gabat gelýän adamdy? [17]

Ýöne Musa kämil halasgär däldi. Şeýtany ýeňip biljek halasgär ol däldi. (Gelip çykyş 3:15)

Hudaýyň halkyny azat etmek üçin Musanyň laýyk däldigini görkezýän 2 zady tapyň? [18]

Günlerde bir gün Hudaý Öz halkyny hemişelik azat etmek üçin kämil Halasgär iberer.

### Täze Äht:

**Matta 1:20–23:** Meryemiň oglunyň nähili iki ady bolar we olar näme aňladýar? [19]

Isa bizi hemişelik halas edip biljek ýeke-täk adam boldy!

Ol Hudaýyň Ogly — Hudaý biziň bilen!

## 3. Adamlary Halas Etmek Üçin Hudaýyň Özi Geldi

**Müsürden çykyş 3:8:** Hudaý näme etdi? [20]

### Täze Äht:

**Ýohanna 1:14:** Söz (Isa) näme etdi? [21]

Edil Musanyň döwründe bolşy ýaly, bizi halas etmek üçin Täze Ähtde-de Hudaýyň Özi aşak indi.

Beýleki dinler Hudaýyň bizi eşitmegi üçin, Hudaýyň bizi jennete kabul etmegi üçin muny işläp gazanmagymyzyň gerekdigini aýdýarlar. Emma biz Hudaýa ýetip bilmeýäris. Biz hiç haçan ýeterlik derejede oňat bolup bilmeýäris.

**1 Ýohanna 4:10:** *Biz Hudaýy däl-de, ilki Hudaý bizi söýdi. Ol biziň günälerimizi päklemek üçin, Öz Ogluny gurbanlyk hökmünde iberdi. Ine, hakyky söýgi şudur.*

Hudaý näme etdi? [22]

Hudaýyň Ogly bizi günälerimizden halas edip, biziň üçin ölmäge geldi!

Mesihi ynamy bilen beýleki dinleriň arasyndaky tapawut nämeden ybarat? [23]

## 4. Hudaý — Ýeke-Täk Hakyky Hudaýdyr

Hudaýyň halky Hudaý barada az bilýärdi. Faraon güýçli göründi we Musa faraondan gorkdy. Hudaý Musanyň faraony Hudaý bilen deňeşdirende, onuň hiç kimdigini bilmegini isledi!

Kimde has köp ygtyýarlyk bar: ýurduň baştutanyndamy ýa-da Hudaýda? [24]

**Müsürden çykyş 3:14:** Hudaýyň ady näme? [25]

Mukaddes Kitapda Hudaýyň ady bize Onuň kimdigini aýdýar.

"Men Biribar" — ýewreý dilinde Ýahwe (ýa-da Ýahowa) diýilýar — bu Hudaýyň adydyr. Emma ýewreýler Ýahowa ady ulanmagy halamandyrlar. Şonuň üçin hem Ýahwe (Ýahowa) türkmen diline Reb diýlip terjime edilýär.

Bu at bize Hudaýyň başga adamlaryň sežde edýän beýleki hudaýlaryna meňzemeýändigini aýdýar. Ol diri! Ol ebedi! Ol gudratygüýçli! Ol Ybraýyma beren wadasyny ýatdan çykarmady! Hudaý — wepaly Hudaýdyr!

Bu at Hudaý barada bize näme diýýär? [26]

## Täze Äht:

Edil şunuň ýaly Isa hem Ýohannanyň Hoş Habarynda Özüni 7 gezek "Mendirin" diýip atlandyrýar (biz muny grek dilinde has aýdyň görýäris).

Meselem, Ýohanna 14:6-da Ol şeýle diýdi: "*Ýol, hakykat we ýaşaýyş Mendirin, Mensiz hiç kim Atanyň ýanyna baryp bilmez*".

Isa munuň bilen nämäni göz öňünde tutdy? [27]

Bizi günälerimizden we iblisden diňe Isa halas edip biler!

## Biz bu sapakda Hudaý barada nämeler öwrendik?

# Öý Işi

Müsürden çykyş kitabynyň 1-nji babyndan 14-nji babyna çenli biz Hudaýyň ysraýyllary nähili halas edendigi barada okaýarys. Bu hepde siz bu baplary okaň we Hudaý barada näme öwrenendigiňizi ýazyň.

# Jogaplary

1 – Olary ezdiler, olarda hiç hili erkinlik ýokdy, olar gula öwrüldiler, Faraon olaryň täze doglan ogul bäbekleriniň öldürilmegini buýurdy.
2 – Faraonyň gyzy.
3 – Musa.
4 – Müsürde.
5 – Olar gul boldular.
6 – Olara özlerini halas etmäge biri gerekdi — olar öz-özlerini halas edip bilmediler.
7 – Olar özlerine kömek etmegi üçin, Hudaýy çagyrdylar.
8 – Günä edýän hemmeler — bu hemme adamlaryň günälidigini aňladýar!
9 – Ýok!
10 – Ogul.
11 – Isa!
12 – Biz hem gullar! Biz günäniň gullary. Biz hem ysraýyllar ýaly öz-özümizi halas edip bilmeýäris.
13 – Edil ysraýyllar ýaly, bizem özümizi günälerimizden halas etmegi üçin Hudaýy çagyrmaly.
14 – Ol müsürçe we ýewreýçe gürläp bilýärdi. Ol oňat bilimlidi. Ol köşkde ulaldy, şonuň üçin hem ol faraon bilen gepleşmegi başardy.
15 – Ýok!
16 – Hudaý onuň bilen boljakdygyna söz berdi.
17 – Ol faraon bilen gepleşip biljek ýeke-täk ýewreý adamdy.
18 – Ol müsürlini öldürendigi sebäpli faraondan gorkdy.
19 – Isa — “Hudaý halas edýär” diýmegi aňladýar — sebäbi Ol Öz halkyny günälerinden halas eder. Imanuwel — Hudaý biziň bilen diýmegi aňladýar.
20 – Ol ysraýyllary halas etmek üçin geldi.
21 – Ýohanna 1:14-de şeýle ýazylan: Söz Adama öwrüldi we biziň aramyzda ýaşady.
22 – Ol Öz Ogluny biziň günälerimiziň bagyşlanmagy üçin iberdi.
23 – Beýleki dinler, Hudaýyň bizi eşidip, bizi jennete kabul etmegi üçin işlemelidigimizi aýdýarlar. Mukaddes Kitap bolsa gowy amallarymyzyň Hudaýa gelmek üçin ýeterlik däldigini öwredýär. Emma Hudaýyň Ogly bizi günälerimizden azat edip, biziň üçin ölmäge geldi!
24 – Hudaý!
25 – Biribar.
26 – Hudaý beýleki hudaýlara meňzemeýär. Ol diri! Ol ebedi! Ol gudratygüýçli! Ol Ybraýyma beren wadasyny ýatdan çykarmady! Ol — wepaly Hudaýdyr!
27 – Isa diňe Özi arkaly adamlaryň Ata Hudaýy (Ýahweni) tanap biljekdiklerine olaryň düşünmeklerini isledi, sebäbi Ol Hudaýyň Ogly!

8-nji Sapak:

# Hudaý gurbanlyk arkaly halas edýär



Bu sapakda biz Hudaýyň — güýçli Kazydygyna we Halasgärdigine göz ýetirýäris. Bize Onuň ajaýyp halas edişini ýatlamak we baýram etmek gerek!

## Jezalar (Müsürden Çykyş 5–11-nji baplar)

Faraon Hudaýa garşy göreşýär. Hudaý faraona ony we onuň halkyny jezalandyrjakdygyny ençeme gezekler duýdurdy.

Hudaý faraona we onuň halkyna nähili jezalary iberdi? (7–11-nji baplar) [1]

Bu bize Hudaý barada näme öwredýär? (7:17) [2]

Ol güýçlidir: Faraona garanda has güýçlidir (we şeýtana garanda hem has güýçlidir!)

Emma Faraon barybir Hudaýa gulak asmaýar.

Hudaý müsürlilere haýsy iň soňky jezany berdi? [3]

Ysraýyllar hem günä etdiler. Ilkinji ogluň ölümi diňe müsürliler üçin däl, bu jeza ysraýyllar üçinem — Hudaýa tabyn bolmadyk hemmelere degişlidi.

Bu elhenç jezanyň netijesinde faraon ysraýyllary goýberdi. Şeýlelikde, bu jeza Hudaýyň halky üçin halas bolmanyň ýoly boldy.

Mukaddes Kitapda biz hemişe höküm bilen gutulyşyň biledigini görýäris. Bu bize Hudaý barada näme diýýär? [4]

# Gutulyş

**Müsürden Çykyş 12:1–30-y** okaň.

## Gan

Hudaý ysraýyllary Öz hököminden gorady. Höküm şundan ybaratdy, ýagny ilkinji doglan her bir ogul ölmelidi.

Olara munuň öz maşgalasynda bolmazlygy üçin näme etmek gerekdi? [5]

Hudaý gan görende näme eder? (13-nji aýat) [6]

Şonda guzynyň gany ilkinji doglan ogly ölümden gorar. Her bir maşgalada ogula derek guzy öldi.

## Täze Äht

1500 ýyl geçenden soň, Ýahýa Isa barada näme diýdi? (Ýohanna 1:29) [7]

Bu nämäni aňladýar? [8]

## Iýmit

**Müsürden çykyş 12:8:** Ysraýyllara ýene näme etmek gerekdi? [9]

Hudaý Öz halkyny diňe bir goramady. Ol Öz halkyny naharlady hem. Guzy olar üçin iýmit boldy, ýol üçin olara güýç berdi. Ertesi gün olara uzak we agyr syýahat garaşýardy!

Hudaý Öz halkyny diňe bu halas ediş gijesinde naharlamady, Hudaý olary çölde ýaşan indiki kyrk ýylyň dowamynda hem naharlamagyny dowam etdirdi.

**Müsürden çykyş 16:31–35-i** okaň. Ysraýyllar 40 ýyllap her gün näme iýdiler? [10]

Hudaý olary ýolda ähli gerekli zatlary bilen üpjün etdi.

## Täze Äht

**Ýohanna 6:35-de** Isa näme diýdi? [11]

Bu nämäni aňladýar? [12]

Biz çörek bilen näme etmeli? **(Ýohanna 6:51)** [13]

Bu nämäni aňladýar? [14]

Isa bizi Hudaýyň hököminden halas etmek üçin öldi. Şeýle hem Ol bize ebedi ýaşaýyş üçin we biziň baky öýümize barýan ýolumyz üçin gerekli ähli zady berýär.

# Hudaýyň Näme Edendigini Ýatda Saklaň!

## Baýramçylyk!



Näme üçin her ýyl edil şu bellenen wagtda Halas bolma (Pesah) baýramyny bellemeli? (Müsürden çykyş 14, 25–27-nji aýatlar) [15]

## Täze Äht

Biz gulçulykdan we ölümden halas bolanymyzy nähili belleýäris? (1 Korintoslylar 11:23–26) [16]

Çörek we şerap nämäni alamatlandyrýar? [17]

Bize näme üçin Isanyň ölümini ýatlamak gerek? [18]

### Biz Isanyň özümiz üçin näme edendigini hiç haçan ýatdan çykarmaz ýaly näme etmeli?

### Bu iň gowy habar! Siz bu barada kime gürrüň bermek isleýärsiňiz?

# Jogaplary

1 – Suw gana öwrülýär, gurbagalaryň, çirkeýleriň, siňekleriň çozmagy, mallaryň gyrylmagy, çybanlar we ýaralar, doly we ot ýagmagy, çekirtge sürüsi, garaňkylyk, ölüm.
2 – Hudaý — baky Rebdir.
3 – Hudaý müsürlileriň her bir maşgalasyndaky ilkinji doglan ogly öldürdi.
4 – Ol hem Kazy, hem Halasgär.
5 – Olar guzyny soýmalydylar we guzynyň ganyny gapynyň üstki söýesine we ikiýan söýesine çalmalydylar.
6 – Haçanda Hudaý gany görende, Ol gapydan sowlup geçer, olary öldürmez.
7 – *Ine, dünýäni günäden saplaýan Hudaýyň gurbanlyk Guzusy!*
8 – Isa bize derek öldi. Onuň gany bizi ölümden goraýar.
9 – Hudaý olara nahar iýmegi buýurýar! Olar guzyny bişirip iýmelidiler we çörek bişirip iýmelidiler.
10 – Manna.
11 – *Ýaşaýyş çöregi Mendirin, Maňa gelen asla ajykmaz, Maňa iman eden asla suwsamaz.*
12 – Biziň Hudaý bilen gatnaşygymyza bolan islegimizi (biziň açlygymyzy) diňe Isa kanagatlandyryp biler.
13 – Bize muny iýmek gerek!
14 – Bize Isa bilen gatnaşygymyzy ýola goýmak gerek. Biz Isanyň özümiz bilen gepleşmegine we bizi üýtgetmegine ygtyýar bermelidiris. Bize her gün Hudaýyň Sözüni okamak gerek, biz aýatlar barada pikir etmeli we doga-dileg etmeli.
15 – Hudaýyň olary Müsür gulçulygyndan nähili azat edendigini we guzynyň ganynyň olary ölümden nähili halas edendigini ýatlamak üçin bellemeli.
16 – Bilelikde çörek bölüp iýmäge gatnaşýarys.
17 – Isanyň bedeni we gany.
18 – Sebäbi Ol Hudaýyň biziň günälerimizi bagyşlamagy üçin we bize Özi bilen bile baky ýaşaýşy bermegi üçin öldi!

# 9-njy Sapak:
# Deňizden Geçiş



**Müsürden Çykyş 14:1–15:2-ni** okaň.

Faraon ahyrsoňy ysraýyllary goýberdi. Olar gitdiler, soňra faraon pikirini üýtgetdi we esgerleri bilen olaryň yzyndan kowdy.

Ysraýyllar faraonyň goşunyny görenlerinde özlerini nähili duýdular? [1]

Näme üçin ysraýyllar müsürlilerden gaçyp bilmediler? [2]

Bu elhenç ýagdaý boldy!

Ysraýyllar halas bolmak üçin näme etmelidiler (14:22-nji aýat)? [3]

Hudaý näçe sany ysraýyllyny halas etdi? [4]

Näçe sany müsürli esgerler öldiler (14:28-nji aýat)? [5]

## Täze Äht

Biziň duşmanymyz kim? (1 Petrus 5:8) [6]

Biz mesihi bolmazdan öň kimdik? (Ýohanna 8:34) [7]

Adamlar günäden we iblisden halas bolup bilýärlermi? [8]

Ähli adamlar ysraýyllar ýaly çykgynsyz ýagdaýda.

Musa ysraýyllary azatlyga çykarmak üçin öňlerinden ýöräp deňizden geçirdi.

Haçanda ysraýyllar deňizden geçenlerinde özlerini edil ölüme barýan ýaly duýdular. Bu gorkunçdy, emma ol azatlyga barýan ýoldy.

Edil şonuň ýaly Isa hem bizi ebedi ýaşaýşa alyp barmak üçin ölümden geçmeli boldy. Ol biziň günälerimiz üçin bir gezekde, hemişelik gurbanlyk hökmünde haçda öldi. Ol ölümden direlip, bize ebedi ýaşaýşa eltýän ýoly taýynlandygyny görkezdi. Ol biziň öňümizden gitdi, Ol häzir biz deňizden geçip barýarkak hem öňümizden barýar. Haçanda ýerdäki ýaşaýşymyz tamamlananda Isa bizi ebedilik Wada berlen Ýere elter!

Edil şonuň ýaly biz Isanyň yzyna eýermek kararyny alsak, biz özümiz üçin ölmeli.

Biz özümiz üçin ölmeli we durmuşymyzyň Rebbi bolmasy üçin Isa ýol bermeli.Bu hakyky azat bolmagyň ýeke-täk ýoly!

Özümiz üçin ölmek nämä meňzeýär? Biz nähili zatlary etmegi bes etmeli? Biz näme zatlary etmäge başlamaly?

**Ýewreýler 2:14–15:** *Bu çagalar ynsan bolandyklary üçin, Isa hem olar ýaly ynsan boldy. Ölüme duçar edýän iblisi Ol Öz ölümi arkaly ýok etdi we ömürboýy ölüm gorkusynyň gulçulygyndaky ynsanlaryň hemmesini azat etdi.*

Isa Öz ölümi arkaly näme etdi? [9]

**Ýohanna 14:1–3:** *Ýüregiňiz gussa batmasyn. Hudaýa iman ediň, Maňa iman ediň. Atamyň öýünde ýaşamaga ýer köpdür. Şeýle bolmasa, Men size: "Ýer taýynlamaga barýaryn" diýermidim? Gidip, siziň üçin ýer taýynlanymdan soňra, ýene gelip, sizi Öz ýanyma alyp giderin. Meniň bolýan ýerimde siz hem bolarsyňyz.*

Isa bizi nirä alyp gider? [10]

**1 Salonikliler 4:16–17:** *Rebbiň Özi (hökmürowan gygyryş bilen, Öz surnaýy bilen, baş perişdäniň sesi bilen) göklerden iner. Şonda ilki bilen Mesihe gowşan merhumlar direler. Soňra bolsa biz, ýagny diriler, olar bilen bile Rebbi howada garşylamak üçin, bulutlar içinde alnyp göterileris we elmydama Reb bilen bolarys.*

Isa haçan bizi Öz ýanyna alyp gider? [11]

## *Goşmaça pikir:* Suwa Çümdürilme

**Rimliler 6:4:** *Hawa, biz suwa çümdüriliş arkaly Mesih bilen ölüp, jaýlandyk. Şoňa görä-de, Atanyň şöhratly gudraty arkaly Mesihiň ölümden direlişi ýaly, biz hem täze ýaşaýşa eýe bolup bileris.*

Suwa çümdürilme nähili suratlandyrylýar? [12]

Bu ysraýyllaryň deňizden geçişine meňzeýär.

# Halas Edilenimizden Soň Biz Näme Etmeli?

**Müsürden çykyş 14:31–15:1:** Ysraýyllar deňizden geçenlerinde, haýsy üç zady ýerine ýetirdiler? [13]

Edil şonuň ýaly Isa bizi halas edende, biz näme etmeli? [14]

- Hudaýdan gorkmaklyk nähili bolýar? [15]

- Hudaýa we Isa ynanmaklyk nähili bolýar? [16]

- Hudaýy şöhratlandyrmak nähili bolýar? [17]

Biziň öwgülerimiz Hudaýa, şeýle hem bize şatlyk getirýär! Her gün Hudaýy şöhratlandyrmak, meselem, agşam naharyndan öň — bu gowy endikdir.

Hudaýyň halkyny deňizden geçiren Musa hakyndaky waka, Isanyň biziň üçin bitiren işini nähili suratlandyrýar? [18]

## Bu gün Hudaý bize näme öwretdi?

## Bu sapagy siz kim bilen paýlaşyp bilersiňiz?

# Jogaplary

1 – Ysraýyllar gorkdular!
2 – Olar gaçyp gutulyp bilmediler, sebäbi olaryň bir tarapynda deňiz, beýleki tarapynda esgerleri bilen faraon bardy. Hatda bular bolmadyk bolsa-da, olar örän haýal hereket edýärdiler. Olaryň çagalary, garry adamlary, köp ýükleri bardygy üçin haýal hereket etmeli bolýardylar.
3 – Olar özlerini Hudaýyň halas etmegi üçin deňizden geçmelidiler.
4 – Hemmesini!
5 – Hemmesi!
6 – Faraon ysraýyllaryň duşmany bolşy ýaly, iblis hem biziň duşmanymyzdyr.
7 – Edil ysraýyllaryň faraonyň gullary boluşlary ýaly, biz hem günäniň gullary bolduk.
8 – Ýok! Edil ysraýyllaryň halas bolup bilmeýişleri ýaly, biz hem halas bolup bilmeýäris.
9 – Edil Hudaýyň faraonyň güýjüni ýok edip, Öz halkyny azat edişi ýaly, Ol hem iblisiň güýjüni weýran edip, bizi halas etdi.
10 – Onuň bilen bile Atasynyň öýünde bolmaklyk, Wada berlen ýurtda bolmakdan has köp ajaýyp bolar.
11 – Rebbimiz Isanyň gaýdyp geljek we ölen imanlylaryň direljek wagtynda.
12 – Haçanda biz suwa çümdürilenimizde Isa bilen ölýäris. Haçanda suwdan çykanymyzda bolsa, Isa bilen täze durmuşa gadam basýarys.
13 – Olar Hudaýdan gorkdular.
Olar Hudaýa we Onuň guly Musa ynandylar.
Olar Hudaýy şöhratlandyrdylar.
14 – Biz Hudaýdan gorkmaly.
Biz Hudaýa we Onuň ogly Isa ynanmaly.
Biz Hudaýy şöhratlandyrmaly.
15 – Biz Hudaýdan gorksak biz günä etmeýäris. Hudaý ähli edýän işimizi görýär: gybat edýändigimizi, zeýrenýändigimizi, rehimsizligimizi, telefonda erbet zatlara seredýändigimizi we ş.m.
16 – Biz aladalanmaýarys. Mysal üçin, Hudaý Isanyň nury bolmak üçin bir ýerde ýaşamagymyzy aýdyp biler. Ol ýerde ýaşamak islemesek-de, Oňa ynanmalydyrys we Oňa boýun bolmalydyrys, sebäbi Ol biziň aladamyzy eder!
17 – Hudaýy öz sözlerimiz bilen şöhratlandyryp we Oňa öwgi nagmalaryny aýdyp bileris.
18 – Musanyň ysraýyllary azatlyga çykarmak üçin, deňizden (ölümden) geçdi. Edil şonuň ýaly, Isa hem bizi ebedi ýaşaýşa alyp barmak üçin, şeýle hem günäden, ölümden we iblisden azat etmek üçin ölümi başdan geçirmeli boldy!

10-njy Sapak:

# Gurbanlyklar



Dünýäniň ýaradylyşyndan bäri, adamlar Hudaýa gurbanlyklar hödürlemek arkaly sežde edipdirler. Meselem Kabyl we Habyl (Gelip çykyş 4-nji bap).

Adamlar hemişe Hudaýyň ak patasyny almak we özlerini Hudaýyň gaharyndan goramak isleýärdiler. Bu gün köp medeniýetlerde şuňa meňzeş adatlar bar. Adamlar Hudaýyň gaharyny saklamak üçin ölümiň gerekdigine düşünipdirler.

Näme üçin adamlar hemişe Hudaýa gurbanlyk hödürläp geldiler? Adamlar hemme zatdan beter näme islediler? [1]

Diňe Musanyň döwründe Hudaý adamlara Özüne nähili dogry sežde etmelidigini düşündirdi.

Haçanda olar Hudaýa sežde edenlerinde, olar bir haýwany öldürip, ony gurbanlyk sypasynyň üstünde ýakmalydylar. Şonda olar iki zada düşündiler:

1. **Günä jeza mynasyp we şol jeza ölüm.** Hudaý bilen öz gatnaşygymyzy dikeltmek üçin, nämedir bir zadyň ölmegi gerekdi.

   Ysraýyllar her gün günä etdiler we şonuň üçin ruhanylar her gün mallardan gurbanlyk hödürlemeli boldular.

2. **Adamlara orun tutujy gerek.** Haýwan adamlara derek ölýär. Haýwan günä etmeýär, bu adamlaryň günäsi. Adamlara derek nämedir bir zat ölmeli, şonda adamlaryň ölmegi gerek bolmaýar.

Adamlar gurbanlyk hödürlänlerinde, haýsy iki hakykata düşünmekleri gerekdi? [2]

## Lewiler Kitaby

Lewiler kitaby bize gurbanlygyň bäş görnüşi barada düşündirýär. Bu gurbanlyklar arkaly Hudaý Öz halkyna Hudaýa nähili garamalydygyny öwretmek isledi.

Lewiler 1-nji bap — ýakma gurbanlygy

Lewiler 2-nji bap — galla sadakasy

Lewiler 3-nji bap — salamatlyk gurbanlygy

Lewiler 4-nji bap — günä gurbanlygy

Lewiler 5-nji bap — ýazyk gurbanlygy

Biz ýakma gurbanlygyna we salamatlyk gurbanlygyna seredip geçeris.

# Lewiler 1-nji bap — Ýakma Gurbanlygy

Her gün irden we agşam ruhanylar ýakma gurbanlygyny hödürlemeli boldular. Olar muny tutuşlaýyn ýakmaly bolupdyrlar, hiç kim ondan iýip bilmändir. Bu gurbanlyk olara Hudaýyň biziň tutuş durmuşymyza mynasypdygyny öwredýär.

Bu bize tutuş durmuşymyzy Hudaýa bagyş etmelidigimizi öwredýär.

Biz bu barada Täze Ähtde hem okaýarys:

**Rimliler 12:1:** *Şoňa görä-de, eý, doganlar, Hudaýyň merhemetiniň hatyrasy üçin size ýalbarýaryn: özüňizi Onuň halajak diri we mukaddes gurbanlygy hökmünde hödürläň.*

Biziň özümizi we tutuş durmuşymyzy Hudaýa doly bagyş etmegimiz gerek!

Ýakma gurbanlygy adamlara nämäni ýatladýar? [3]

Täze Ähtde haýsy aýat muny bize ýatladýar? [4]

# Lewiler 3-nji bap — Salamatlyk Gurbanlygy

Ruhanylar ýakma gurbanlygyndan başga beýleki ähli gurbanlykdan bir bölek iýip bilýärdiler.

Beýleki ysraýyllar bolsa diňe salamatlyk gurbanlygyndan iýip bilýärdiler. Adamlar bu gurbanlygyň etini Hudaýyň huzurynda iýdiler. Bu adamlara olaryň Hudaý bilen gurbanlyk arkaly gatnaşyp bilendiklerini görkezdi.

Täze Ähtde Hudaýyň adamlary çörek döwüp, şerap dadanlarynda, bu olaryň Hudaý bilen gatnaşyp bilýändiklerini görkezýär. Sebäbi çörek Isanyň bedenini suratlandyrýar, şerap bolsa Onuň ganyny beýan edýär. Şonuň üçin Isanyň ölümi adamlaryň günäsi üçin tölän gurbanlygy boldy.

Salamatlyk gurbanlygy adamlara nämäni ýatladýar? [5]

Imanlylar Täze Ähtde muny özlerine nähili ýatladýarlar? [6]

# Mal Gurbanlyklary Orun Tutujymy?

**Ýewreýler 10:1–10-ny** okaň.

Mal gurbanlyklarynyň bizi günälerimizden doly arassalamaýandygyny biz nädip bilýäris? (1–2-nji aýatlar) [7]

Gurbanlyklar haýsy usulda peýdaly boldy? [8]

Näme üçin Isa bu dünýäde doguldy? (10-njy aýat) [9]

Köne Ähti okanymyzda, Isanyň biziň üçin edenlerine düşünýäris. Bize Hudaý bilen gatnaşygymyzy dikeltmek üçin gurbanlyk kesmek gerekdi. Mal gurbanlygy ýeterlik bolmady. Diňe Isanyň gurbanlygy bizi günälerimizden hakyky arassalap bilýär we Hudaý bilen biziň gatnaşygymyzy dikeldip bilýär!

Köne Äht nädip bize Täze Ähtde Isanyň näme edendigine düşünmäge kömek edýär? [10]

Biz günä edenimizde näme etmeli? [11]

Günä Hudaý bilen gatnaşygymyzy bozýar. Toba Hudaý bilen gatnaşygymyzy dikeldýär. Emma Hudaýyň Mukaddes Hudaýdygyny we yzygiderli bilgeşleýin edilýän günäniň Hudaýyň gazabyna sebäp boljakdygyny hiç wagt unutmaň.

### Sen (Haid-al-adha) Gurban baýramynda bir gezekde we hemişelik berlen gurbanlyk barada nähili gürrüň berip bilersiň?

## Jogaplary

1 – Adamlar Hudaýyň ak patasyny almak islediler we olar Hudaýyň gaharyndan gaça durmak islediler.
2 – Günä ölüme mynasyp we adamlara özlerine derek ölmek üçin ornuny tutujy gerek.
3 – Hudaý biziň tutuş durmuşymyza mynasyp.
4 – **Rimliler 12:1:** *Şoňa görä-de, eý, doganlar, Hudaýyň merhemetiniň hatyrasy üçin size ýalbarýaryn: özüňizi Onuň halajak diri we mukaddes gurbanlygy hökmünde hödürläň.*
5 – Gurbanlyklar arkaly biz Hudaý bilen gatnaşyp bilýäris.
6 – Biz bilelikde çörek döwüp iýýäris.
7 – Adamlar yzyny üzmän köp gurbanlyklar hödürlemelidiler.
8 – Olar adamlara Hudaý bilen gatnaşyklaryny weýran eden öz günälerini ýatladýardy.
9 – Isa biziň günälerimiz üçin bir gezekde we hemişelik gurbanlyk bolmak üçin bu dünýäde doguldy.
10 – Köne Äht bize Hudaý bilen gatnaşygymyzy dikeltmek üçin gurbanlyk kesmegiň gerekdigini düşündirýär. Mal gurbanlygy ýeterlik bolmady. Diňe Isanyň gurbanlygy bizi günälerimizden hakyky arassalap bilýär we Hudaý bilen biziň gatnaşygymyzy dikeldip bilýär!
11 – Toba etmeli.

11-nji Sapak:

# On Tabşyryk



**Müsürden çykyş 20:1–17-ni** okaň.

## Näme Üçin Biz Bu Kanunlara Eýermeli?

Adamlar berlen tabşyryklary berjaý etseler, olar jennete düşeris diýip pikir edýärler. Olar Hudaý diňe ýeterlik gowy adamlary kabul edýär diýip oýlaýarlar. Mukaddes Kitap muny öwretmeýär! Biz hiç haçan Hudaý ýaly gowy bolup bilmeris! Tutuş Mukaddes Kitabyň ajaýyp habary şundan ybarat, ýagny biz hatda günäli bolsak-da, Hudaý bizi halas edýär! Biz Hudaýa tabyn bolýarys, sebäbi Ol bizi eýýäm halas etdi we bizi Özüniň halky etdi. Hudaýyň gutulyşyny kabul edenimizde, oňa boýun bolmak biziň bagtymyzdyr.

Hudaý Ysraýyllary gulçulykdan halas edeninde, Hudaý olaryň täze Hojaýyny we Patyşasy boldy. Mundan soň, Hudaý olaryň Özüne tabyn bolmaklary üçin, olara gowy kanunlar berdi. Olaryň boýun bolmagy, olary halas eden täze patyşasyna degişlidigini görkezdi.

Edil şunuň ýaly, Täze Ähtde Hudaý bizi şeýtanyň gulçulygyndan halas etdi we Isa biziň täze Hojaýynymyz we Patyşamyz boldy. Şonuň üçin biziň Oňa gulluk etmegimiz we tabyn bolmagymyz gerek. Biziň tabyn bolmagymyz bizi eýýäm halas eden täze Patyşamyza degişlidigimizi görkezýär.

Näme üçin biz bu kanunlara boýun egmeli? [1]

## Täze Äht Kanuny

Bir gün Isadan kanunda iň möhüm tabşyryk haýsy diýip soradylar. Isa bu gowy soraga nähili jogap berdi?

**Matta 22:37–40-y** okaň.

Iň möhüm haýsy iki kanun bar? [2]

Elbetde, ýekelikde bize muny ýerine ýetirmek mümkin däl. Emma Hudaý bize hakykatdan şeýle ýaşamagy öwrenmegimiz üçin Özüniň Mukaddes Ruhuny berýär!

Hudaýyň kanunlary bize Hudaýyň häsiýetini görkezýär. Biz Hudaýa meňzeş edilip ýaradyldyk (Gelip çykyş 1:26). Ol biziň häsiýetimiziň Öz häsiýetine has köp meňzeş bolmagyny isleýär.

Geliň, Hudaýyň Öz halkyna beren on sany iň möhüm kanuny tabşyryklary barada pikir edeliň.

## Birinji 4 Tabşyryk (Müsürden Çykyş 20:1–11)

Birinji 4 tabşyryk biziň Hudaýa bolan gatnaşygymyzy öwredýär.

**1.** Birinji tabşyryk haýsy? (3-nji aýat) [3]

Hudaý erkege nähili meňzeýär? [4]

Bu tabşyryk ikinji bilen ýakyndan baglanyşykly.

**2.** Ikinji tabşyryk haýsy? (4-nji aýat) [5]

But näme? [6]

Biz dünýäde Hudaýyň keşbini nirede görýäris? (Gelip çykyş 1:26) [7]

Meňzemek isleýän adamlarmyza sežde etmek şeýle bir aňsat!

Adam elleri bilen ýasalan butlara sežde edilende nähili meseleler ýüze çykýar? [8]

Biz hiç haçan hatda Isanyň Özi şekillendirilen bolsa-da, surata ýa-da heýkele sežde etmeli däl.

Hudaýdan has gymmatly hasaplaýan islendik zadymyz biziň üçin butdyr.

Adamlar nähili görnüşli butlara sežde edýärler? [9]

**3.** Üçünji tabşyryk haýsy? (7-nji aýat) [10]

Biziň edýän işimiz aýdýan sözlerimiz bilen gabat gelmeli. Biz ikiýüzli bolmaly däldiris. Eger biz Hudaýy söýýändigimizi aýtsak, biz Oňa tabyn bolmalydyrys.

**Rimliler 2:24:** *Hudaýyň ady başga milletleriň arasynda siz zerarly harlanýar.*

Biz nädip Hudaýyň adyny harlaýarys? [11]

Biz nädip Hudaýyň adyny hormatlap bilýäris? [12]

**Luka 6:46:** *Näme üçin Maňa: "Ýa Reb! Ýa Reb!" diýip-de, aýdanlarymy etmeýärsiňiz?*

Bu adamlaryň meselesi nämede? [13]

Ýene nähili ýagdaýda adamlar Hudaýyň adyny bisarpa ulanýarlar? [14]

**4.** Dördünji tabşyryk haýsy? (8-nji aýat) [15]

Biz her hepdäniň bir gününi işden dynç almaly we wagtymyzy Hudaý bilen geçirmeli, mesihiler bilen duşuşmaly. Bu gün Sabat ýa-da dynç güni diýip atlandyrylýar. Biziň işe garanda, Hudaý bilen we adamlar bilen gatnaşygymyz has möhümdir!

Sabat güni biziň öz güýjümize däl-de, Hudaýa bil baglaýandygymyzy görkezýär. Her gün, hepdede ýedi gün işlesek, ähli mätäçliklerimizi üpjün etmek üçin öz güýjümize daýanýandygymyzy görkezýär. Her hepde bir gün dynç alsak, mätäçliklerimizi üpjün etmek üçin Hudaýa bil baglaýandygymyzy görkezýär.

Sabat gününi ýatda saklap, ony mukaddes saklasak, bu Hudaýy söýmäge nädip kömek eder? [16]

## 5-njiden başlap, 10-njy tabşyryk (Müsürden Çykyş 20:12–17)

Indiki 6 tabşyryk bize biri-birimize bolan gatnaşygymyzy öwredýär.

Eger biz ilki bilen Hudaýy söýmesek (birinji 4 tabşyryk), biz biri-birimizi söýüp bilmeýäris (soňky 6 tabşyryk).

Biz beýleki 6 tabşyrygy berjaý etmek üçin näme etmeli? [17]

Indiki alty tabşyryklar haýsylar? (12–17-nji aýatlar) [18]

Bu tabşyryklary berjaý etmek aňsatmy?

**Matta 5:27–28:** *Siz: "Zyna etme" diýlenini hem eşidensiňiz. Emma Men welin kim başga aýala azgyn höwes bilen baksa, öz ýüreginde eýýäm onuň bilen zyna edendir diýýärin.*

Isa bu aýatlarda biziň pikirlerimiz barada näme diýdi? [19]

Hudaý biziň diňe daşymyzdan gowy bolmagymyzy islemeýär, Ol biziň içimizden hem gowy bolmagymyzy isleýär! Hudaýa şükür, Hudaý bize daşymyzdanam, içimizdenem tabyn bolmagymyz üçin Mukaddes Ruh berýär! Munuň üçin Hudaýa alkyş bolsun!

Haçanda biz On tabşyrygy okanymyzda, öz pikirlerimiz hakda biz nämeleri ýatda saklamaly? [20]

Biz nädip hem içimizden, hem daşymyzdan tabyn bolup bilýäris? [21]

Siziň häsiýetiňiziň Onuň häsiýetine has köp meňzemegi üçin, Hudaýdan size Mukaddes Ruhuny bermegini soraň!

## Siz häsiýetiňiz boýunça kime degişli bolýarsyňyz?

# *Goşmaça:* Men Haýsy Kanunlara Boýun Egmeli?

Orta Aziýada 21-nji asyrda ýaşaýan ýahudy däller hökmünde, bize ýerine ýetirmesi gerek däl bolan kanunlar barmy? [22]

Töwratda köp kanunlar bar. Biz haýsy hem bolsa bir kanuna anyk boýun egmek gerekdigini ýa-da däldigini nädip bilmeli?

Bu gün biziň olara boýun egmegimiziň gerekdigini ýa-da däldigini bilmek üçin, biz iki sorag soramagymyz gerek:

1. **Bu kanun ysraýyllara şol günlerde näme öwretdi?**
2. **Täze Äht bu kanun we bu tema barada bize näme öwredýär?**

Biz Töwradyň kanunlaryna boýun egmegimiziň gerekdigini bilmek üçin haýsy iki soragy soramaly? [23]

Iki mysal:

## 1. Iýmit Hakyndaky Kanun



**Lewiler 11-nji bap:** Etiň belli bir görnüşlerini iýmek gadagandy (7-nji aýat: doňuz eti).

Biz birinji soragda näme soramaly? [24]

Lewiler 11:45 bize näme öwredýär? [25]

Olar beýleki milletler ýaly ýaşamaly däldiler. Olar Hudaý üçin mukaddes bolmalydylar. Hudaýyň halky başga milletlerden tapawutly bolmaly.

Biz ikinji soragda näme soramaly? [26]

1 Petrus 1:15–16 bize näme öwredýär? [27]

Hudaý biziň hem mukaddes bolmagymyzy isleýär. Biz beýleki adamlar ýaly ýaşap bilmeýäris, sebäbi biz Hudaýa degişli.

Mark 7:18–19 bize näme öwredýär? [28]

Şeýlelikde, haçanda biz Lewiler kitabyny okanymyzda, iýmitiň halal däldigi barada alada etmeli däl! Biz öz durmuşymyz barada pikir etmeli — biz mukaddes durmuşda ýaşaýarysmy?

Emma biz bu kanunyň esasynda öz goňşymyzy nädip söýüp bileris?

1 Korintoslylar 8:13: *Şoňa görä-de, iýýän zadym doganymyň büdremegine sebäp boljak bolsa, men ony asla iýmerin. Men onuň büdremegini islämok.*

Eger bir mesihi seniň iýýän (gurbanlyk berlen) etiň babatda gaharlansa, muny iýeniňe degýärmi? [29]

## 2. Göz Ornuna Göz, Diş Ornuna Dişh



**Müsürden çykyş 21:23–25:** *Eger oňa başga bir ömür howply zyýan ýeten bolsa, onda jan ýerine jan almak bilen; göz ornuna göz, diş ornuna diş, aýak ornuna aýak almak bilen; ýanyk ýerine ýanyk, ýara ýerine ýara, gök ýerine gök salmak bilen jeza berilsin.*

Biziň birinji soramaly sowalymyz näme bolmaly? [30]

Mundan ýokary jeza bolup bilmez. Bu kazy adamlara aýylganç ýol bilen ar almaga ýol bermeli däldir (Gelip çykyş 4:24-e seret). Ol adyl we rehimli bolmaly. Bu adamyň hakykatdan gözüni ýa-da dişini bermegine derek pul töläp bilmek mümkinçiligi bar. (Müsürden çykyş 21:26, 27, 30). Şeýlelikde, bu aýatlar olara Hudaýyň adyldygyny we rehimlidigini öwretdi.

Müsürden çykyş 21:23–25 bize näme öwredýär? [31]

Biziň ikinji soramaly sowalymyz näme bolmaly? [32]

Matta 5:38–39-daky aýatlar bize näme öwredýär? [33]

Rimliler 12:19 bize näme öwredýär? [34]

Hudaý henizem adyl we rehimlidir!

Tizara Isa dünýäni höküm etmäge we her bir adamy eden işine görä jezalandyrmaga geler. Ol adalaty amala aşyrar!

Hudaý hemme zady görýär. Haçanda adamlar bizi yzarlanlarynda, biziň üçin bagyşlamak agyr bolýar. Emma Mukaddes Kitap bize bagyşlamagyň we söýmegiň gerekdigini aýdýar (Matta 6:14–15). Bu biziň üçin mümkin däl — emma Mukaddes Ruh bilen mümkindir!

Töwradyň kanunyna boýun egmelidigimizi bilmek üçin bize haýsy iki sowaly soramak gerek? [35]

**Mukaddes durmuşda ýaşap bileriňiz ýaly we töweregiňizdäki ähli adamlara Hudaýyň söýgüsini görkezip bileriňiz ýaly biri-biriňiz üçin doga-dileg ediň!**

## Jogaplary

1 – Sebäbi Hudaý bizi halas etdi we bizi Öz halky etdi. Ol biziň Patyşamyz!
2 – *Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli düşünjäňiz bilen jan-tenden söýüň, we ýakynyňyzy özüňizi söýşüňiz ýaly söýüň.*
3 – *Seniň Hudaýdan başga hudaýlaryň bolmasyn.*
4 – Hudaý gabanjaň Hudaý! Bu edil äri aýalynyň başga erkeklere hormat goýmagyny we söýmegini islemeýşi ýaly, Hudaý hem başga hudaýlara hormat goýup, olary söýmegimizi islemeýär.
5 – *Özüňe but ýasama.*
6 – Bu sežde edilýän Hudaýyň islendik keşbidir.
7 – Ähli adamlar Hudaýyň keşbinde ýaradylandyr!
8 – But Hudaýy suratlandyryp bilmeýär — eger biz Hudaýy suratlandyrmagy başarýarys diýip pikir etsek, bu Hudaýyň göwnüne degýär.
9 – Biziň sežde edýän suratlarymyz ýa-da butlarymyz; syýasy liderler; meşhur adamlar; pul; öý; we ş.m.
10 – *Hudaýyň Rebbiň adyny boş ýere agzama.*
11 – Günä edenimizde we Oňa bitabyn bolanymyzda.
12 – Biz Hudaýa tabyn bolanymyzda, Oňa hormat goýýarys.
13 – Olar Hudaýy söýýändiklerini aýdýarlar, soňra bolsa Oňa tabyn bolmaýarlar.
14 – Haçanda nämedir bir zat nädogry bolanda, olar Hudaýy günäkärleýärler ("Eý, Hudaý!"). Haçanda hemme zat gowy bolanda, olar Hudaýy şöhratlandyrmaýarlar.
15 – *Mukaddes Sabat gününiň kanunlaryny ýerine ýetir.*
16 – Biz wagtymyzy Hudaý bilen geçirip bilýäris we mesihiler bilen duşuşýarys.
17 – Ilkinji 4 tabşyryga tabyn bolmaly!
18 – 5. Ata-eneňe hormat goý.
6. Adam öldürme.
7. Zyna etme.
8. Ogurlyk etme.
9. Biriniň garşysyna ýalan şaýatlyk etme.
10. Başga adamyň zadyna göz dikme.
19 – Biziň pikirlerimiz edil hereketlerimiz ýaly möhümdir!
20 – Hudaý biziň diňe daşymyzdan gowy bolmagymyzy islemeýär, Ol biziň içimizden hem gowy bolmagymyzy isleýär!
21 – Hudaý bize daşymyzdanam, içimizdenem tabyn bolmagymyz üçin Mukaddes Ruh berýär!
22 – Hawa!
23 – Bu kanun ysraýyllara şol günlerde näme öwretdi? Täze Äht bu kanun we bu mowzuk barada bize näme öwredýär?
24 – Bu kanun ysraýyllara şol günlerde näme öwretdi?
25 – *Mukaddes bolmagy.*
26 – Täze Äht bu kanun we bu mowzuk barada bize näme öwredýär?
27 – *Ähli zatda mukaddes bolmagy.*
28 – Biz hemme zady iýip bilýäris!

29 – Ýok.
30 – Bu kanun ysraýyllara şol günlerde näme öwretdi?
31 – Hudaý adyl we rehimlidir.
32 – Täze Äht bu kanun we bu tema barada bize näme öwredýär?
33 – Munda ar almak gerek däl, biziň borjumyz bagyşlamakdyr.
34 – *Özüňiz ar aljak bolmaň, muny Hudaýyň gazabyna tabşyryň.*
35 – Bu kanun ysraýyllara şol günlerde näme öwretdi? Täze Äht bu kanun we bu mowzuk barada bize näme öwredýär?

# 12-nji Sapak:
# Mukaddes Çadyr



## Hudaý biziň bilen!

**Müsürden çykyş 25:1–22-ni** okaň.

Hudaý Öz halky bilen Mukaddes çadyrda duşuşmagy wada berdi. Çadyryň içki bölegi iki otagdan ybaratdy.

Bu otaglar haýsy otaglar bolupdyr? (Müsürden çykyş 26:33) [1]

Mukaddesler mukaddesi otagynda näme bardy? (25:10–22) [2]

Müsürden çykyş 25:10–22-de biz bu barada näme öwrenýäris? [3]

Keruplar barada biz näme bilýäris? (Gelip çykyş 3:24) [4]

Keruplar bize adamlaryň Hudaýa golaý baryp bilmeýändiklerini, sebäbi Hudaýyň örän päk we mukaddesdigini görkezýärler.

Mukaddes çadyryň töwereginde haýat we matadan tuty bolupdyr.

Haýatyň içinde näme bardy? Müsürden çykyş 40:29–32-ä serediň. [5]

Hudaýyň huzurynda adamlary tämizlemek üçin bularyň ikisi hem gerek bolupdyr.

Haçanda Hudaýyň halky çölde ýöriş edende, Mukaddes çadyr hem olar bilen bile äkidilipdir.

500 ýyl geçenden soňra, olar Wada berlen ýurtda ýaşanlarynda, Süleýman patyşa ybadathana gurdy. Ybadathana Mukaddes çadyra meňzeşdi, ýöne ol kaşaň we owadan binady. Bu ýer Hudaýyň Öz halky bilen duşuşmagy wada beren ýeridi.

Ybadathananyň Mukaddes çadyra nähili meňzeşligi bardy? [6]

### Täze Äht

Täze Äht döwründe bize fiziki ybadathana gerek däl, sebäbi indi ýygnak — Hudaýyň ybadathanasy bolup durýar.

**1-nji Korintoslylar 3:16:** *Eýsem siz özüňiziň Hudaýyň ybadathanasydygyňyzy, araňyzda Hudaýyň Ruhunyň ýaşaýandygyny bilmeýärsiňizmi?*

Şonuň üçin hem, eger biz Hudaý bilen duşuşmak islesek, bize haýsydyr bir aýratyn owadan bina gitmek gerek däl. Biz nirä gitmeli? [7]

Hudaý hemişe Öz halky bilendir!

## Hudaý — Mukaddesdir!

Hudaý bizi Özi bilen gatnaşykda bolup ýaşamagymyz üçin ýaratdy. Hudaýyň halky üçin möhüm zat, bu Hudaýyň olar bilen ýaşamagydyr. Olar Hudaýsyz Hudaýyň halky bolup bilmeýärler! Emma olar Hudaýdan gorkdular. Olar Hudaýyň örän mukaddesdigini, özleriniň bolsa günälidiklerini bildiler. Şeýle-de olar Hudaýyň günäli adamlary nähili jezalandyrýandygyny gördüler (meselem faraony!).

Hudaý Äht sandygynyň üstünde boljakdygyna wada berdi — sandyk Hudaýyň tagty ýaly boldy. Ýöne hiç kim sandygy görüp bilmedi. Ol Mukaddesleriň mukaddesinde ýerleşdirildi we diňe Baş ruhany ýylda bir gezek bu otaga girip bilýärdi. Şeýlelikde, Hudaý olar bilen boldy, ýöne Ol olardan aýry boldy.

Hudaýyň halkynda nähili mesele bardy? [8]

### Günäliler Mukaddes Hudaý Bilen Nähili Duşuşyp Bilerler?

Köne Ähtde ysraýyllaryň günälerinden bagyşlanmagy üçin iki zat gerekdi:

1. **Gurbanlyklar,** günäli adamlaryň deregine haýwan ölýär.
2. Esasy gurbanlygy hödürleýän Baş ruhany.

Ysraýyllaryň günäleriniň bagyşlanmagy üçin haýsy iki zat gerekdi? [9]

Emma olaryň baş ruhanylary we gurbanlyklary hiç haçan kämil däldi.

Olar biziň günämiziň meselesini doly çözüp bilmediler. Olar ýöne bir bizi günämiziň meselesini doly çözüp biljek Mesihe taýýarladylar!

### Täze Äht

**Ýewreýler 7:26–27:** (Isa barada aýdýar) *Bize hut şunuň ýaly — mukaddes, ýazyksyz we päk Baş Ruhany gerekdi. Ol günälilerden aýrylyp, göklerden hem ýokary göterilendir. Öňki ruhanylar her gün ilki öz günäleri, soňra halkyň günäleri üçin gurbanlyk hödürlemelidiler. Emma Isa olaryňky ýaly etmegiň geregi ýok, sebäbi Ol ähli zat üçin Özüni bir gezekde gurban edip, bu işi bitirdi.*

Isa beýleki baş ruhanylardan näme bilen tapawutlanýar? [10]

Köne Ähtdäki gurbanlykdan Onuň gurbanlygy näme bilen tapawutlanýar? [11]

Isa biziň kämil Baş ruhanymyz we biziň kämil gurbanlygymyzdyr!

**Mark 15:37–38-i** okaň. Isa ölende, ybadathanada näme bolup geçdi? [12]

Bu biziň mundan beýläk Hudaýdan aýry däldigimizi görkezdi! Bu iň gowy habar!

**Günäli adamlary Mukaddes Hudaýa diňe Isa getirip bilýär!**

**Ýewreýler 10:19–22-ni** okaň.

Biz bu ajaýyp mümkinçilik bilen näme etmeli? [13]

**Ýohanna 14:6:** *Isa: "Ýol, hakykat we ýaşaýyş Mendirin, Mensiz hiç kim Atanyň ýanyna baryp bilmez" diýip jogap berdi.*

Şonuň üçin haýsy esasda Hudaýa ýakynlaşyp bileris? [14]

Beýleki adamlar bu gün Hudaýyň ýanyna barmaga nähili synanyşýarlar? [15]

## Köne Ähtiň bize Täze Ähte düşünmäge nähili kömek edýändigini görýäňizmi?

## Tutuş Mukaddes Kitaby bir ýylda nädip okap bolýar?

Bilýäňizmi, eger siz her gün Köne Ähtden 2 baby, Täze Ähtden 1 baby we bir mezmury (eger ol uzyn bolsa, onda mezmuryň ýarysyny) okasaňyz, tutuş Mukaddes Kitaby bir ýylda okap bilersiňiz!



Siz tutuş Mukaddes Kitaby bir ýylda nähili okap bilersiňiz? [16]

# Jogaplary

1 – Mukaddes otag we Mukaddesleriň mukaddesi.
2 – Äht sandygy.
3 – Äht sandygy — altyn gapyrjakdy. (10–11-nji aýatlar)
Sandygyň aýratyn üýtgeşik gapagy bardy, gapakda bolsa sap altyndan ýasalan iki sany kerup bardy. (17–18-nji aýatlar)
Sandygyň içinde ýüzüne On tabşyryk ýazylan iki sany ýasy daş bardy. (21-nji aýat)
Hudaý Öz adamlary bilen ol ýerde duşuşmaga wada berdi. (22-nji aýat)
4 – Keruplar ýaşaýyş daragtyny goradylar.
5 – Haýatyň içinde iki zat bardy: gurbanlyk sypasy we suwly legen.
6 – Onda iki sany aýratyn otag bardy: Mukaddes otag we mukaddesleriň mukaddesi. Onda gurbanlyk sypasy we zatlary arassalamak üçin uly jam bardy.
7 – Bize beýleki mesihiler (ýygnak) bilen duşuşmak gerek.
8 – Hudaý olar bilen ýaşamaga geldi, emma olar günälidiler, şonuň üçin olar Hudaýa golaýlaşyp bilmediler.
9 – Baş ruhany we gurbanlyklar.
10 – Ol mukaddes, ýazyksyz we päk.
11 – Onuň gurbanlygy bir gezekde we hemişelik boldy.
12 – Şol wagt ybadathananyň tutusy ýokardan aşaklygyna ýyrtylyp, ikä bölündi.
13 – Hudaýa ýakynlaşmaly.
14 – Biz Isa arkaly Hudaýa ýakynlaşyp bileris.
15 – Öz mysallaryňyzy getiriň.
16 – Her gün Köne Ähtden 2 baby, Täze Ähtden 1 baby we bir mezmury (eger ol uzyn bolsa, onda mezmuryň ýarysyny) okaň.

# 13-nji Sapak:
# Çöldäki Durmuş



Hudaý Sinaý dagynda Öz halkyna köp kanunlar berdi. Olar mukaddes çadyr gurdular. Bir ýyl geçenden soň ysraýyllar Sinaý dagyny taşlap, Wada berlen ýurda tarap gitdiler.

## Gorky!

**Çölde 13:1–14:4-i** okaň.

Näme üçin Musa on iki adamy wada berlen ýurda iberdi? [1]

Olar bu ýurt barada näme öwrendiler? (13:28) [2]

“Süýt we bal akýan” diýmek nämäni aňladýar? [3]

Olar şäherler barada näme öwrendiler? (13:29) [4]

Olar adamlar barada näme öwrendiler? (13:33–34) [5]

On iki adamdan näçesi Hudaýa ynandy? [6]

Şeýlelikde, olardan näçesi Hudaýa ynanmady? [7]

On adam äpet adamlary gördiler we dowla düşdüler.

Emma Kalep bilen Ýeşuwa näme diýdiler? (31-nji aýat) [8]

Bu iki erkegiň beýleki erkeklerden näme tapawudy bardy? [9]

Ýöne kim has güýçli: Hudaýmy ýa-da adamlar? [10]

Olaryň hemmesi Hudaýyň özleri üçin näme edendigini bilýärdiler. Hudaý olar üçin näme etdi? [11]

Ýöne barybir olar Hudaýdan däl-de, adamlardan gorkdular.

Hudaýyň biziň üçin eden işini ýatdan çykarmak örän aňsat!

Biz nädip Hudaýyň biz üçin eden işini ýatda saklap bileris? [12]

Eger biz şeýle etsek, biz adamlardan gorkman, Hudaýdan gorkarys!

Haçanda ysraýyllar Hudaýdan gorkmaklaryny bes edenlerinde, näme etdiler? (14:1–4) [13]

Edil şunuň ýaly, haçanda biz Hudaýa bil baglamasak, Oňa tabyn bolmak islemeýäris.

**Çölde 14:20–25-i** okaň. Hudaý olara näme diýdi? [14]

**Kanun taglymaty 1:1–3-i** okaň. Ysraýyllaryň Hudaýa ynanmandyklary üçin, munuň netijesi nähili boldy? [15]

Hudaý ysraýyllaryň ähli uly adamlary ölüp gutarýança, olary çölde kyrk ýyl ýaşamaga mejbur etdi. Diňe olaryň çagalary we Kalep bilen Ýeşuwa Wada berlen ýurda girerler.

Näme üçin Hudaý şeýle etdi? [16]

Haçanda biz Hudaýa bil baglamasak, bu bizi erbet netijelere getirýär.

# Täze Äht

Wada berlen ýurt Hudaýyň Ybraýyma beren wadasynyň amala aşmasy boldy (Gelip çykyş 12:1–7). Bu Hudaýyň Öz halky — Ysraýyl bilen ýaşajak ýeri boldy.

Şeýle hem Wada berlen ýurt Täze Ýaradylyşyň keşbidir, onda Hudaýyň halky Hudaý bilen ebedilik bile ýaşar.

**Ýewreýler 11:16-ny** okaň. Hudaýa ynanan adamlar hakykatdan Köne Ähtden nämä garaşdylar? [17]

**Ýohanna 3:16-ny** okaň. Eger biz Täze Ýaradylyşa beslenip, ebedi ýaşaýşa eýe bolmak islesek, näme etmeli? [18]

Eger biz Isa ynansak, ebedilik Wada berlen ýurda eýe bolýarys. Bu Köne Ähtdäki Wada berlen ýurtdan has ajaýypdyr!

# Çöldäki Ýaşaýyş

Täze Ýaradylyşdaky durmuş bilen deňeşdirilende, biziň durmuşymyz bu ýerde çöle meňzeýär. Çöl — biziň durmuşdaky syýahatymyzy suratlandyrýar.

**Kanun taglymaty 29:5—6-ny** okaň. Hudaý çölde 40 ýyllap Öz halkynyň nähili aladasyny etdi? [19]

Täze Ähtde Mukaddes Ruh Isany 40 günläp çöle äkitdi.

**Matta 4:3-de** şeýtan Isany nähili synaga salmakçy boldy? [20]

**Matta 4:4-de** Isa oňa nähili jogap berdi? [21]

Bize diňe bir çörek gerek bolman, eýsem Hudaýyň sözi bilen ýaşamak gerek.

Isa Hudaýyň ysraýyllary alada edişi ýaly, Özi hakda hem alada etjekdigine ynandy.

**Ýohanna 6:35-de** Isa Özüni nähili atlandyrdy? [22]

Bu nämäni aňladýar? [23]

**Ýohanna 4:10-da** Isa guýynyň başyndaky aýala näme diýdi? [24]

Bu nämäni aňladýar? [25]

Siz nähili ýygylykda iýip-içýärsiňiz?

Eger siz uzak wagtlap iýip-içmeseňiz näme bolar?

Biziň ruhy taýdan sagdyn bolmagymyz üçin her gün ruhy iýmitden iýip-içmegimiz gerek!

Biziň sagdyn bolmagymyz üçin näme etmek gerek? [26]

Biziň durmuşdaky syýahatymyz iman syýahaty bolmaly: Biz Hudaýa ynanmaly we Oňa tabyn bolmaly. Bize ruhy iýmitden iýip-içmegi dowam etmek gerek! Biz äpet adamlardan gorkmaly däl-de, Hudaýdan gorkmaly!

Biz nähili äpet adamlary görýäris?

Biz kimden gorkýarys: äpet adamlardanmy ýa-da Hudaýdan?

Haçanda biz Hudaýa iman etsek, günä etmeýäris.

Biz gorkynyň däl-de, imanyň adamlary bolmaly!

### Hudaý bu gün size näme diýýär?

## Jogaplary

1 – Ýeri gözden geçirmek üçin, şäherler, adamlar we toprak barada maglumat öwrenmek üçin.
2 – Ol ýerde... süýt bilen bal akýar.
3 – Bu ol ýerde köp mal-garanyň we köp bal arylaryň bardygyny aňladýar. Ösümlikleriň ösmegi üçin bal arylary örän möhüm bolup durýar. Munuň üsti bilen biz topragyň örän hasyllydygyna düşünýäris.
4 – Onuň şäherleri berk goralan we kaşaň.
5 – Ol ýerde olaryň gören ähli adamlarynyň boýlary äpet uzyndy. Olar ol ýerde äpet adamlary gördüler.
6 – Diňe ikisi.
7 – 10-sy.
8 – Gideliň-de, ýeri basyp alalyň! Biz muny başararys!
9 – Kalep bilen Ýeşuwa Hudaýdan gorkdular, beýlekiler adamlardan gorkdular.
10 – Hudaý!
11 – Hudaý olary Müsürden çykaryp, faraondan azat etdi we täsin gudratlar görkezdi.
12 – Bize her gün Mukaddes Kitaby okamak gerek we Hudaýy şöhratlandyrmak gerek. Hoş owazly aýdymlar bize Hudaýyň biziň üçin näme edendigi barada ýatladýar. Bize Hudaýy şöhratlandyrmak üçin we Hudaýyň Sözüni bile öwrenmek üçin mesihiler bilen yzygiderli duşuşmak gerek.
13 – Olar Hudaýa gulak asmadylar we Wada berlen ýurda girmediler.
14 – Olaryň Wada berlen ýurdy görmejekdiklerini aýtdy.
15 – Sinaý dagy bilen Wada berlen ýurduň arasynda 11 günlük ýol bardy. Emma bu 40 ýyl dowam etdi!
16 – Sebäbi olar Hudaýa ynanmadylar.
17 – Olar has gowy, gökdäki ýurda — Täze Ýaradylyşa garaşdylar!
18 – Biz Isa ynanmaly we Oňa bil baglamaly!
19 – Ol çölde olara suw bilen çörek berdi we olary gerekli ähli zat bilen üpjün etdi.
20 – Ol Isadan daşlary çörege öwürmegini sorady.
21 – "*Ynsan diňe çörek bilen ýaşaman, eýsem Rebbiň agzyndan çykýan her bir söz bilen hem ýaşaýar*" *diýip ýazylgydyr.*
22 – Ýaşaýyş Çöregi.
23 – Ol Hudaý bilen gatnaşygymyza bolan açlygymyzy doýurýar. Ol bize Baky ýaşaýyş üçin we ýer ýüzünde her gün ýaşamak üçin zerur bolan ähli zatlary berip biler.
24 – Ol diri ýaşaýyş suwuny berýär.
25 – Ol Hudaý bilen gatnaşygymyza bolan teşneligimizi gandyrýar. Ol bize Baky ýaşaýyş üçin we ýer ýüzünde her gün ýaşamak üçin zerur bolan ähli zatlary berip biler.
26 – Biz Mukaddes Kitaby okamaly, doga-dileg etmeli we her gün Isa bilen wagt geçirmeli.

## 14-nji Sapak:

# Mukaddes Kitabyň Taryhy 8 Suratda

Şu wagta çenli öwrenenlerimizi gaýtalamak üçin, biz tutuş Mukaddes Kitaby düşündirmek üçin bu suratlary ulanarys.




Biz birinji surat barada okarys we soňra topardan bir adam bu maglumaty okamazdan gaýtalap bermeli. Soňra biz ikinji surat barada okarys we kimdir biri muny gaýtalap berer. Haçanda biz iň soňka ýetenimizde, biz 8 suraty hem seretmezden gezekli-gezegimize gaýtalarys.




### 1. Ýaradylyş

Hudaý ähli zady gowy ýaratdy. Hudaý ilkinji adamlar — Adam we How bilen Erem atly owadan bagda gürleşdi.




### 2. Günäniň başlangyjy

Adam bilen How Hudaýa tabyn bolmadylar, olar iblise tabyn boldular. Şeýdip, olar Hudaýyň ýalkawyny we ebedi ýaşaýşy ýitirdiler.

Suratdaky ýaý (ugur görkeziji) Hudaýyň olary bagdan we Öz huzuryndan çykaryp kowandygyny görkezýär.




### 3. Wadalar

Hudaý Ybraýyma Özi üçin aýratyn boljak **halkyň** atasy boljakdygyny wada berdi. Hudaý Ybraýyma halk üçin **ýer** wada berdi, ol ýerde Hudaý olar bilen ýaşar.

Şeýle hem Hudaý ähli halklaryň Ybraýym arkaly **ýalkanjakdygyny** wada berdi.

Täç Hudaýyň olaryň gowy patyşasy boljakdygyny görkezýär.

Älemgoşar Hudaýyň Öz wadalaryny saklaýandygyny görkezýär (Gelip çykyş 9:13–16). Siz hemişe Oňa bil baglap bilersiňiz!




## 4. Müsürden çykyş

Hudaýyň halky ýat ýurtda Müsürde ýerleşdi, olar ol ýerde gul boldular. (Piramidalar Müsüri aňladýar).

Ýaý (ugur görkeziji) Hudaýyň Öz halkyny Müsür gulçulygyndan halas edendigini görkezýär.




## 5. Ýer

Hudaý Öz halkyny Wada berlen ýurda alyp geldi. Eger olar Hudaýa tabyn bolsalar, Hudaý olar bilen ýaşajakdygyna we olary ýalkajakdygyna wada berdi.

Agaçlar we suwlar munuň gowy ýerdigini görkezýär.

Emma ysraýyllar Hudaýa tabyn bolmak islemediler we olar Onuň bilen özleriniň aýratyn gatnaşygyny bozdular.




## 6. Isa Mesih

Hudaý Halasgär ibermek baradaky Öz wadasynda durdy!

Isa Mesih biziň günälerimiz üçin bir gezekde ebedilik gurbanlyk bolmak üçin haçda ölmäge geldi.

Soňra Ol ölümden direldi. Bu Onuň ölümi ýeňendigini görkezýär! Şeýlelikde, indi biz ýene-de Hudaýyň dosty bolup bilýäris!




## 7. Isanyň dolanyp gelmegi

Isa şu wagt jennetde.

Ýaý (ugur görkeziji) Isanyň dünýäniň soňuna çykmak üçin dolanyp geljekdigini we ähli adamlary hököm etjekdigini görkezýär.




## 8. Täze Ýaradylyş

Biz Täze Ýaradylyşda täze, ebedi, Wada berlen ýerde Hudaý bilen ýaşarys!

**Şu hepdede bu suratlary paýlaşyp bileriňiz ýaly, Hudaýyň özüňize kimdir birini ibermegini sorap, biri-biriňiz üçin doga-dileg ediň.**

# 15-nji Sapak:
# Ýeşuwa



Çölde kyrk ýyl sergezdançylyk edenlerinden soň, Musa halky Wada berlen ýurduň araçägine getirdi. Musanyň özi bu ýere girmedi.

Musa aradan çykdy we Ýeşuwa täze ýolbaşçy boldy. Ýeşuwanyň wezipesi Hudaýyň halkyny Wada berlen ýurda getirmekdi. Ýeşuwa olara söweşde ýolbaşçylyk etmelidi.

Musadan soň Hudaýyň halkyna kim ýolbaşçy boldy? [1]

Onuň wezipesi nämedi? [2]

## Wada

**Ýeşuwa 1:1–9-y** okaň.

Hudaý Öz halkyna näme wada berdi? (Müsürden Çykyş 3:8) [3]

Emma Kenganyň adamlary gaty güýçlidi. Ysraýyllaryň özleri olary özbaşdak ýeňip bilenokdylar. Olara Hudaýyň kömegi gerekdi.

Geliň, Hudaýyň Ýeşuwa näme wada berendigini göreliň.

5b–9-njy aýatlar edil goşgy ýalydyr. Köne Äht ýewreý dilinde ýazylan. Ýewreý şygrynda iň möhüm pikir köplenç goşgynyň ortasynda ýerleşýär. Birinji we soňky bölekleriň şol birmeňzeş zady aýdýandygyna serediň, şeýle hem ikinji we iň soňkynyň öň ýanyndaky bölekler hem şol birmeňzeş zady aýdýarlar, we ş.m.

**A.** Hiç wagt seni ýeke goýmaryn, hiç wagt seni ýeke taşlamaryn.
**B.** Dözümli hem mert bol!
**Ç.** Diňe dözümli hem mert bol!
**D.** Onuň tutuş kanunyny dykgat bilen ýerine ýetir...şonda nirä gitseň-de üstünlik gazanarsyň.
**E. Goý, Töwradyň sözleri, Kanun kitaby seniň diliňden düşmesin.**
**E. Ony gije-gündiz aňyňda sakla,**
**D.** Şondaky ýazylanlaryň hemmesini dykgat bilen ýerine ýetir, şonda seniň ähli işleriňde üstünlik we abadanlyk hemraň bolar.
**Ç.** ... dözümli hem mert bol!
**B.** Gorkma we dowla düşme.
**A.** ... çünki sen nirä gitseň-de, nirede bolsaň-da, Hudaýyň Reb seniň bilendir!

Bu goşguda esasy pikir näme? [4]

Eger Ýeşuwa muny ýerine ýetirse, munuň netijesi näme bolar? (7-nji aýat) [5]

Näme üçin oňa gorkmak ýa-da dowla düşmek gerek däl? (9-njy aýat) [6]

# Berjaý Bolma

**Ýeşuwa kitabyndan 21:43–45-i** okaň

Hudaýyň Ybraýyma wada beren ýurdunyň haýsy bölegini ysraýyllar Ýeşuwanyň ýolbaşçylygynda basyp aldylar? (43-nji aýat) [7]

Hudaý olara başga ýene näme berdi? (44-nji aýat) [8]

Mukaddes Ýazgynyň bu parçasyna laýyklykda, Hudaýyň näçe wadasy amala aşdy? (45-nji aýat) [9]

Bu gudrat boldy! Ýöne bu ysraýyllar üçin aňsat bolmady. Olar her şäher üçin söweşmeli boldular. Emma ahyrsoňunda, Hudaý ysraýyllara parahatçylyk we şatlyk höküm sürýän ýeri berdi. Bu Hudaý bilen olaryň öýi bolmalydy!

## Näme Üçin Olara Bu Adamlardan Dynmak Gerek Boldy?

Dünýäniň nury bolmagy üçin, halk Wada berlen ýurtdan duşmanlaryny kowup çykarmalydy.

Bu duşmanlar başga hudaýlara sežde etdiler we olar elhenç zatlary etdiler, munuň üstesine-de olar öz çagalaryny ýakyp gurban etdiler.

Hudaý bu adamlaryň edýän zatlaryny ýigrendi we Ol ysraýyllaryň bu erbet işleri gaýtalamaklaryny islemedi.

Näme üçin olara bu adamlardan dynmak gerek boldy? [10]

# Täze Äht

Isanyň döwründe, grek dili dünýäniň bu böleginde hemmeleriň ulanýan dilidi. Şonuň üçin Täze Äht grek dilinde ýazylan.

Täze Äht haýsy dilde ýazylan? [11]

Köne Äht haýsy dilde ýazylan? [12]

Ýewreýçe "Ýeşuwa" ady grekçe "Isa" diýmegi aňladýar.

Isanyň ady nämäni aňladýar? (Matta 1:21) [13]

Ýeşuwa Isanyň keşbidir. Isa biziň wepaly ýolbaşçymyz, Ol bizi halas eder we bizi Täze Ýaradylyşa, baky wada berlen ýere sag-aman elter! Bu Köne Ähtdäki Wada berlen ýurda garanda has ajaýyp bolar! Bu dünýä biziň öýümiz däl. Biz hakyky öýümize tarap ýolda barýarys!

Isa günäsizdi! Ol Hudaýyň kanunyna doly tabyn boldy. Ol ondan "saga ýa-da çepe öwrülmedi" (Ýeşuwa 1:7). Çölde iblis tarapyndan synag edilende, Isa Hudaýyň sözi bilen "söweşdi" (Matta 4:1–11).

Isanyň Ýeşuwa nähili meňzeşligi bar? [14]

Isa Ýeşuwadan nähili tapawutlanýar? [15]

# Hudaý bu gün biziň nähili söweş alyp barmagymyzy isleýär?

Bu gün Wada berlen ýurt ýok. Hudaý bizi hakyky bir bölek ýer üçin söweşmäge we ol ýerde Hudaýa boýun egmeýänleriň hemmesini ýok etmäge çagyrmaýar. Biziň esasy wezipämiz sözlerimiz we söýgimiz arkaly adamlara mukaddes Hudaýyň bardygyny görkezmekden ybarat. Hudaý olary örän güýçli söýýär, olarda baky ýaşaýşyň bolmagy üçin, Ol olaryň günäleri üçin Öz Ogluny ölmäge berdi. Olar tutuş dünýäniň Hudaýyna garşy baş galdyrandyklary üçin toba etmekleri gerek!

Bu gün biziň wezipämiz näme bolup durýar? [16]

Biz ruhy söweş alyp barýarys. Iblis bizi hemişe Hudaýa boýun bolmazlyga çagyrýar. Ebedi Wada berlen ýere ýetmezden öň, biziň öňümizde köp söweşler bolar.

**Ýeşuwa 1:16–17:** Ysraýyllar Ýeşuwa näme wada berdiler? [17]

Ysraýyllar ýeňiş gazanmaklary üçin ähli zatda özleriniň ýolbaşçysy Ýeşuwa tabyn bolmalydylar. Edil şuňa meňzeşlikde, biz hem ýeňiş gazanar ýaly ähli zatda öz ýolbaşçymyz Isa tabyn bolmaly.

Hudaý Öz halkyny Wada berlen ýurda alyp baryp bilmegi üçin Ýeşuwa bilen boldy. Emma Isanyň Özi adama öwrülen Hudaýdy. Şeýlelikde, Ol ikisi hem biziň bilen bolýan Hudaý we bizi ebedi wada berlen ýere alyp barýan baştutandyr.

Isa esgerlerine (Öz yzyna eýerijilere) Matta 28:20-de näme wada berdi? [18]

Şeýlelikde, biz Ýeşuwa 1:5b–7-ni Isanyň bize ýüzlenýän sözleri hökmünde okap bilýäris.

Isanyň hemişe biziň bilendigini, Onuň bizi dözümli we mert edýändigini bilmegimiz üçin biz näme etmeli? [19]

Hudaýyň sözüni okanymyzda, Hudaý bize batyrgaýlyk berýär we gorkymyzy aýyrýar!

Ysraýyllaryň her bir şäher üçin söweşmeli bolşy ýaly, biz hem her bir günäli pikire we herekete garşy göreşmeli.

- Biz kimi halamaýarys?
- Biz kimi bagyşlamadyk?
- Haçan biz adamymyza ýa-da aýalymyza garanda özümizi has köp söýýäris?
- Biz gaharlananymyzda, ýakynymyzdakylaryň üstüne gygyrýarysmy?
- Telefonymyzda biz erbet zatlara seredýärismi?

Nuh baradaky sapak ýadyňyzdamy? Bize daşymyzdan gowy görünmek aňsat, içimizden bolsa, biz çüýrän miwä meňzeýäris. Hudaýdan özüňizi nähili üýtgetmek isleýändigini görkezmegini soraň. Şonda siz ençeme adamlara baky Wada berlen ýere ýetmäge, Isanyň yzyna eýermäge kömek edip bilersiňiz!

## Gündelik Ýumuşlar

Her gün ruhy ýaraglaryňyzy dakynyň (Efesliler 6:10–18), şonda siz şeýtanyň bize atýan her bir okuna garşy berk durup bilersiňiz. Ýatda saklaň, Hudaý biziň üçin söweşýär we bizi halas eder. Biziň wezipämiz mundan el çekmeli däl ýa-da gaçmaly däl!

# Jogaplary

1 – Ýeşuwa.
2 – Hudaýyň halkyny Wada berlen ýurda getirmek üçin.
3 – Hudaý olary süýt bilen bal akýan üýtgeşik gowy ýere alyp barmagy wada berdi (mes toprakly ýer, köp mal-garalar bolan ýer).
4 – Goý, Töwradyň sözleri, Kanun kitaby seniň diliňden düşmesin.
5 – Ol nirä gitse-de üstünlik gazanar.
6 – Çünki ol nirä gitse-de, Hudaýy Reb onuň bilen bolar!
7 – Ähli ýerini.
8 – Ol olara ähli duşmanlaryndan parahatlyk berdi.
9 – Olaryň ählisi amala aşdy.
10 – Hudaý bu adamlaryň eden zatlaryny ýigrenýärdi we Ol ysraýyllaryň bu erbet işleri gaýtalamaklaryny islemeýärdi.
11 – Grek dilinde.
12 – Ýewreý dilinde.
13 – Hudaý halas edýär.
14 – Olaryň ikisiniňem ady "Hudaý halas edýär" diýmegi aňladýar, ikisi hem Hudaýyň halkyny halas edýär we Wada berlen ýere alyp barýar.
15 – Ýeşuwa ynsan bolupdyr, şonuň üçin ol kämil däldi. Isa Hudaýyň kanunyna doly tabyn boldy.
16 – Bize sözlerimiz we söýgimiz arkaly adamlara özlerini söýýän mukaddes Hudaýyň bardygyny görkezmek gerek. Olara toba etmek gerek!
17 – Olar Oňa tabyn boljakdyklaryna söz berdiler.
18 – Men tä dünýäniň ahyryna çenli hemişe siziň bilen bolaryn.
19 – Bize Hudaýyň Sözüni okamak gerek, ony aňymyzda saklamak gerek we oňa tabyn bolmak gerek.

## 16-njy Sapak:

# Ysraýyl Serdarlary



Ysraýyl serdarlary kitabynda ençeme örän gorkunç wakalar bar. Bu bize nä derejede Halasgäriň gerekdigini görkezýär. Ol bu garaňky dünýäde Nur boljak Halasgärdir!

Haçanda biz Mukaddes Kitapda elhenç wakalary okanymyzda, bu bize nämäni ýatladýar? [1]

Dünýäniň Nury kim? (Ýohanna 8:12) [2]

Serdarlar Hudaýyň halkynyň ýolbaşçylary we halasgärleri boldular. Bu Ýeşuwa bilen birinji patyşa Şawulyň aralygyndaky döwürde boldy. Bu 300 ýyl dowam etdi. Bu döwür b.e.öň 1300–1000-nji ýyllar töweregi boldy.

Serdarlar kim boldular? [3]

## Aýlaw

**Ysraýyl serdarlary 2:6–19-y** okaň

Hudaý halka Wada berlen ýurdy berdi, şeýdip, olar dünýäniň nury bolup bilýärdiler. Şeýle hem beýleki halklar özleriniň nähili ýaşamalydygyny we hakyky Hudaýa nähili sežde etmelidigini olardan görüp bilýärdiler.

Emma ysraýyl serdarlary kitabynda biz ysraýyllaryň Hudaýa tabyn bolmandyklaryny görýäris.

Munda öz-özüni gaýtalaýan bäş bölümli aýlaw bar:

1. Ysraýyllar başga hudaýlara sežde edýärler.
2. Hudaý olary jezalandyrýar we olary duşmanlarynyň eline berýär.
3. Olar kömek sorap, Hudaýa ýalbarýarlar.
4. Hudaý olara özlerini halas eder ýaly serdar berýär.
5. Serdar ölýär.

Şundan soň aýlaw gaýtalanýar.

Serdarlar kitabynda aýlawyň bäş bölümi haýsylar? [4]

# Serdarlar Bilen Ýüze Çykan Dört Mesele

## 1. Serdarlar biziň üçin yzlaryna eýermäge gowy görelde bolmadylar.

Bu kitapdaky serdarlar biziň üçin gowy görelde bolmadylar!

Meselem:

1. **Gidegon gorkdy** (6:27). Biz Hudaýy öl we gury goýun ýüňi bilen synamaly däl! (6:36–40)
2. **Ýeftah** samsyk kasam içendigi üçin öz gyzyny öldürdi. (11:29–40).
3. Iň meşhur serdar — **Şimşondyr**. Ol örän güýçli bolupdyr. Ol başga hudaýlara sežde edýän piliştli gyza öýlendi (14:1–2). Ol zyna edýän ahlaksyz aýallaryň ýanyna gitdi. Ol saçyny syrmazlyk baradaky beren wadasyny bozdy (16-njy bap) — şeýdip, ol öz beýik güýjüni ýitirdi. Şeýle hem ol hemişe ar aldy.

Olar biziň üçin gowy görelde bolmadylar!

### Täze Ähtde

Biziň üçin gowy görelde bolýan Halasgär bar. Biz Onuň yzyna eýerip bileris. Ol gorkmady, Ol günäsiz adamy öldürmedi, Ol ar almady we Ol päk durmuşda ýaşady.

Bu adam kim? 1 Petrus 2:21–23-e serediň. [5]

## 2. Serdarlar diňe wagtlaýyn halas edip bildiler..

Serdar ölende näme boldy? (2:19) [6]

### Täze Ähtde

Bizde ebedilik halas edip bilýän Halasgär bar!

**Ýewreýler 7:25:** *Şeýlelikde, Isa Özi arkaly Hudaýa gelýänleri ebedilik halas etmegi başarýandyr. Çünki Isa Mesih olar üçin hemişe Hudaýa töwella edýär.*

Näme üçin Isa bizi ebedilik halas edip bilýär? [7]

## 3. Serdarlar günä meselesini çözmegi başarmadylar.

Bütin Serdarlar kitabynda biz ysraýyllaryň gitdigiçe erbetleşýändigini görýäris.

Hudaýyň Öz halkyna söýgüsini üznüksiz görkezmegi ajaýypdyr!

Ondan kömek sorap ýalbaranlarynda, Ol näme etdi? (meselem 3:9) [8]

Emma serdar ölende, näme bolup geçdi? (2:19) [9]

## Täze Ähtde

Bizde günä meselämizi çözen Halasgärimiz bar!

Hudaý näme etdi? (1 Ýohanna 4:9–10) [10]

Hudaý bize näme berdi? (Resullaryň işleri 2:38) [11]

Mukaddes Ruh bizi Isa örän köp meňzeş edýär. Ol biziň durmuşymyzda işleýärkä, biz örän az günä edýäris, günlerde bir gün biz Isa bilen Täze Ýaradylyşda hiç bir günäsiz ýaşarys!

## 4. Serdarlar halky özleriniň Patyşasy — Hudaýa boýun egmäge yryp bilmediler.

Zebur 43:5-de Hudaý nähili suratlandyrylýar? [12]

Kanun taglymaty 33:5-de Musa Hudaýyň "Ýeşuruna (Ysraýylyň ady) patyşa bolandygyny" yglan edýär.

Emma **Ysraýyl Serdarlary 21:25** näme diýýär? [13]

Ysraýyllar özlerinde patyşa ýok ýaly ýaşadylar. Olary dolandyrmaga hiç kim ýokdy. Olar Ýahweniň patyşalygy astynda ýaşamaklaryny bes etdiler. Olar öz isleýişleri ýaly ýaşadylar we has beter erbetleşdiler. Bu gaty erbet boldy!

Dogry zady etmek üçin ysraýyllara näme etmek gerekdi? [14]

Hudaý beýleki milletler ýaly ysraýyllaryň hem özlerinde patyşanyň bolmagyny islejekdiklerini bildi. Şonuň üçin Hudaý olara boljak patyşa barada näme aýtdy? (Kanun taglymaty 17:14–20-ä serediň) [15]

Gowy patyşa tutuş halky Hudaýyň kanunlaryna tabynlykda alyp barmaly.

Köne ähti okanymyzda, Ysraýylyň ähli patyşalarynyň durmuşynda nädogry işler edendigini görýäris. Emma Hudaý Öz halkyna günlerde bir gün olary Hudaýyň kanunlaryna tabynlykda alyp gitjek bir kämil Patyşany iberjekdigini aýtdy.

## Täze Ähtde

Bu aýatlarda Isa nähili atlandyrylýar?

**Matta 2:2** [16]

**Matta 27:37** [17]

**Aýanlyk 19:16** [18]

Isa — bize gerek Patyşa! Ol kämil durmuşda ýaşady we kanuny amala aşyrdy (Matta 5:17).

Serdarlaryň nähili dört meselesi bolupdyr? [19]

Kim biziň üçin gowy görelde bolup durýar? [20]

Kim bizi ebedilik halas edip bilýär? [21]

Günä meselesini kim çözüp bilýär? [22]

Kim kämil Patyşa? [23]

**Siz öz patyşaňyza nähili sežde edýärsiňiz?**

# Serdarlar Kitabyndan Biz Näme Öwrenýäris?

## 1. Mesihi dälleriň edýän işlerine ökünmek örän aňsat bolýar.

Olar nämä sežde edýärler? [24]

**Kanun taglymaty 6:5:** *Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli güýjüňiz bilen jan-tenden söýüň.*

Hudaý bizden näme isleýär? [25]

## 2. Günä ýüz öwürerden örän güýçlidir. Bize kömek gerek.

**Ýohanna 8:36:** *Şonuň üçin hem Ogul sizi azat etse, siz, hakykatdan hem, azat bolarsyňyz.*

Biz nädip günä etmegimizi goýup bilýäris? [26]

Diňe Isa bizi günämizden halas edip bilýär we diňe Isa biziň ýüregimizi üýtgedip bilýär!

## 3. Hudaý bizi jezalandyrýar, sebäbi Ol bizi söýýär.

**Ýewreýler 12:5–6:** *Oglum, Rebbiň terbiýesine biperwaý bolma, Onuň käýinjine ruhdan düşme. Çünki Reb söýýänini terbiýeleýändir, kabul eden perzendine temmi berýändir.*

Reb kimi jezalandyrýar? [27]

Haçanda size nämedir bir erbet zat bolanda, munuň üsti bilen Hudaýyň size näme öwretmek isleýändigini soraň.

Bu ähli erbet zatlaryň Hudaýyň jezasydygyny aňlatmaýar. Adamlara olaryň erbet zada duçar bolandyklary Hudaýdan berlen jeza diýip aýtmak gowy däldir. Beýlekilere rehimdarlyk bilen garamaly!

**Rimliler 8:28–29:** *Biz Hudaýy söýýänler we Onuň maksadyna görä çagyrylanlar üçin hemme zadyň olaryň peýdasyna edilýändigini bilýäris. Çünki Hudaý olary ezelden saýlap-seçdi we* ***Ogluna meňzetmegi owaldan karar etdi****. Ol muny Isa Mesihiň köp sanly doganlarynyň arasynda nowbahar bolmagy üçin amal etdi.*

Hudaý biziň durmuşymyzda kynçylyklary nähili ulanýar? [28]

## 4. Hudaý wepaly, merhemetli we rehim-şepagatly.

Biziň ençeme gezekler Ondan ýüz öwrendigimize garamazdan, Ol bizi hemişe eşidýär we Ondan kömek sorap ýalbaranymyzda bizi halas edýär. Käbir adamlar Isanyň yzyna eýermeklerini ýa-da ýygnaga gelmeklerini bes edýärler, sebäbi olar özlerini gaty köp nädogry kararlar eden ýaly duýýarlar. Emma Hudaý hemişe bagyşlaýar, hemişe täzeden dikeldýär we hemişe söýýär.

**Zebur 144:8:** *Reb merhemetli hem rehimli, giň göwünli, sadyk söýgä baýdyr.*

Biz erbet iş edenimizde nämäni ýatlamalydyrys? [29]

Biz Serdarlar kitabyndan näme öwrenýäris? [30]

Ähli erbet zatlar — bu Hudaýdan jezamy? [31]

Biz başgalara nähili garamaly? [32]

Biz kynçylyklar barada näme bilýäris? [33]

## Hudaý bu kitabyň üsti bilen bu gün size näme öwretdi?

# Jogaplary

1 – Bize Halasgär gerek.
2 – Isa!
3 – Serdarlar Ýeşuwa bilen birinji patyşa Şawulyň aralygyndaky döwürde Hudaýyň halkynyň ýolbaşçylary we halasgärleri boldular.
4 – 1. Ysraýyllar başga hudaýlara sežde edýärler.
2.Hudaý olary jezalandyrýar we olary duşmanlarynyň eline berýär.
3.Olar kömek sorap, Hudaýa ýalbarýarlar.
4.Hudaý olara özlerini halas eder ýaly serdar berýär.
5.Serdar ölýär.
5 – Isa!
6 – Ysraýyllar ýene-de başga hudaýlara sežde etdiler we bu gitdigiçe has erbetleşdi.
7 – Sebäbi Ol ebedi ýaşaýar!
8 – Ol olara Halasgär iberdi.
9 – Ysraýyllar ýene-de başga hudaýlara sežde etdiler we bu gitdigiçe has erbetleşdi.
10 – Ol biziň günälerimiz üçin rehim-şepagat eder ýaly, Öz Ogluny iberdi.
11 – Ol bize Mukaddes Ruh berdi.
12 – Meniň patyşam.
13 – *Şol döwürde ysraýyllaryň patyşasy ýokdy; her kim öz göwnüne gelenini ederdi.*
14 – Olara özlerini gulçulykdan halas eden Patyşa — Ýahwe tabyn bolmak gerekdi.
15 – Ol ysraýyl adamy bolmaly (ýagny Ýahwe sežde edýän bolmaly). Ol köp aýal, at, altyn, kümüş edinmeli däl. Ol Hudaýyň kanunlaryny bilmeli we olary ýerine ýetirmeli.
16 – Ýahudylaryň patyşasy.
17 – Ýahudylaryň patyşasy.
18 – Şalaryň Şasy, taňrylaryň Taňrysy.
19 – Serdarlar biziň üçin yzlaryna eýermäge gowy görelde bolmadylar.
Serdarlar diňe wagtlaýyn halas edip bildiler.
Serdarlar günä meselesini çözmegi başarmadylar.
Serdarlar halky özleriniň Patyşasy — Hudaýa boýun egmäge yryp bilmediler.
20 – Isa!
21 – Isa!
22 – Isa!
23 – Isa!
24 – Olar dini zatlara, ölen adamlara, öz telefonyna, öz ulagyna, öz kaşaň öýüne sežde edýärler.
25 – *Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli güýjüňiz bilen jan-tenden söýüň.*
26 – Bizi Isanyň halas etmegi gerek.
27 – Öz söýýänlerini.
28 – Hudaý ähli kynçylyklary biziň Isa has köp meňzemegimiz üçin ulanýar.
29 – Ýagny Hudaý bizi hemişe eşidýär we Ondan kömek sorap ýalbaranymyzda bizi halas edýär.
30 – Mesihi dälleriň edýän işlerine öýkünmek örän aňsat bolýar.
Günä ýüz öwrerden örän güýçlidir. Bize kömek gerek.
Hudaý bizi jezalandyrýar, sebäbi Ol bizi söýýär.
Hudaý wepaly, merhemetli we rehim-şepagatly.
31 – Ýok.
32 – Rehimdarlyk bilen!
33 – Hudaý ähli kynçylyklary biziň Isa has köp meňzemegimiz üçin ulanýar.

# 17-nji Sapak:

# Patyşalar



## 1-nji we 2-nji Şamuwel

Rus dilindäki Mukaddes Kitapda 1-nji we 2-nji Patyşalar kitaplary türkmen dilindäki Mukaddes Kitapda 1-nji we 2-nji Şamuwel diýlip atlandyrylýar, şeýle hem rus dilindäki Mukaddes Kitapda 3-nji we 4-nji Patyşalar kitaplary türkmen dilindäki Mukaddes Kitapda 1-nji we 2-nji Patyşalar diýlip atlandyrylýar!

**1-nji Şamuwelde** biz Şamuwel, Şawul we Dawut barada öwrenýäris.

**Şamuwel** — ol pygamber we soňky serdar bolupdyr. Ol ysraýyllara Hudaý barada öwretdi we olara öz günälerini görkezdi.

Emma ysraýyllar beýleki milletler ýaly bolmak islediler: Olar Hudaýyň özleriniň patyşasy bolmagyny islemediler, olar hakyky ynsan patyşa islediler. Şonuň üçin Hudaý olara Şawuly berdi.

**Şawul** birinji patyşa boldy. Ol Hudaýa boýun bolmanda, Hudaý onuň indi patyşa bolup bilmejekdigini aýtdy.

Soňra Hudaý olara başga patyşa berdi — onuň ady näme? [1]

Ol nähili adam bolupdyr? **(Resullaryň işleri 13:22)** [2]

**Dawut** Ysraýylyň iň beýik patyşasy boldy. Biz Dawudyň patyşalygy barada **2-nji Şamuwelde** okaýarys. Biz ol barada indiki sapakda gürrüň ederis.

Şamuwel kim bolupdyr? [3]

Şawul kim bolupdyr? [4]

Dawut kim bolupdyr? [5]

# 1-nji we 2-nji Patyşalar

Dawutdan soň indiki patyşa kim boldy? [6]

Ol näme gurdy? **(1-nji Patyşalar 6:1–2)** [7]

Ol nähili adam bolupdyr? **(1-nji Patyşalar 10:23)** [8]

Süleýmanyň patyşalyk eden döwründe ysraýyllaryň durmuşy nähili bolupdyr? **(1-nji Patyşalar 4:25)** [9]

Bu Täze Ýaradylyşyň keşbi boldy!

Emma soňra Süleýman günä etdi. Ol näme etdi? **(1-nji Patyşalar 11:1–13)** [10]

Şeýlelikde, biz Süleýmanyň patyşalygy nähili weýran edendigini görýäris.

Hudaýyň oňa gahary geldi. Şonuň üçin onuň oglunyň patyşalyk eden döwründe Hudaý patyşalygy ikä böldi:

Demirgazyk bölegi **Ysraýyl** diýlip atlandyryldy we oňa on tire degişlidi.

Günorta bölegi **Ýahuda** diýlip atlandyryldy, oňa iki tire degişlidi: Benýamin we Ýahuda.



Demirgazyk bölegininň ady nämedi? [11]

Günorta bölegininň ady nämedi? [12]

# Ysraýyl

200 ýylyň dowamynda Ysraýylyň üstünden 20 sany erbet patyşa hökümdarlyk etdi. Olar başga hudaýlara sežde etmekligi goldadylar. Ysraýylyň patyşalary gitdigiçe has erbetleşdiler. Hudaýyň halky gitdigiçe Hudaýdan has daşlaşdy.

Ahyrsoňy, Hudaý Ysraýyly basyp almak üçin Aşur imperiýasyny iberdi. Olar köp adamlary öldürdiler we köp adamlary ýesir edip, Aşura alyp gitdiler. Bu b.e.öň 722-nji ýylda (Isa dogulmazdan 722 ýyl öň) bolup geçdi (2-nji Patyşalar 17:5–23). Karta serediň, ondaky çyzyklar adamlaryň nirä sürgün edilip äkidilendigini görkezýär.




Ysraýyl patyşalarynyň näçesi gowy bolupdyr? [13]

Biziň eramyzdan öň 722-nji ýylda Ysraýyly kim basyp aldy? [14]

# Ýahuda

350 ýylyň dowamynda Ýahudanyň üstünden 20 patyşa hökümdarlyk etdi. Käbir patyşalar gowy, käbirleri erbet patyşalar boldular. Şonuň üçin Ýahuda halky edil ysraýyl halky ýaly gitdigiçe Hudaýdan has daşlaşdy.

Ahyrsoňy, Hudaý Ýahudany basyp almak üçin Babyl imperiýasyny iberdi. Olar köp adamlary öldürdiler we köp adamlary ýesir edip, Babyla alyp gitdiler. Bu b.e.öň 586-njy ýylda (Isa dogulmazyndan 586 ýyl öň) bolup geçdi (2-nji Patyşalar 25-nji bap). Olaryň sürgün edilip nirä äkidilendigini görmek üçin karta serediň.




Ýahuda patyşalarynyň näçesi gowy bolupdyr? [15]

Biziň eramyzdan öň 586-njy ýylda kim Ýahudany basyp aldy? [16]

## Hudaýyň hökümi gutarnyklydyr:

**Musanyň** ýolbaşçylygynda halk azat edildi, emma olar häzir ýene gulçulykda.

**Ýeşuwanyň** ýolbaşçylygynda ýurt halka berildi. Häzir olar öz ýurduny ýitirdiler.

**Şamuweliň** ýolbaşçylygynda halka patyşa berildi. Häzir patyşa agdaryldy.

**Dawudyň** ýolbaşçylygynda halk duşmanlary ýeňip, erkinlikden lezzet aldylar. Häzir olar ýeňildiler.

**Süleýmanyň** ýolbaşçylygynda Hudaýyň adamlar bilen bile bolmagy üçin ybadathana guruldy.

Häzir ybadathana weýran edildi.

Hudaý Özüne tabyn bolýan adamlary ýalkamak we Özüne yzygiderli tabyn bolmaýanlary jezalandyrmak baradaky wadalaryny saklaýar (Kanun taglymaty 28:1–2, 15).

Köne Ähtde Hudaýyň Öz wadalaryny saklaýandygyny biz nädip görüp bilýäris? [17]

Hudaý günäni jezalandyrmaly, emma geň galdyryjy zat, Ol diňe bir adalatly Hudaý bolman, eýsem rehimdar Hudaýdyr.

Ýahuda sürgüni başlanandan ýetmiş ýyl geçenden soň näme boldy? (2-nji Ýyl Ýazgylary 36:20–23) [18]

Şeýle hem Hudaý Dawudyň nesillerini gorady. Hudaý Dawuda onuň nesillerinden biriniň ebedilik hököm sürjek kämil patyşa, Mesih boljakdygyny wada berdi. Halk sürgünlikden Ýahuda gaýdyp gelenlerinde, olaryň arasynda Zerubabel atly Dawudyň nesli bardy.

Muňa garamazdan Hudaýyň halky indi hiç haçan (diňe Isadan ýüz ýyl öň gysga döwürden başga wagty) özge ýat ýurtlaryň gözegçiliginden azat bolmady. Olar özlerinde azatlyk bolmagyny, özleriniň ýurdunyň bolmagyny, özlerinde gowy patyşa, duşmanlaryndan parahatçylyk, Hudaýa hakyky sežde edip bilerleri ýaly ýerleriniň bolmagyny küýsediler.

# Täze Äht

Isa näme getirmek üçin geldi? (**Mark 1:14–15**) [19]

Patyşa kim? (**Matta 2:2**) [20]

**Matta 12:42**-de Isa nähili suratlandyrylýar? [21]

Ýahudylar Isanyň döwründe Mesihe garaşýardylar. Ol Süleýmanyň patyşalygy ýaly şöhratly patyşalygy getirmelidi. Emma Isanyň Patyşalygy Süleýmanyň patyşalygyna garanda has ajaýyp bolar. Isanyň Patyşalygynda has köp parahatlyk, has köp baýlyk we has köp şatlyk bolar!

Biz Isanyň ajaýyp patyşalygyna nädip düşüp bileris? [22]

## Sen durmuşyňyň haýsy ugurlarynda Isa Patyşa tabyn bolmaýarsyň?

## Jogaplary

1 – Dawut.
2 – Ol Hudaýy söýdi.
3 – Ol pygamberdi we serdardy.
4 – Ol birinji patyşa boldy.
5 – Ol ikinji patyşa boldy we ol Ysraýylyň iň beýik patyşasy boldy.
6 – Onuň ogly Süleýman.
7 – Ol ybadathana gurdy.
8 – Hudaý ony tutuş dünýäde iň akylly we iň baý adam etdi.
9 – Hudaý onuň patyşalygyny örän baý we parahat etdi.
10 – Ol özge halklardan bolan köp aýallara öýlendi we soňra olaryň hudaýlaryna sežde etdi.
11 – Ysraýyl.
12 – Ýahuda.
13 – 20-siniň ählisi erbet boldy!
14 – Aşurlar.
15 – 20 patyşadan käbirleri gowy, käbirleri bolsa erbet patyşalardy.
16 – Babyllar.
17 – Ol Özüne tabyn bolýanlary ýalkaýar. Ol olara azatlyk, ýer, patyşa, duşmanlaryndan parahatlyk we Hudaýa sežde edip bilerleri ýaly ybadathana berdi. Şeýle hem Ol Özüne yzygider boýun egmeýänleri jezalandyrýar we olary bu bereketlerden mahrum edýär.
18 – Täze patyşa, Kureş atly pars patyşasy ysraýyllara öýlerine dolanyp biljekdiklerini we ybadathanany täzeden gurup biljekdiklerini aýtdy.
19 – Hudaýyň Patyşalygy.
20 – Isa.
21 – Süleýmandan has beýik bolan Biri.
22 – Biz Isanyň Patyşalygyna tabyn bolmaly!

18-nji Sapak:

# Dawut — iň Beýik Patyşa!






Dawut haçan ýaşady? [1]

Dawut patyşanyň şalygyndan soň, Hudaý Öz halky bilen gepleşmek üçin köp pygamberleri iberdi.

Mukaddes Kitaby ýazan pygamberler biziň eramyzdan öň Isa çenli 800-nji ýyldan 400-nji ýyl aralygynda ýaşadylar.

Biziň eramyza çenli 400-nji ýyldan soň Hudaý hiç hili pygamber ibermedi.

Mukaddes Kitaby ýazan pygamberleri Hudaý haýsy ýyllarda iberdi? [2]

Hudaý Dawudy günlerden bir gün Hudaýyň iberjek Patyşasy Mesihe Öz halkyny taýýarlamak üçin ulandy. Dawudyň durmuşy Mesihiň keşbi boldy we Hudaý Dawuda Mesih barada adatdan daşary wadalar berdi.

## Dawut Mesihiň Keşbi Boldy

### 1. Ol Beýtullahamda doguldy.

Dawut nirede doguldy? **(1-nji Şamuwel 17:12)** [3]

Isa dogulmazyndan 700 ýyl öň Mika pygamberiň sözlerine görä, günlerde bir gün Hudaýyň Mesihi nireden geler? **(Mika 5:2)** [4]

Täze Ähtde Isa nirede doguldy? **(Luka 2:4–7)** [5]

## 2. Ol Hudaýyň halkyny halas etdi.

1-nji Şamuwel 17:48–53-de Dawut äpet Jaludy öldürende, ol ysraýyllar üçin näme etdi? [6]

Täze Ähtde Isa haçda ölende, Ol Özüne ynanýanlar üçin näme etdi? **(Ýohanna 3:16–17; Kolosiýalylar 1:22; Ýewreýler 2:14)** [7]

Şeýlelikde, Dawut Mesihiň keşbidir, Gelip çykyş 3:15-de Hudaýyň wada berşi ýaly, Mesih iblisi ýok eder.

## 3. Ol köp ejir çekip, mesh edildi.

Köne Ähtde kim mesh edildi? **(Lewiler 21:10; 1-nji Şamuwel 10:1)** [8]

Köne Ähtde Şawul patyşa Dawudy yzarlady (Siz bu barada **1-nji Şamuwel 18–31-nji** baplarda okap bilersiňiz). Şol döwürde Dawut köp mezmurlary (Zeburdaky nagmalary) ýazdy, bular Mesih baradaky pygamberlige öwrüldi.

Mesih sözi “mesh edilen” diýmegi aňladýar. Täze Ähtde Isa Mesih — Hudaýyň wada beren Patyşasy ýa-da mesh edenidir. Ol — biziň üçin ejir çekip, haçda ölen Mesihdir.

Dawut nähili ejir çekdi? [9]

Dawut ejir çeken döwründe näme ýazdy? [10]

Isa nähili ejir çekdi? [11]

## 4. Ol beýik patyşa boldy.

Ahyrsoňy, Dawut Ysraýylyň iň beýik patyşasy boldy. Onuň patyşalygynyň ahyrynda, Ysraýyl gündogarda Ýewfrat derýasyndan, günbatarda tä Müsüre çenli ýaýrady.

Täze Ähtde Isa patyşalaryň Patyşasy, Ol tutuş ýer ýüzüne hökümdarlyk eder! (Filipililer 2:9–11)

Dawut we Isa nähili patyşalar boldular? [12]

Dawut haýsy 4 usul boýunça Mesihiň geljeginiň nusgasy boldy? [13]

1.

2.

3.

4.

# Mesihi Görkezýän Wadalar

**2-nji Şamuwel 7:1–16-ny** okaň.

Şol wagta çenli ol ýerde ybadathana ýokdy we ysraýyllar Hudaýa Mukaddes çadyrda sežde edipdirler.

Emma bu bapda Dawut näme etmek isleýär? [14]

Näme üçin? [15]

Hudaý Dawutdan köp razy boldy. Emma Hudaýda has gowy meýilnamalar bardy. Hudaý Dawudyň ogly Süleýmanyň ybadathana gurmagyny isledi.

Muňa garamazdan Hudaý Dawuda üç sany ajaýyp wadalar berdi.

Hudaý 10-njy aýatda näme wada berdi? [16]

Hudaý olara hiç gutarmajak we hiç kimiň zaýalamajak ýerini bermek isleýär.

Emma biz ysraýyllaryň Hudaýyň garşysyna baş galdyrmaklaryny dowam edendiklerini bilýäris.

Öz Hudaýy bolmagyny islemänlerinde, Hudaý öz halkyna nädip baky howpsuz ýer berip biler?

Şeýlelikde, pygamberler baky howpsuz öý baradaky wadanyň adamlara Mesih gelende ajaýyp geljegiň boljakdygyny görkezendigine düşünip başladylar (meselem Işaýa 60:11).

Hudaý 15-nji aýatda näme wada berdi? [17]

Dawudyň ogly ybadathana gurar. Ybadathana — Hudaýyň Öz halky bilen ýaşajak ýeridir. Emma Hudaý Özüne garşy hemişe baş galdyrýan halk bilen ýaşap bilmedi.

Şeýlelikde, pygamberler bu wadanyň hem adamlara Mesihiň ebedi barlygyny görkezendigine düşünip başladylar (meselem Ezekiýel 48:35).

Hudaý 12-nji, 13-nji we 16-njy aýatlarda näme wada berdi? [18]

Emma patyşalar gitdigiçe has beter erbetleşenlerinde, bu nähili amala aşyp biler?

Şeýlelikde, pygamberler bu wadalaryň ählisiniň adamlara Dawudyň neslinden geljek Mesihiň Patyşalygyny — kämil Patyşany görkezendigine düşünip başladylar (meselem Işaýa 9:6–7).

Hudaý Dawuda haýsy üç wadany berdi? [19]

1.

2.

3.

Isa Dawudyň neslindendi. Ol Hudaýyň wada beren baky Patyşasydyr. Ol bizi Özi bilen ebedilik bile ýaşajak baky howpsuz öýüne alyp gider.

**Ýohanna 14:1–3:** *Ýüregiňiz gussa batmasyn. Hudaýa iman ediň, Maňa iman ediň. Atamyň öýünde ýaşamaga ýer köpdür. Şeýle bolmasa, Men size: "Ýer taýynlamaga barýaryn" diýermidim? Gidip, siziň üçin ýer taýynlanymdan soňra, ýene gelip, sizi Öz ýanyma alyp giderin. Meniň bolýan ýerimde siz hem bolarsyňyz.*

Isa bu aýatlarda näme wada berýär? [20]

Şeýle hem biz bu öý barada Aýanlyk kitabynda okaýarys:

**Aýanlyk 21:3–4:** *Hudaýyň mesgeni indi ynsanlaryň arasyndadyr! Ol indi ynsanlaryň arasynda mesgen tutar. Olar Onuň halky bolarlar, Ol hem olar bilen bolup, olaryň Hudaýy bolar.*

Baky howpsuz öýümizde biziň bilen kim ýaşar? [21]

Şeýlelikde, geliň, Hudaýa garşy baş galdyran we Hudaýyň jezalandyrmaly bolan ysrýyllaryna meňzemäliň.

Geliň, Hudaýyň göwnünden turmak üçin jan edeliň we Isa bizi baky howpsuz öýümize alyp gitmek üçin gaýdyp gelende taýyn bolalyň!

### Siz haýsy ýollar bilen Hudaýa baş galdyrýaňyz? Siz öz pikirleriňizde, sözleriňizde we hereketleriňizde haýsy ýollar bilen Hudaýy nägile edýärsiňiz?

### Bize näme etmek gerek? Toba etmek!

## *Goşmaça:* Ybadathana Edil Erem Bagyna Meňzeşdi

Mukaddes çadyr, soňra ybadathana Hudaýyň adamlaryna Erem bagyny ýatlatdy.

- Erem bagynda **owadan agaçlar we güller bardy**. Ybadathana baga meňzeş bolar ýaly edilip bezeldi. Narlar we güller çekildi we ybadathananyň iç tarapynda oýulyp ýasaldy (1-nji Patyşalar 7:16–20).
- Edil Erem bagynda **altynyň we gymmatbaha daşlaryň** bolşy ýaly, ybadathana hem altyn we gymmatbaha daşlar bilen **bezeldi** (1-nji Patyşalar 7:48–50; 2-nji Ýyl Ýazgylary 3:6).
- Edil Erem bagynda **Hudaýyň ýöreýşi** ýaly, mukaddes çadyr (ybadathana) halkyň ortasynda bolanda, Hudaý Öz halkynyň arasynda "ýöredi" (Lewiler 26:11–12).
- Erem bagynyň **çykalgasy gündogar tarapynda bolşy** ýaly, ybadathananyň çykalgasy hem gündogar tarapyndady (Ezekiýel 47:1).
- Erem bagynyň **çykalgasyny keruplaryň goraýşy** ýaly (Gelip çykyş 3:24), keruplaryň şekili hem ybadathananyň perdelerine nagyşlanyp çekildi (2-nji Ýyl Ýazgylary 3:14). Adamlar iň mukaddes otaga girip bilmezleri ýaly, keruplar girelgäni Hudaýyň gorandygyny alamatlandyrdylar. Äht sandygynyň üstünde altyndan ýasalan iki sany kerup durdy. Olar Hudaýyň şeýle mukaddesdigini, adamlar Oňa ýakynlaşyp bilmejekdigini aňladýardylar.
- Erem bagyndan **derýa** akýardy, soňra ol dört derýa bölünip, bütin dünýä ýaşaýyş berýärdi. Ezekiýel 47-nji bapda hem Hudaý geljek barada görnüş berdi, ýagny Täze ybadathanadan derýa akyp, hemmelere ýaşaýyş berýärdi.

Ybadathana Hudaýyň halkyna Erem bagy barada nähili ýatlatdy? [22]

1.

2.

3.

4.

5.

6.

# Jogaplary

1 – Biziň eramyzdan 1000 ýyl öň/Isa dogulmazdan 1000 ýyl öň töweregi.
2 – Biziň eramyzdan öň 800–400-nji ýyllarda.
3 – Beýtullaham diýlip atlandyrylan kiçi şäherde.
4 – Beýtullahamda.
5 – Beýtullaham.
6 – Ol olary piliştlilerden halas etdi.
7 – Ol olary ölümden, günäden, şeýtandan halas etdi.
8 – Baş ruhanylar we patyşalar.
9 – Şawul patyşa ony köp ýyllap yzarlady.
10 – Ol köp mezmurlar ýazdy, olar Mesih baradaky pygamberlige öwrüldi.
11 – Ol biziň üçin haçda öldi.
12 – Dawut Ysraýylyň iň beýik patyşasy boldy we Isa tutuş ýer ýüzüne hökümdarlyk etjek şalaryň Şasydyr!
13 – 1) Ol Beýtullahamda doguldy,
2) ol Hudaýyň halkyny halas etdi,
3) ol köp ejir çekip, mesh edilen patyşa boldy we
4) ol beýik patyşa boldy.
14 – Ol Hudaý üçin kaşaň, owadan ybadathana gurmak isledi.
15 – Ol Hudaýa hormat goýmak isledi.
16 – Hudaý baky howpsuz öý wada berdi.
17 – Onuň söýgüsi hiç haçan olardan alynmaz. Hudaý ebedilik olar bilen bolar!
18 – Hudaý Öz halkynda hemişe patyşanyň boljakdygyny, onuň Dawudyň neslinden boljakdygyny wada berdi.
19 – 1) Hudaý baky howpsuz öý wada berdi;
2) Hudaý ebedilik olar bilen bolar;
3) şeýle hem Hudaý Öz halkynda hemişe patyşanyň boljakdygyny, onuň Dawudyň neslinden boljakdygyny wada berdi.
20 – Ol bizi Öz Atasynyň öýüne (biziň baky howpsuz öýümize) alyp gitmäge geler.
21 – Hudaýyň Özi!
22 – 1) Ol ýerde owadan agaçlar we güller,
2) altyn we gymmatbaha daşlar bardy.
3) Hudaý ol ýerde ýöredi,
4) onuň çykalgasy gündogar tarapyndady,
5) keruplar çykalgany goradylar we
6) derýa (geljek baradaky görnüş) ýer ýüzüne ýaşaýyş berdi.

# 19-njy Sapak:

# Paýhas Kitaplary: Eýýup



Paýhas kitaplary 5 kitapdan ybarat:

Eýýup
Zebur
Süleýmanyň pähimleri
Süleýmanyň Wagyz kitaby
Süleýmanyň Nagmalar nagmasy

Bu bäş kitap bize Hudaýyň göwnünden turup, başgalar üçin ýalkanyş bolmak üçin paýhasly ýaşamaga kömek edýär.

Bu kitaplarda köp goşgylar we aýdymlar bar. Goşgylar we aýdymlar biziň ýüregimize güýçli täsir edýär. Olar köplenç bize iň çuň duýgylarymyzy we emosiýalarymyzy beýan etmäge kömek edýärler. Hudaý bize duýgylar berýär, emma olar köplenç gizlin bolýarlar. Zebur bize ýüregimiziň töründäki duýgylary görmäge ýardam edýär we bu duýgylary Hudaýa açmaga kömek edýär. Haçanda biz şeýle edenimizde, Hudaý bize teselli berip bilýär, şypa berýär we bizi täzeden dikeldýär.

Bu bäş paýhas kitaby adamlaryň başdan geçirýän köp zatlary barada, ejir çekme, söýgi we nädip paýhas tapmalydygy barada gürrüň berýär. Bu bäş kitap hemişe bize Hudaýa tarap öwrülmegi we Onuň ajaýyp sadyklygyny görkezýär.

Hudaý bu kitaplar arkaly biziň bilen gepleşmegi gowy görýär!

Nähili 5 sany paýhas kitaplary bar? [1]

## Eýýup

Eýýup — bu ejir çeken adam baradaky taryhdyr. Bu kitaba düşünmek üçin bize ony doly okamak gerek.

**1-nji we 2-nji baplary** okaň.

Eýýup köp zadyny ýitirýär. Ol näme ýitirýär? [2]

## Biziň Üçin Görelde

1. Ol **1:21**-de näme diýýär? [3]

Siz muny öz sözleriňiz bilen nähili aýdarsyňyz?

Bu biziň üçin ajaýyp göreldedir: hatda biz islendik kynçylyklara duçar bolanymyzda hem, Hudaýy şöhratlamagy öwrenmeli.

2. Ol **2:10-da** näme diýýär? [4]

Siz muny öz sözleriňiz bilen nähili aýdarsyňyz?

Hudaýyň bize berýän ähli zatlarynyň hemmesini, gowusynam, erbedinem biz tabynlyk bilen kabul etmeli.

3. Emma Eýýup kämil adam däldi. Ol Hudaýa gaharlandy.

Ol **3:11-de** Hudaýdan näme soraýar? [5]

Bu hem biziň üçin gowy görelde bolup durýar. Biz Hudaýa öz duýgylarymyz barada gürrüň bermeli. Hudaý düşünýär we Ol biziň Özi bilen ak ýürekden gepleşmegimizi isleýär. Ol biziň öz agyrylarymyz sebäpli Ondan ýüz öwürmegimizi islemeýär. Eýýup öz agyrylarynda we ejir çekmelerinde Hudaýa bil baglamagy öwrendi.

Haýsy 3 ýagdaýda Eýýup biziň üçin görelde bolup durýar? [6]

1.

2.

3.

## Hudaýa Soraglar

Eýýup näme üçin ejir çekýändigini bilmek isleýär. Hudaý onuň soraglaryna jogap bermeýär. Emma soňra 38–41-nji baplarda Hudaý onuň bilen duşuşýar we bu onuň üçin ýeterlik bolýar.

Haçanda Hudaý geplände, biz Hudaýyň biziň soraglarymyza jogap bermäge borçly däldigine düşünýäris. Hudaý hemme zada gözegçilik edýär. Hudaý ähli zadyň üstünden hökümdarlyk sürýär. Bize hemme zada düşünmek gerek däl, bize hemme zatda Hudaýa bil baglamak gerek. Haçanda biz gowy wagtda-da, erbet wagtda-da dogruçyl bolanymyzda, Hudaý hoşal bolýar.

Biz Hudaýdan nämä garaşýarys? [7]

Hudaý bizden nämä garaşýar? [8]

## Şowly Tamamlanma

**42:7–17-ni** okaň.

Köne Ähtde ölümden soň nämäniň bolýandygy gaty düşnükli däl. Bu aýatlar Eýýubyň ähli ejir çekmelerinden soň Hudaýyň ony nähili ýalkandygyny görkezýär. Biz Täze Ähtde Hudaýyň bize bu ýerdäki durmuşymyzda şeýle şowly tamamlanmany wada bermeýändigini görýäris. Biziň üçin bu bap biziň göz öňüne getirip bilşimizden hem has owadan boljak — Täze Ýaradylyşyň keşbini görkezýär!

Eýýubyň soňy bize nämäni ýatladýar? [9]

> ## *Goşmaça*
>
> Diňe bir gezek Eýýup, direlenden soň Hudaý bilen duşuşmak umydyny agzady. **Eýýup 19:25–27** okaň.

## Günä we Ejir Çekme

Onuň dostlary haçanda adam ejir çekse, bu onuň günä edendiginiň alamatydygyny aýdýarlar. Eýýup özüniň günäsi zerarly ejir çekmeýändigini bilýär, sebäbi ol gowy adamdy. Kitabyň köp böleginde, Eýýup bu barada dostlary bilen jedelleşip geçýär!

Bu kitap biziň ejir çekmelerimiziň hemişe günä edendigimiz sebäpli bolmaýandygyny bize öwredýär. Isa hiç haçan günä etmedi, Ol inkär edilmä, adalatsyzlyga we ýowuz ölüme döz geldi. Ol biziň ähli çekýän ejirlerimiziň soňuna çykmak üçin ejir çekdi!

Bu haçan bolar? [10]

Şol bir wagtda biz özümiziň ähli ejir çekmelerimizi Hudaýyň öz bähbidimiz üçin ulanýandygyny bilýäris, meselem:

**Ýakubyň kitaby 1:2–4:** Biziň ejir çekmelerimizi durmuşymyzda Hudaý nädip öz bähbidimiz üçin ulanýar? [11]

Ejir çekenimizde, saýlawymyz bar: gaharly we öýke-kineli garap bileris ýa-da muny Isa ýaly bolmak üçin bir pursat hökmünde görüp bileris.

**Ýewreýlere hat 13:5-de** Hudaý bize näme wada berdi? [12]

Eger kimdir biri ejir çekýän bolsa, bu onuň günä edendigini aňladýarmy? [13]

Öň hiç haçan erbetlik etmedik bolsa-da, ejir çeken adamy mysal getirip bilýäňizmi? [14]

Indi haçan hiç hili ejir çekme bolmaz? [15]

Biziň ähli ejir çekmelerimizi Hudaý nädip biziň bähbidimiz üçin ulanýar? [16]

Ejir çekenimizde, nähili saýlawymyz bar? [17]

Ýewreýlere hat 13:5-de Hudaý bize näme wada berdi? [18]

Goý, Hudaý bize durmuşymyzdaky ähli kynçylyklar üçin ýalkanyşlar bersin!

### Eýýup kitabynyň üsti bilen Hudaý bize näme öwretdi?

## Jogaplary

1 – Eýýup,
Zebur,
Süleýmanyň pähimleri,
Süleýmanyň Wagyz kitaby,
Süleýmanyň Nagmalar nagmasy.
2 – Emläk, çagalar we soňra saglyk.
3 – Ýalaňaç indim bu dünýä, ýalaňaç-da dolanaryn o dünýä, beren-de Rebdir, alan-da Rebdir. Goý, Rebbiň adyna alkyş bolsun!
4 – Hudaýdan ýagşylygy kabul edip, ýamanlygy kabul etmälimi?
5 – Näme üçin men dünýä inipdirin?
6 – 1) Hatda biz islendik kynçylyklara duçar bolanymyzda hem Hudaýy şöhratlandyrmagy öwrenmeli.
2) Hudaýyň bize berýän ähli zatlarynyň hemmesini, gowusynam, erbedinem tabynlyk bilen kabul etmeli.
3) Biz Hudaýa öz duýgylarymyz barada gürrüň bermeli.
7 – Ol biziň ähli soraglarymyza jogap bermezligi mümkin, ýöne biz Ony gözlänimizde, Ol biziň bilen duşuşýar.
8 – Biz gowy wagtda-da, erbet wagtda-da Oňa ynanmaly.
9 – Täze Ýaradylyşy.
10 – Ol bizi Täze Ýaradylyşdaky öýüne alyp gitmek üçin dolanyp gelende.
11 – Biziň imanymyzyň synalmagy çydamlylyk döredýär, çydamlylyk bolsa, biziň hiç bir kemçiliksiz, kämil we berk bolmagymyz üçin bizde ösmelidir.
12 – Men sizi hiç wagt ýeke taşlamaryn, terk etmerin.
13 – Ýok.
14 – Isa.
15 – Haçanda Isa bizi Täze Ýaradylyşdaky öýüne alyp gitmek üçin dolanyp gelende.
16 – Biziň imanymyzyň synalmagy çydamlylyk döredýär, çydamlylyk bolsa, biziň hiç bir kemçiliksiz, kämil we berk bolmagymyz üçin bizde ösmelidir.
17 – Biz muňa gaharly we öýke-kineli garap bilýäris ýa-da muňa Isa has köp meňzemäge mümkinçilik hökmünde seredip bilýäris.
18 – Men sizi hiç wagt ýeke taşlamaryn, terk etmerin.

## 20-nji Sapak:

# Paýhas Kitaplary: Zebur



## Bilýäňizmi näme ...?

- Zebur Mukaddes Kitapda Ýermeýadan soň ikinji uly kitapdyr.
- Kitapda 150 mezmur bar.
- Bu kitapdaky mezmurlar 700 ýylyň dowamynda ýazylypdyr.
- Bu mezmurlaryň köpüsini Dawut ýazdy. Şeýle hem, bu mezmurlaryň käbirini Musa, Süleýman, başga-da köp adamlar ýazdylar.
- Täze Ähtiň awtorlary Köne Ähtdäki islendik başga kitaplara garanda Zeburdan has köp aýatlary ulandylar. Zeburyň mezmurlaryndan alnan aýatlar Täze Ähtde 4 kitapdan başga ähli kitaplarda bar!
- Köne Ähtdäki islendik başga kitaplara garanda Zebur kitabynda Mesih baradaky pygamberlik has köp.
- Zebur — Täze Ähtde ýewreýler üçin, şeýle hem Isa üçin mezmurlar kitaby bolupdyr. Eger Isa bu mezmurlary aýdan bolsa, biz hem bu mezmurlary aýtmaly!
- Biz bu mezmurlary okanymyzda, esasy manysyna düşünmek üçin, olary birnäçe gezek okamaly bolýarys.

Zebur kitabynda näçe mezmur bar? [1]

Zebur kitabynda iň köp mezmurlary kim ýazdy? [2]

Täze Ähtde mezmurly kitapdan kim peýdalanypdyr? [3]

Mezmuryň esasy temasyny nädip bilip bolýar? [4]

## Mezmurlaryň esasy üç görnüşi:

1. Biziň Hudaýy **şöhratlandyrmakda** ulanyp bilerimiz ýaly köp mezmurlar bar. 99-njy mezmury okaň.

2. Biziň Hudaýyň bitiren işleri üçin **minnetdarlyk bildirmekde** ulanyp bilerimiz ýaly köp mezmurlar bar. **114-nji mezmury** okaň — bu mezmurda ýazyjy ölümiň penjesinde galanda, Hudaýyň halas edendigi üçin minnetdarlyk bildirýär.

3. Haçanda biz özümizi durmuşda erbet duýanymyzda, Hudaýy çagyrmak üçin ulanyp bilerimiz ýaly köp mezmurlar bar. Mysal üçin ýazyjy **87:19-da:** “*Uzaklaşdyrdyň menden dostlarymy, ýakynlarymy, garaňkylyk — ýalňyz ýoldaşym boldy*” diýip ýazanda näme duýdy? [5]

Haçanda biz mezmury okanymyzda, bu mezmury ýazan wagty ýazyjynyň nähili duýgyny başdan geçirendigi barada pikir etmeli. Käwagt biz hem özümizi şeýle duýýarysmy?

Biz mezmurlary Hudaýa öwgiler aýtmak üçin, Oňa minnetdarlyk bildirmek üçin, Hudaýy çagyrmak üçin ulanýarys!

Hudaý bize her bir ýagdaý üçin we her bir duýgy üçin sözleri berýär!

Biz haýsy esasy üç maksat üçin Zebury ulanyp bilýäris? [6]

1.

2.

3.

# Zebur Bize Isany Tanamaga Kömek Edýär

1. Biz Dawut patyşanyň Mesihi suratlandyrýandygyny ýatda saklamalydyrys. Dawudyň başdan geçiren ýagdaýlarynyň köpüsi Isanyň durmuşynda amala aşdy.

   Mysal üçin:

   - Onuň ejir çekmeleri. Dawudyň öz ejir çekmelerini beýan edişine garanda, Onuň özüniň döz gelmeleri has köp bolýar. **Zebur 21:13–19-y** okaň — bu haça çüýlemäniň hakyky suratlandyrmasy bolup, ol adamlaryň haça çüýlemäni ulanmaga başlamalaryndan ýüzlerçe ýyl öň ýazylan!

   - Ol beýik patyşa boldy, emma käwagt Dawuda garanda mezmurdaky beýan etmeler diýseň ýokary. **Zebur 2:6–9-y** okaň. Bu bütin dünýäniň Patyşasy boljak Mesihi suratlandyrýar.

2. Biziň Zeburda Hudaý baradaky okaýan zatlarymyz bize Isanyň kimdigini görkezýär.

   1-nji mysal: **Zebur 102:2–3-i** okaň. 3-nji aýatda Hudaý näme edýär? [7]

   **Markyň Hoş Habary 2:1–12** bilen deňeşdiriň: Isa barada näme ýazylan? [8]

   2-nji mysal: **Zebur 22:1-i** okaň. Hudaý kim? [9]

   **Ýohannanyň Hoş Habary 10:11** bilen deňeşdiriň: Isa barada näme ýazylan? [10]

Dawudyň durmuşynyň Mesihi nähili görkezýändigine 2 mysal getiriň. [11]

1.

2.

Ata-Hudaýyň Ogul Hudaýa hakyky degişlidigi barada Zeburyň näme aýdýandygyna iki mysal getiriň. [12]

1.

2.

Goý, Zebur kitaby bizi Isa alyp barsyn!

Seniň Zeburda söýgüli mezmuryň haýsy? Näme üçin ol saňa ýaraýar? [13]

## Goşmaça



Zeburda käbir aýatlar bar, ýagny ýazyjy öz duşmanlaryny Hudaýyň höküm etmegini we olar bilen erbet zatlaryň bolup geçmegini isleýär. Meselem **109-njy mezmur**.

Täze Ähtde biz ar almak barada näme öwrenýäris? **Rimliler 12:17–19-a** serediň. [14]

Adamlar Hudaýyň halkyny yzarlanlarynda, olardan ar almak biziň işimiz däl. Emma biz Hudaýa dileg etmeli we biz bu ýagdaý barada näme duýýandygymyzy Hudaýa anyk aýtmaly. Adamlar Onuň çagalaryny yzarlanlarynda, Hudaý bize garanda has köp gaharlanýar. Basym Isa dolanyp geler we ähli erbet adamlary höküm eder!

# Jogaplary

1 – 150 sany.
2 – Dawut patyşa.
3 – Isa.
4 – Birnäçe gezek okamak gerek.
5 – Ol durmuşyň mundan beter bolmajakdygy barada pikir edýär. Onuň şu wagt dostlary ýok, ony diňe garaňkylyk eýeledi.
6 – 1) Hudaýa öwgi aýtmak üçin,
2) Oňa minnetdarlyk bildirmek üçin we
3) Ony çagyrmak üçin.
7 – Hudaý seniň ähli günäleriňi bagyşlaýar we ähli keselleriňe şypa berýär.
8 – Isa onuň günälerini bagyşlaýar we derdine şypa berýär.
9 – Ol — meniň Çopanym.
10 – Isa — gowy çopan.
11 – 1) Ol ejir çekdi we
2) beýik patyşa boldy.
12 – 1) Biziň Halasgärimiz we
2) gowy Çopan.
13 – Meselem 22-nji mezmur: Hudaý bizi dogry ýoldan alyp barýar, biz barada alada edýär we bize zerur bolan güýji berýär. Biziň wezipämiz — Onuň yzyna eýermekdir.
14 – Biz hiç haçan ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap bermeli däldiris. Biz ar almaly däl-de, ony Hudaýa tabşyrmalydyrys.

## 21-nji Sapak:

# 90-njy Mezmur



Bu mezmury okaň.

Bu mezmur Patyşa üçin wadalardan durýar, soňky netijede olar Mesih üçin, şeýle hem biziň üçindir!

## Hudaý Biziň Galamyz!

Adamlar näme barada alada edýärler? [1]

Mezmur 90:2: Ýazyjy Hudaý barada näme diýýär? [2]

Gala — uruş döwründe howpsuz ýer bolup durýar. Biz onuň içinde gizlenip bilýäris, şonda biz howpsuzlykda bolýarys.

4-nji aýatda Hudaý näme bilen deňeşdirilýär? Hudaýyň halky näme bilen deňeşdirilýär? [3]

Hudaý bizi howpdan goraýar, bu edil guşlaryň öz jüýjelerini ganatlarynyň aşagynda howpdan goraýşy ýalydyr.

5-nji we 6-njy aýatlary okaň. Haçanda biz Hudaýyň häsiýeti barada pikir edenimizde we özümize Onuň kimdigini ýatladanymyzda näme bolup geçýär? [4]

7-nji we 8-nji aýatlary okaň. Olarda Hudaýyň erbet adamlary höküm edýändigi we Hudaýyň Öz halkyny goraýandygy suratlandyrylýar. Bu Isanyň dünýäni höküm etmek üçin dolanyp geljek günündäki Höküm Gününi görkezýär. Şol gün Hudaýyň hökümdarlygyna tabyn bolmadyklar bir gezekde we hemişelik jezalandyrylar.

Hudaýyň hökümdarlygyna we Hudaýyň Patyşasy Mesihe tabyn bolanlara näme bolar? (8-nji aýat) [5]

Şeýlelikde, biz Hudaýyň häsiýeti barada pikir edenimizde we özümize Onuň kimdigini ýatladanymyzda näme bolup geçýär? [6]

# Iblis Bilen Mesihiň Arasyndaky Göreş

## Iblis Mesihi ýeňmäge synanyşýar

Iblis Erem bagyndaky döwürden bäri Mesihiň gelmeginden gorkýardy (Gelip çykyş 3:15). Isa bu ýerde doglanynda, iblis Ony öldürmäge bar güýji bilen synanyşdy (Matta 2:13–16). Bu oňa başartmanda bolsa, ol bar güýji bilen Isany şowsuzlyga uçratmaga synanyşdy.

Iblis bu mezmurdaky aýatlary **Matta 4:5–7-de** nähili ulandy? [7]

Näme üçin Isa ybadathananyň depesinden aşak bökse, Hudaýyň Özüni gorajakdygyny iblise subut etmek islemedi? (Matta 4:7) [8]

Mundan başga-da, iblisiň bize aýdýan zadyny biz etmeli däldiris!

**Mattanyň Hoş Habary 4:11-i** okaň. Biz Zebur 90:11-de Hudaýyň wada beren perişdeleriniň gelip, Isa kömek edendiklerini görýäris.

## Mesih Iblisi Ýeňýär

**Zebur 90:13:** Ýylan ýa-da aždarha iblisi aňladýar. Arslanlar zeper ýetirmek isleýänleri görkezýär. (Zebur 21:14)

**Gelip çykyş 3:15-de** Hudaý şeýtana (ýylan keşbinde peýda bolan) näme diýdi? [9]

Şeýtan Howyň nesli tarapyndan ýok ediler, emma beýle etmek bilen Howyň bu nesli ejir çeker.

Zebur 90:13-de Mesih näme eder? [10]

Ol iblisi we oňa gulluk edenleriň baryny ýeňer!

Şeýlelikde, Mesihiň wezipesi näme eken? [11]

# Kynçylyklar Ýüze Çykanda

15–16-njy aýatlarda Hudaý oňa näme wada berýär? [12]

Hudaý oňa şulary wada berýär:

- Onuň bilen bolmagy;
- Ony halas etmegi;
- Oňa hormat goýmagy;
- Oňa uzak ömür bermegi;
- Oňa gutulyş bermegi.

**Filipililer 2:8–11-i** okaň. Hudaý Mesihe beren wadalaryny ýerine ýetirdimi? [13]

Hudaý Isany **Onuň ejir çekmeleri we ölümi arkaly** halas etdi. Isanyň ölümi Hudaýyň Isa barada alada etmändigini görkezmeýär. Has dogrusy, Ol ejir çekende, Hudaý Onuň bilen boldy. Hudaý Ony halas etdi (Ony ölümden direltdi). Hudaý Oňa hormat goýdy. Isa häzir ebedilik ýaşaýar. Isanyň Hudaýa tabyn bolmagy arkaly, Hudaý köp adamlara gutulyş berdi.

Mesihiň näme etjekdigi barada 13-nji aýat bize näme aýdýar? [14]

Isa ynanýan bolsak, iblisden we jynlardan gorkmaly däldiris.

15-nji aýat bize Hudaý barada näme diýýär? [15]

Hudaý bizi günüň her bir minudynda Öz perişdeleri arkaly goraýar! Emma Mukaddes Kitap bize Hudaýyň hem käte erbet zatlaryň bolmagyna ýol berýändigini öwredýär.

Indi sen Isanyň yzyna eýerýän bolsaň, sende hiç hili mesele bolmaz diýýänlere gulak asma.

**Ýohannanyň Hoş Habary 16:33-de** Isa Öz şägirtlerine näme diýdi? [16]

Bizde kynçylyklar bolar, emma Isa bize Öz rahatlygyny berýär.

**Rimliler 8:38–39-da** Hudaý bize nähili ajaýyp wada berýär? [17]

Haçanda biz Isanyň yzyna eýerenimizde, hiç zat bizi Hudaýyň söýgüsinden aýryp bilmez!

Şeýlelikde, Isanyň yzyna eýerýänlerde kynçylyklar bolarmy? [18]

Rimliler 8:38–39-da Hudaý bize näme wada berýär? [19]

# Hudaýyň Meýilnamalary

Isa bu mezmury oňat bilýärdi. Ol ölüminiň öň ýanyndaky gije Zeýtun dagynda, **Luka 22:42-de** näme barada doga-dileg etdi? [20]

Isa Hudaýyň bizi ýamanlykdan gorap bilýändigine düşündi, emma käwagt Onda has beýik meýilnamalar bar.

**Luka 22:43-i** okaň. Hudaý Isany güýçlendirmek üçin ýene-de perişde iberdi.

Şeýlelikde, biz Hudaýyň bizi ýamanlykdan saklap biljekdigini bilýäris, emma käwagt Onda has beýik meýilnamalar bar. Eger Ol bizden kynçylyklara çydamagymyzy sorasa, Onuň hemişe bize kömek etmek üçin perişdelerini iberjekdigini biziň bilmegimiz gerek.

**Rimliler 8:28–29-da** biziň kynçylyklarymyzy Hudaý nähili ulanýandygy barada näme öwrenýäris? [21]

Şunlukda, Hudaý näme üçin biziň durmuşymyzda kynçylyklara ýol berýär? [22]

# Baky Ýaşaýyş

Mezmur 90:16-da Hudaý näme wada berýär? [23]

Köne Ähtde ölümden soňky durmuş barada az gürrüň berilýär. Köne Ähtde uzak ömür Hudaýyň ak patasynyň alamaty bolupdyr.

Täze Ähtde Hudaý bize fiziki uzak ömür wada bermeýär, ýöne Ol mundan hem has gowy zady wada berýär: Onuň bilen ebedi durmuşy, bu biziň göz öňüne getirip bilşimizden-de has ajaýypdyr!

Isa bizi günäden, ölümden we şeýtandan halas etdi! Ol bize sowgat hökmünde baky durmuşy berdi! Bize hiç zatdan gorkmak gerek däl!

Biz Hudaýyň meýilnamalaryny hemişe görüp bilmeýäris, emma biziň wezipämiz Isanyň Hudaýa ynanyşy ýaly, **Hudaýa ynanmakdyr**.

Hudaý biz barada alada etjekdigine, ýerdäki durmuşymyzyň ähli günlerinde biziň bilen boljakdygyna, bize ebedi durmuşy berjekdigine wada berýär. Şonuň üçin biz hiç zatdan gorkmaly däl!

Hudaý bize näme wada berýär? [24]

Şeýlelikde, biziň wezipämiz näme? [25]

## Bu mezmurdan size haýsy aýady has köp ýatda saklamak gerek?

# Jogaplary

1 – Adamlar saglyk barada, öňde duran synaglar barada we çagalar barada alada edýärler, emma adamlar hemme zatdan köp pul barada alada edýärler.
2 – Hudaý biziň gaçybatalgamyz we galamyz.
3 – Hudaý edil ene guş ýaly, biz bolsa ejiz jüýjelere meňzeýäris.
4 – Biz hiç zatdan gorkmaýarys!
5 – Hudaý olary howpsuzlykda saklar.
6 – Biz hiç zatdan gorkmaýarys!
7 – Iblis 11-nji we 12-nji aýatlary Isanyň ybadathananyň çür depesinden aşak oklamagyny, şeýle etmek bilen hemmelere Özüniň Hudaýyň Ogludygyny subut etmegini aýtmak bilen Ony azdyrmak üçin ulandy.
8 – Hudaýy synaga salmak dogry däl.
9 – *Men seniň bilen aýalyň, seniň tohumyň bilen aýalyň tohumynyň arasyna duşmançylyk salaryn:* ***Ol seniň kelläňi owradar, sen bolsa onuň dabanyndan çakarsyň.***
10 – Mesihiň wezipesi arslanyň we ýylanyň üstünden basmakdy, ýaş arslany we ýylany aýak astyna almakdy.
11 – Iblisi ýeňmek.
12 – *Meni çagyranlarynda jogap bererin. Muşakgatlarda olar bilen bolaryn, azat edip, şan-şöhrata beslärin. Olara uzak ömür bagyş ederin, Men olara halas edişimi görkezerin.*
13 – Hawa!
14 – Hudaýyň Mesihi — iblisi ýeňijidir! Şonuň üçin Hudaýyň halky ähli ýamanlykdan howpsuzlykda bolup biler!
15 – Hudaý biziň doga-dileglerimizi eşidýär we kynçylyklarda biziň bilen bolmaga wada berýär.
16 – *Bu zatlary size Mende rahatlygyňyz bolsun diýip aýtdym. Bu dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar, ýöne mert boluň. Men dünýäni ýeňdim!*
17 – *Sebäbi men ne ölümiň, ne-de ýaşaýşyň, ne perişdeleriň, ne-de jynlaryň, ne häzirki, ne gelejekki ýagdaýlaryň, ne-de güýçleriň, ne belentligiň, ne-de çuňlugyň — ýaradylan zatlaryň biriniň-de bizi Rebbimiz Isa Mesih arkaly aýan bolan Hudaýyň söýgüsinden aýryp bilmejekdigine berk ynanýaryn.*
18 – Hawa!
19 – Düýbünden hiç zat bizi Rebbimiz Isa Mesihdäki Hudaýyň söýgüsinden aýryp bilmez.
20 – Eý, Atam! Eger isleseň, bu hasrat käsesini Menden sowa geçir! Ýöne Meniň islegim däl, Seniň islegiň amala aşsyn!
21 – Hudaý biziň kynçylyklarymyzy biziň Mesihe has köp meňzemegimiz üçin ulanýar.
22 – Hudaý biziň kynçylyklarymyzy biziň Mesihe has köp meňzemegimiz üçin ulanýar.
23 – *Men oňa uzak ömür bagyş ederin we oňa halas edişimi görkezerin.*
24 – Hudaý biz barada alada etjekdigine, ýerdäki durmuşymyzyň ähli günlerinde biziň bilen boljakdygyna, bize ebedi durmuşy berjekdigine wada berýär.
25 – Hudaýa ynanmaly we hiç zatdan gorkmaly däl!

22-nji Sapak:

# Paýhas Kitaplary: Süleýmanyň Pähimleri, Süleýmanyň Wagyz Kitaby, Süleýmanyň Nagmalar Nagmasy



## Süleýmanyň Pähimleri

**1:2-ni** okaň. Bu kitabyň maksady näme? (muny öz sözleriňiz bilen aýdyň) [1]

Kime akyldarlyk gerek? [2]

## 1–9-njy baplara syn

Birinji 9 bap bizi paýhasyň sesini diňlemäge çagyrýar.

**1:7-ni** okaň. Bilimiň başlangyjy nämäni aňladýar? [3]

Kim akyldarlygy we öwüt-nesihaty ýigrenýär? [4]

Köp aýatlar iki dürli adamlar hakda aýdýar: akylly we samsyk adamlar hakda. Biz haýsy bolýarys: akyllymy ýa-da samsyk?!

**1:8–9-y** okaň. Ogla näme etmek gerek? [5]

**4:14-i** okaň. Ogul näme etmeli däl? [6]

Biz paýhasyň sesine gulak asmaly, bizi Hudaýdan daşlaşdyrýan başga seslere gulak asmaly däl.

**3:5–6-ny** okaň. Eger biz näme etmelidigimizi bilmänimizde, biz näme etmeli? [7]

Haçanda biz Hudaýa tabyn bolup, Ondan akyl-paýhas soranymyzda, Ol bizi gowy we dogry ýoldan alyp gidýär. Bu mezmur 22-de hem şeýle ýazylan, biziň Gowy Çopanymyz — Hudaý bizi dogrulyk ýollaryndan äkidýär.

Bu kitapda nähili iki dürli adamlar bar? [8]

# 10–31-nji baplara syn

Dokuz bapdan soň, köp aýratyn aýatlar bar. Adatça bu aýatlarda biziň hemmämiziň bilmeli mowzuklarymyz barada gürrüň edilýär. Meselem: pul, iş, näme hakda gürleşýändigimiz, öý barada, dostluk barada, maşgala barada, hökümet barada, durmuş barada.

Geliň, bir mysala seredeliň:

**14:1-i** okaň. Akylly aýal näme edýär? [9]

Bu nämäni aňladýar? [10]

Akmak aýal näme edýär? [11]

Bu nämäni aňladýar? [12]

Bu erkekler babatda hem dogrudyr!

10–31-nji baplarda haýsy mowzuklar barada gürrüň edilýär? [13]

Bu mowzuklar biziň hemmämiz üçin örän möhümdir!

# Bular Wadalar Däl

Bu kitapdaky aýatlar — wadalar däl-de, eýsem ýazyjynyň öz durmuşynda başdan geçiren zatlarydyr. Olar adaty bolýan zatlary suratlandyrýarlar, emma bular hemişe bolmaýar.

Her niçik-de bolsa, bu aýady okaň:

**Süleýmanyň Pähimleri 13:25:** *Dogruçylyň doýýança iýjegi bardyr, emma erbetleriň garny aç galar.*

Dogruçyl adamyň iýmiti hemişe ýeterlikmi? [14]

Erbet adamlaryň iýmiti hemişe ýeterlik dälmi? [15]

Biz dogruçyl adamlaryň hem käte açlyk çekýändigini bilýäris. Bu hemişe adamlaryň günäsi zerarly bolýar, meselem uruşlar ýa-da hökümetiň betnebisligi, ýa-da kimdir biriniň maşgalanyň ähli puluny alkogol içgä sarp etmekligidir. Biz Hudaýa garşy baş galdyrylan dünýäde ýaşaýarys!

Adatça bu aýatlar dogry. Köne Ähtde adaty ýagdaýlarda dogruçyllyk ýalkanyşa alyp barýar. Kanuny bozmaklyk betbagtlyga alyp barýar. Täze Ähtde biz bu ýalkanyşlaryň we jezalaryň Isa dolanyp gelende, bize garaşýan baky ýalkanyşlaryň we jezalaryň keşbidigini öwrenýäris. Biziň umydymyz bu dünýäniň maddy bereketlerine esaslanmaýar.

Haçanda durmuş bu ýerde beýan edilişi ýaly däl bolsa, bu bize **bu aýatlaryň hakykata öwrüljek gününe garaşýandygymyzy** — ähli dogruçyl adamlarda bol iýmitiň boljakdygyny ýatladýar.

Bu haçan bolar? [16]

Şu pursatda biziň durmuşymyz bilen gabat gelmeýän aýatlara bu kitapdaky beýik akyldarlygy öwrenmekden bizi saklamagyna ýol bermäň.

Haçanda biz durmuşdaky ýagdaýlaryň aýatlar bilen gabat gelmeýändigini görenimizde, bize nämäni ýatlamak gerek? [17]

Bu kitapda seniň söýgüli aýadyň haýsysy?



# Süleýmanyň Wagyz Kitaby

**Süleýmanyň Wagyz kitaby 1:1–14-i** okaň.

Bu kitapda durmuşyň manysy barada gürrüň edilýär.

Kitabyň näme baradadygyna düşünmek üçin tutuş kitaby okamak gerek.

Esasy mazmuny: **Hudaýsyz biziň durmuşymyzyň hiç hili manysy ýok:** Işlemegiň näme manysy bar? Gowy bolmagyň näme manysy bar? Adamlara mähirli bolmagyň näme manysy bar?

Ýazyjy ähli zadyň biderek boşdugyny, salgyma çapmakdygyny aýtmagy halaýar (meselem 1:14).

Munuň näme aňladýandygy barada näme pikir edýärsiňiz? [18]

Ahyryna golaýlanda, ýazyjy şeýle jemleýär:

**Süleýmanyň Wagyz kitaby 8:15:** *Şonuň üçin men lezzet almaklygy makul görýärin, çünki Günüň astynda ynsan üçin iýip-içmekden we lezzet almakdan gowy zat ýok. Hudaýyň Günüň astynda beren ömrüniň bütin günlerinde çeken zähmetinden ynsana hemra boljak diňe şatlykdyr.*

Hudaý bize beren durmuşyndan biziň lezzet almagymyzy isleýär!

Ýöne biz käte durmuşyň biderekdigini görýäris: biz her gün işe gidýäris, her gün şol bir işi edýäris.

Şonuň üçin durmuşyň boşlugy bizi Isanyň dolanyp gelmeginiň islegine ruhlandyrmaly. Täze Ýerde durmuş doly, ajaýyp we üýtgeşik bolar! Bu dünýä biziň hakyky öýümiz däl!

Durmuşyň biderekligi bizi nähili islege höweslendirýär? [19]



## Süleýmanyň Nagmalar Nagmasy

Söýgi nagmalary — erkek bilen aýalyň arasyndaky söýgi barada gürrüň berýär.

Erkek bilen onuň aýalynyň arasyndaky gowy gatnaşyklar — Hudaýdan gymmatly sowgatdyr.

Şeýle hem bu bize Hudaýyň bize bolan söýgüsini ýatladýar!

**Efesliler 5:22–33-i** okaň.

Ynsan nikasy bize nämäni görkezýär? [20]

**Aýanlyk kitaby 19:6–8-i** okaň.

Öýlenýän ýigit kim, gelin kim? [21]

**Süleýmanyň nagmalar nagmasy 2:16:** *Söýgülim meniňki, men-de onuňkydyryn.*

Bu biziň Isa bilen gatnaşygymyzda hem dogrudyr! Bizi Isanyň söýşi ýaly, başga hiç kim söýüp bilmeýär!

Hatda biz özümizi hiç kimiň söýmeýändigini duýanymyzda hem, biz şuny bilmelidiris, ýagny Isa bizi şeýle bir söýýär welin, hiç kim hiç haçan beýle söýüp bilmez! Haçanda biz Isa bilen wagtymyzy geçirenimizde, Ol bizi Öz söýgüsi bilen doldurýar, şonda biz Onuň söýgüsini töweregimizdäki adamlara görkezip bilýäris.

**Süleýmanyň nagmalar nagmasy 4:1:** *Neneňsi gözel sen, dildarym, neneňsi gözel!*

Haçanda biz daşky keşbimiz özüne çekiji däl diýip pikir edenimizde, bize şuny bilmek gerek, ýagny biz hemişe Isa üçin owadandyrys! Haçanda biz özümiziň nähili owadandygymyza düşünenimizde, biz başgalara hem olaryň hakykatdan näderejede owadandyklaryny olary söýmek, olar barada alada etmek we olara hormat goýmak arkaly görkezip bilýäris.

Isa size näme diýýär? [22]

Äriniň aýala bolan söýgüsi bize nämäni ýatlatmaly? [23]

Nika bize nämäni görkezýär? [24]

Kim bizi iň gowy ýanýoldaşa garanda hem has köp söýýär? [25]

### Biz bu sapakda Hudaý barada nämeler öwrendik?

# Jogaplary

1 – Bize paýhasda we düşünjede ösmäge kömek etmek üçin.
2 – Biziň hemmämize akyldarlyk gerek!
3 – Rebden gorkmaklyk.
4 – Samsyklar.
5 – Atasynyň nesihatlaryny diňlemeli, enesiniň öwütlerinden ýüz öwürmeli däl.
6 – Erbet adamlar bilen wagt geçirmeli däl we olaryň edýänlerini etmeli däl.
7 – Öz düşünjäňe daýanma, bütin ýüregiň bilen Rebbe bil bagla. Bar işleriňde Ony tana, Ol seniň ýollaryňy dogrular.
8 – Akylly we akmak.
9 – Öz öýüni gurýar.
10 – Onuň ähli pikirleri, sözleri we hereketleri maşgalasyna şatlyk we agzybirlik getirýär.
11 – Öz eli bilen öýüni ýykýar.
12 – Onuň pikirleri, sözleri we hereketleri maşgalasyny betbagt edýär we dargadýar.
13 – Pul, iş, näme hakda gürleşýändigimiz, öý barada, dostluk barada, maşgala barada, hökümet barada, durmuş barada we ş.m.
14 – Ýok.
15 – Ýok.
16 – Haçanda Isa bizi öýüne alyp gitmek üçin dolanyp gelende.
17 – Bize bu aýatlaryň hakykata öwrüljek gününe garaşýandygymyzy ýadymyzda saklamak gerek — Hudaý Özüniň tutuş halkyny biziň göz öňüne getirişimizden-de has köp ýalkar!
18 – Hudaýsyz bizde durmuşyň manysy ýok, durmuş boş we biderek.
19 – Isanyň dolanyp gelmegi.
20 – Nika Isa bilen ýygnagyň arasyndaky ýakyn gatnaşygy görkezýär.
21 – Isa we ýygnak.
22 – Neneňsi gözel sen, dildarym, neneňsi gözel!
23 – Hudaýyň bize bolan söýgüsi hakda.
24 – Isa bilen ýygnagyň arasyndaky nika.
25 – Isa!

## 23-nji Sapak:

# Ysraýylyň we Ýahudanyň Pygamberleri



Bäş sany Pähimler we Nagmalar kitaplaryndan soň, Pygamberler kitaplary gelýär.

## Köne Ähtde Pygamber Kim?

Pygamber — Hudaýyň habaryny aýtmak üçin Hudaý tarapyndan saýlanan kimdir biri. Köne Ähtde pygamberleriň köpüsi Hudaýyň halkyna gepledi, emma käbir pygamberler (Ýunus ýaly) Hudaýyň habaryny başga milletlere hem ýetirdiler.

Ýalan pygamber Hudaýyň habaryny däl-de, özüniň toslama habaryny gepleýär. Hakyky pygamber Hudaýyň habaryny aýdýar we bu habar hemişe amala aşýar.

Köne Ähtde pygamber kim? [1]

## Näme Üçin Hudaý Pygamberleri Iberdi?

Ol pygamberleri şunuň üçin iberdi:

1. Öz halkyny **duýdurmak üçin**, sebäbi olar Hudaýyň kanunlaryna boýun egmediler.
2. Hudaýyň diňe bir Hudaýyň halkyny däl-de, eýsem beýleki halklary-da **ýazgarjakdygyny we jezalandyrjakdygyny aýtmak üçin**.
3. Hudaýyň diňe bir Hudaýyň halkyny däl-de, eýsem beýleki halklary-da **ýalkajakdygyny aýtmak üçin**.

Hudaý haýsy üç sebäp boýunça Öz halkyna pygamberleri iberdi? [2]

Şeýle hem, Hudaý Öz halkyna pygamberleriň üsti bilen ajaýyp wadalar berdi:

- Hudaý Öz halkyny sürgünden soň **Iýerusalime yzyna** getirer.
- Hudaý **Öz halkyny günälerinden halas etmek** üçin Halasgär iberer.
- Hudaý Öz halkyny **jennetdäki** öýüne alyp barar.

Bu wadalar köplenç üç aýry hadysa däl-de, bir waka ýaly edilýär.

Hudaý Öz halkyna nähili ajaýyp wadalary berdi? [3]

# Pygamberler Kime Geplediler?

**Hoşeýa, Amos** we **Ýunus** ysraýyl halkyna geplediler.

**Ylýas** we **Elýaşa** hem ysraýyl pygamberleridi, emma olar kitap ýazmadylar.

**Beýleki pygamberleriň köpüsi** ýahuda halkyna geplediler.

Ysraýyl halkyna geplän üç pygamberiň adyny aýdyň. [4]

Haýsy 2 esasy pygamber kitap ýazmady? [5]

Hudaýyň pygamberleriniň köpüsi haýsy halka ýüzlendiler? [6]

# Olar Haçan Geplediler?

Olaryň habaryna düşünmek üçin bize olaryň haçan ýazandyklaryny bilmek gerek.

1. Käbirleri **Hudaý Öz halkyny sürgüne ibermezden öň** geplediler. Meselem: Işaýa, Ýermeýa.
2. Käbirleri sürgün döwründe, **Babylda ýaşan wagtlary** geplediler. Meselem: Danyýel we Ezekiýel.
3. Käbirleri **Hudaýyň halky Iýerusalime dolanyp gelenden soň** geplediler. Meselem: Hagaý, Zakarýa, Malaky — Köne Ähtiň iň soňky üç kitaby.

Olaryň aýdanlary aslynda amala aşdy!

Sürgünden öň geplän iki pygamberiň adyny aýdyň. [7]

Sürgün döwründe geplän iki pygamberiň adyny aýdyň. [8]

Sürgünden soň geplän üç pygamberiň adyny aýdyň. [9]




# 4 Sany Sene

Wagt görkezijisine serediň.

1. Isa dogulmazyndan öň **722-nji** ýylda aşurlar ysraýyl halkyny Aşura alyp gitdiler. Şondan soň ysraýyl halky hakda hiç zat eşitmeýäris.

2. **150 ýyldan soň (Isa dogulmazyndan öň 586-njy ýylda)** Babyl Ýahuda halkyny ýeňdi we Hudaýyň ybadathanasyny ýykdy, soňra Hudaýyň halkyny ýesir edip, Babyla alyp gitdi.

3. **70 ýyldan soň (Isa dogulmazyndan öň takmynan 500-nji ýylda)** Pars imperiýasy Babyl imperiýasyny ýeňdi. Pars şasy Kureş Hudaýyň halkyna isleseler, Iýerusalime dolanyp baryp biljekdiklerini aýtdy.

   Emma Hudaýyň halky Hudaýa diňe gysga wagtlyk wepaly boldy. 400 ýylyň dowamynda hiç hili pygamberler bolmady.

   Hudaýa wepaly bolanlaryň hemmesi Mukaddes Ýazgylary okadylar. Olar şu Ýazgylardan bir gün Hudaýyň özlerini halas etmek üçin Mesihi iberjekdigini bildiler.

4. **Takmynan nolynjy (0) ýylda:** Isa dünýä indi.

   Köne Ähtde Hudaýyň beren ähli wadalaryny ýerine ýetiren Oldur!

   Bizi baky öýümize alyp barjak Oldur!

   Aşurlylar ysraýyl halkyny haçan Aşura alyp gitdiler? [10]

   Babyl imperiýasy haçan ýahuda halkyny ýeňip, Hudaýyň ybadathanasyny ýykdy we Hudaýyň halkyny Babyla alyp gitdi? [11]

   Haçan Hudaýyň halkyna öýlerine dolanmaga rugsat berildi? [12]

   Isa haçan doguldy? [13]

Köne Ähtdäki Hudaýyň ähli wadalaryny kim amala aşyrar? [14]

## Sürgünlik döwri

Bu Erem bagynda bolup geçen wakanyň gaýtalanmasydyr.

Erem bagynda näme bolup geçdi? [15]

Edil şuňa meňzeşlikde, haçanda Hudaýyň halky günä edende, Hudaý olary Öz ýerinden we Öz huzuryndan kowdy.

Olaryň sürgünden diňe bir fiziki topraga däl-de, eýsem Hudaýyň huzuryna hem dolanmaklary gerekdi.

Mukaddes Kitabyň taryhy biziň nädip Hudaýyň huzuryndaky durmuşa — Erem bagyna dolanyp baryp biljekdigimiz baradadyr.

Biz bu barada Aýanlyk kitabynda okaýarys.

**Aýanlyk kitaby 21:3:** *Men tagtdan batly bir sesiň şeýle diýenini eşitdim: "Hudaýyň mesgeni indi ynsanlaryň arasyndadyr! Ol indi ynsanlaryň arasynda mesgen tutar. Olar Onuň halky bolarlar, Ol hem olar bilen bolup, olaryň Hudaýy bolar*".

Biz haçan ahyrsoňy Hudaýyň huzuryndaky durmuşa dolanyp bararys? [16]

Mukaddes Kitabyň taryhy näme barada? [17]

Biz häzir we bakylykda Hudaý bilen gatnaşykda bolmaga nädip dolanyp bileris? (Ýohanna 6:40) [18]

# Täze Äht

Isa ölümden direlenden soň, Özüni tanamadyk käbir şägirtleri bilen gürleşdi.

*Isa olara: "Wah, siz akmaklar! Pygamberleriň aýdanlaryna giç ynanýanlar! Mesih bu görgüleri görüp, Öz şöhratyna girmeli dälmidi? diýdi.* ***Onsoň Ol Töwratda Musa bilen ähli pygamberlerden başlap, hemme Mukaddes Ýazgylarda Özi hakda aýdylanlary olara düşündirdi***". (Lukanyň Hoş Habary 24:25–27)

Isa pygamberler barada näme diýdi? [19]

Onuň ölümi we ölümden direlmegi Özüne garşy baş galdyran dünýäni halas etmek üçin Hudaýyň meýilnamasynyň bir bölegi boldy.

**Işaýa 55:12-ni** okaň. Işaýa pygamber Hudaýa dolanan adamlar barada näme diýýär? [20]

Durmuşyňy öz Ýaradanyňa we Onuň Mesihine tabyn etmekden has beýik şatlyk ýokdur!

Hudaý bu gün hem öňküsi ýaly biz bilen pygamberleriň kitaplary arkaly gepleşýär!

Şonuň üçin pygamberleriň kitaplaryny okamaga wagt tapyň!

## Öý işi

Işaýa kitabynyň 40–55-nji baplaryny okaň.

Işaýanyň Mesih barada nähili gürrüň edýändigine üns beriň.

## Biz bu sapakda Hudaý barada nämeler öwrendik?

# Jogaplary

1 – Pygamber Hudaýyň habaryny aýtmak üçin Hudaý tarapyndan saýlanan adamdyr.
2 – Öz halkyna duýdurmak üçin;
Hudaýyň diňe bir Hudaýyň halkyny däl-de, eýsem beýleki halklary-da ýazgarjakdygyny we jezalandyrjakdygyny aýtmak üçin.
Hudaýyň diňe bir Hudaýyň halkyny däl-de, eýsem beýleki halklary-da ýalkajakdygyny aýtmak üçin.
3 – Hudaý Öz halkyny sürgünden soň Iýerusalime yzyna getirer.
Hudaý Öz halkyny günälerinden halas etmek üçin Halasgär iberer.
Hudaý Öz halkyny jennetdäki öýüne alyp barar.
4 – Hoşeýa, Amos we Ýunus.
5 – Ylýas we Elýaşa.
6 – Ýahuda halkyna.
7 – Işaýa, Ýermeýa.
8 – Danyýel we Ezekiýel.
9 – Hagaý, Zakarýa we Malaky.
10 – Isa dogulmazdan öň 722-nji ýylda.
11 – Isa dogulmazdan öň 586-njy ýylda.
12 – Isa dogulmazdan öň takmynan 500-nji ýylda.
13 – Takmynan nolynjy ýylda.
14 – Isa!
15 – Haçanda Adam we How günä edenlerinde, Hudaý olary Erem bagyndan we Öz huzuryndan kowdy.
16 – Haçanda Isa dolanyp gelende, Ol bizi Täze Ýaradylyşda Onuň bilen ebedi bile ýaşamagymyz üçin alyp gider.
17 – Biziň nädip Hudaýyň huzuryndaky durmuşa — Erem bagyna dolanyp baryp biljekdigimiz baradadyr.
18 – Ogly görüp, Oňa ynanmaly — ýagny biz Isa we Onuň biziň üçin eden işine ynanmaly.
19 – Olar Mesih hakda, şol sanda Onuň ölümi we ölümden direlişi hakda köp gürrüň etdiler.
20 – *Siz şatlyk bilen çykarsyňyz, parahatlyk bilen getirilersiňiz, daglardyr depeler öňüňizde aýdyma gygyryşarlar, bütin meýdanyň agaçlary-da el çarpyşarlar.*

24-nji Sapak:

# Işaýa Pygamber



Işaýa Dawutdan 300 ýyl soň ýaşady (Isa dogulmazdan 700 ýyl öň), şol wagt Hudaýyň halky iki ýurda bölünendi.

Bu iki ýurduň atlary nämedi? [1]

Işaýa Ýahuda halkyna gepledi.

Aşur imperiýasy tizara Ysraýyly basyp alýardy we olar Ýahudany hem basyp almaga synanyşýardy. Ol eýýäm Ýahudanyň käbir şäherlerini basyp alypdy. Bu gorkunç döwür boldy!

## Hudaý Öz Halkyny Ýazgarýar

**Işaýa 1:1–2:5-i** okaň.

**1:1–4:** Näme üçin Hudaý öz halkyna gaharlanýar? [2]

**1:5–9:** Işaýa şeýle diýýär: “Näme üçin sen Hudaýyň jezasyny görmeýärsiň? Biziň ýurdumyz ejir çekýär, sebäbi biz Hudaýa garşy baş galdyrdyk”. Olar nähili ejir çekýärler? (7-nji aýat) [3]

**1:10–15:** Hudaý olaryň dini barada näme diýýär? [4]

15-nji aýat: Näme üçin Hudaý Öz halkynyň dileglerini eşidip bilenok? [5]

**1:21–23:** Hudaý Öz halkyny aýaly ýaly suratlandyrýar (Işaýa 54:5). Hudaý 21-nji aýatda Iýerusalimi nähili suratlandyrýar? [6]

Hudaý Öz halkyny 24-nji aýatda nähili suratlandyrýar? [7]

Hudaý Öz halkyna garşy söweşer!

Näme üçin Hudaý bu ähli zatlar barada aýdýar? [8]

Mukaddes Kitabyň bütin dowamynda biz Hudaýyň mukaddesdigini we günäleri jezalandyrmalydygyny görýäris. Emma Ol Öz halkyny söýýär we hemişe olary bagyşlamak isleýär.

**1:16–20:** Hudaý olara näme etmelidigini aýdýar? [9]

Hudaý — rehimdar Hudaý!

Hudaý olary bagyşlamak isleýär. Hudaý olary tämizlemek isleýär. Hudaý olary ýalkamak isleýär.

Emma biz Hudaýyň halkynyň toba etmändigini bilýäris. Şeýlelikde, ahyrsoňy Hudaý näme etdi? [10]

Emma Hudaý Öz halkyny doly inkär etmedi.

Işaýa kitabynda Hudaý Öz halkyny sürgünden soň Iýerusalime öýlerine getirmäge wada berýär. (Siz 40-njy baby we 43:1–7-ni okadyňyzmy?)

Emma biz Öz halkyny Iýerusalime getirmek wadasynyň Iýerusalime gaýdyp gelenlerinden has gowy zady suratlandyrýandygyny görüp bileris. Onda Täze Iýerusalim, Hudaýyň Öz halky bilen gatnaşyklaryny Erem bagynda bolşy ýaly dikeltjekdigi beýan edilýär.

**2:1–4:** Iýerusalim nähili görner? [11]

Bu biziň **Aýanlyk kitabynyň 21:22–27-de** okaýanlarymyza meňzeşdir.

# Işaýa Kitabynda Mesih



Işaýa beýleki pygamberlerden has köp Mesih hakda aýdýar.

**52:13–53:12-ni** okaň, bu Hudaýyň ejir çeken guly baradadyr.

Bu goşgy bäş bölümden ybarat. Goşgynyň ortaky bölümi iň möhüm bölegidir.

**A. 52:13–15:** Gul bagyşlanma getirmek üçin ejir çeker, soň bolsa ol beýgeldiler.
**B. 53:1–3:** Gul ret edilmekden we kemsidilmekden ejir çeker, ahyrsoňy ölüme höküm ediler.
**Ç. 53:4–6:** Ölmeginiň sebäbi bize Hudaý bilen parahatçylyk getirmekdi.
**B. 53:7–9:** Gul ret edilmekden we kemsidilmekden ejir çeker, ahyrsoňy ölüme höküm ediler.
**A. 53:10–12:** Gul bagyşlanma getirmek üçin ejir çeker, soň bolsa ol beýgeldiler.

Bu goşgynyň haýsy bölegi iň möhüm bolup durýar? [12]

Hudaý Öz halkyna günäleri üçin öljek Mesihi iberjekdigini, soň bolsa ony beýgeltjekdigini aýdyň aýtdy. Onuň şöhraty görgülerden soň bolar.

## 53:5: *Biz Onuň Ýaralary Arkaly Şypa Tapdyk*

Köp adamlar bu aýady nädogry ulanýarlar.

Köne Ähtdäki aýada dogry düşünmek üçin bize 2 zat etmek gerek:

1. Aýatlary hemişe olaryň öz mazmunynda okamalydyrys (olaryň baplarynda). Her bir aýada dogry düşünmek üçin aýatlardan öňki we soňky aýatlary okamalydyrys.

   Biz näme arkaly şypa tapdyk? [13]

2. Täze Ähtiň bu aýat hakda gürleýändigini ýa-da Isanyň bu meselede gürleýändigini anyklamalydyrys.

**1-nji Petrus 2:24–25:** *Biziň günä garşy ölüp, dogruçyllyk ugrunda ýaşamagymyz üçin, Ol haçda günälerimizi Öz üstüne ýükledi. Siz Onuň ýaralary arkaly şypa tapdyňyz. Siz goýunlar ýaly azaşypdyňyz, emma indi janyňyzyň Çopanyna hem Gözegçisine dolanyp geldiňiz.*

Petrus "Siz Onuň ýaralary arkaly şypa tapdyňyz" diýmek bilen nämäni göz öňünde tutýar? [14]

Isa hem günäleriň kesel ýalydygyny aýtdy.

**Luka 5:31–32:** Isa olara: "*Lukman saglara däl-de, hassalara gerekdir. Men dogrulary däl-de, günäkärleri toba çagyrmaga geldim*" diýip jogap berdi.

Isa "hassalara" diýmek bilen näme diýmekçi boldy? [15]

Şeýlelikde, muňa seretmek bilen biz şeýle netijä gelýäris, ýagny bu aýat Isanyň biziň fiziki kesellerimize şypa berjekdigine wada bermeýär. Bu aýat has möhüm bir zady aýdýar: bu bize günälerimiziň bagyşlanjakdygyny wada berýär we bu Gul biziň Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy ebedi dikelder!

Hudaý biziň dileglerimize jogap bermegi gowy görýär. Biz Onuň islendik zady ýerine ýetirip biljekdigini bilýäris. Ol bize şypa bereninde, bu biziň üçin uly ruhlandyrma bolup durýar.

Ol bize häzir gutulyşy (bagyşlanmany we Onuň bilen täze gatnaşygy) wada berýär we Täze Iýerusalimde bize doly sagdyn bedeni wada berýär (**1 Korintoslylar 15:42–44**).

Ol häzir hem bize hemişe şypa bermeýär (**2 Korintoslylar 12:7–10** — Hudaý Pawlusa şypa bermedi!).

Hudaýyň bize şypa bermelidigini aýtmak üçin, biz bu aýady ulanyp bilmeris.

"Onuň ýaralary arkaly biz şypa tapdyk" diýmek nämäni aňladýar? [16]

**Işaýa kitabyndan siz haýsy aýady ýatda saklamak isleýärsiňiz? Şu gün siz muny kim bilen paýlaşyp bilersiňiz?**

## Jogaplary

1 – Ýahuda we Ysraýyl.
2 – Olar Hudaýa garşy baş göterdiler.
3 – Olaryň şäherleri weýran edildi, ekinleri ogurlandy.
4 – Hudaý olaryň dinini ýigrenýär. Hudaý olaryň gurbanlyklaryny kabul etmeýär, sebäbi olar Onuň kanunlaryna boýun egmeýärler.
5 – *Elleriňiz gana boýalypdyr.* — Olar biri-birini öldürýärler! Hudaý beýle zalym adamlaryň dileglerini diňläp bilmeýär.
6 – Zynagär aýal hökmünde!
7 – Duşmanlary hökmünde!
8 – Sebäbi Onuň halky toba etmedi.
9 – Olar toba etmeli we Hudaýa dolanmaly.
10 – Ol olary sürgüne iberdi.
11 – Bu ähli adamlaryň Hudaý üçin ýaşamagy öwrenmäge gelýän we her kimiň asudalykda ýaşajak iň beýik (iň möhüm) dagy bolar.
12 – Onuň ölmeginiň sebäbi bize Hudaý bilen parahatçylyk getirmekdi.
13 – Biz günälerimizden saplandyk.
14 – Biz bagyşlandyk, sebäbi Isa biziň üçin öldi.
15 – Günäkärler.
16 – Biziň günälerimiz bagyşlanar we bu Gul biziň Hudaý bilen gatnaşyklarymyzy baky dikelder!

# 25-nji Sapak:

# Nehemýa



## Ýagdaýlar

B.e. öň **586-njy** ýylda Babyl imperiýasy Ýahuda halkyny ýeňdi we ybadathanany weýran etdi, Hudaýyň halkyny bolsa ýesir edip, Babyla alyp gitdi.

70 ýyldan soňra Pars imperiýasy Babyl imperiýasyny ýeňdi. Bu b.e.öň takmynan **500-nji** ýylda boldy.

Pars patyşasy Kureş Hudaýyň halkyna eger olar isleseler Iýerusalime dolanyp, ybadathanany täzeden gurup biljekdiklerini aýtdy.




## Sürgünlik!

**2-nji Ýyl Ýazgylary 36:15–23-i** okaň.

Hudaýyň halky Hudaýyň pygamberlerine nähili jogap berdi? [1]

Ýahuda halkyna näme boldy? [2]

Ybadathanadaky zatlara näme boldy? [3]

Ybadathana näme boldy? [4]

Iýerusalimiň diwarlaryna näme boldy? [5]

# Hudaýyň Şäherini Täzeden Dikeltmek

**Ezra kitabynda** biz sürgünden soň Hudaýyň halkynyň käbirileriniň Iýerusalime dolanyp, ikinji ybadathanany gurandyklary barada okaýarys.

**Nehemýa kitabynda** biz ondan soňra näme bolandygy barada okaýarys. Bu b.e. öň **445-nji** ýyldy.

**Nehemýa kitabynyň 1-nji babyny** okaň.

Nehemýa näme eşitdi? **(3-nji aýat)** [6]

Näme üçin ol gaharly diýip pikir edýärsiňiz? **(4-nji aýa**t**)** [7]

Ýahudylaryň Hudaýy ejiz we Öz halkyny gorap bilmeýän ýaly görünýär.

Nehemýa Hudaý barada näme bildi? **(5-nji aýat)** [8]

Nehemýanyň doga-dileg etmesinde näme üýtgeşiklik bar? **(6-njy we 7-nji aýatlar)** [9]

Ol Mesih nähili bolmaly bolsa, şonuň ýalydy. Ol günäsizdi, emma adamlaryň günäleri üçin utandy. Ol bu günälere hut öz günäleri ýaly garady. Edil **Işaýa 53:5—6**-daky Gul ýaly.

Nehemýa Töwratdan nämä düşündi? **(8-nji we 9-njy aýatlar)** [10]

Ol bularyň baryny Hudaýyň edýändigini gördi, emma bu ýeterlik bolmady. Hudaý henizem hormatlanylmaýardy.

Nehemýanyň gowy we abraýly işi bardy. Ol rahatdy we Iýerusalimde näme bolup geçýändigi barada oňa alada etmek gerek däldi. Emma ol Hudaýyň Iýerusalim şäherini, esasan hem onuň diwarlaryny gurmaga kömek etmek isleýändigini bildi. Iýerusalim Hudaýyň aýratyn şäheridi, Onuň ybadathanada Öz halky bilen bolmaga wada beren ýeridi (1:9).

Edil şunuň ýaly, durmuşyň gowudygy hakda we özüňiziň hemişelik ýerleşýän ýeriňizde ýaşamak isleýändigiňiz barada pikir etmek aňsat. Emma siz işlemäge başga ýurda giden bolsaňyz, ýatda saklaň, Hudaý öz dogduk mekanyňda ybadathana gurmak üçin seni ulanmak isleýär!

Nehemýa diňe bir ýykylan şäheri gurman, eýsem Hudaýyň ýykylan halkyny gurmaga hem kömek etdi.

Olar nähili ýykylypdylar? [11]

Olar ruhdan düşüpdiler.

Şeýlelikde, diwarlary dikeltmek üçin Hudaýyň halkyny getirmek we olaryň Hudaýa bolan ynamyny dikeltmek üçin Nehemýa Iýerusalime gitdi.

# Gowy Ýolbaşçy

**4-nji baby** okaň.

Biz Nehemýanyň halka ýolbaşçylyk edip, halky nähili getirendigi barada näme bilýäris? Onuň öz halkyna nähili ýolbaşçylyk edendigi barada 7 hakykaty tapyň. [12]

1.

2.

3.

4.

5.

6.

7.

Gowy ýolbaşçy bolmak aňsat bolmady. Bu wagtyň dowamynda, olar diwarlary dikeldýänçäler, Nehemýa her dürli kynçylyklara duçar boldy, aýratyn hem gorkuzylmalara we kemsidilmelere. Emma Hudaý işiň dowam etmegi we doly tamamlanmagy üçin oňa halka ýolbaşçylyk etmäge kömek etdi!

Biz diwar barada näme okaýarys? **(6:15)** [13]

Emma Nehemýa diňe bir şäheriň özi barada alada etmedi. Ol adamlaryň Hudaý bilen gatnaşygy barada hem aladalandy.

**Ezra** näme etdi? **(8:1–3)** [14]

Adamlar näme etdiler? **(10:28–29)** [15]

Bu Hudaýyň halky üçin täze başlangyç boldy! Olar Hudaýyň sözüni diňlediler we oňa tabyn boljakdyklaryna wada berdiler.

## Nehemýa bu günki ýygnak ýolbaşçylary üçin beýik göreldedir!

## Köne Ähtiň Tamamlanmagy

Bu Köne Ähtiň ahyry diýen ýalydy.

Gelip çykyş 12:1–7-de Hudaý Ybraýyma näme wada berdi? [16]

Köne Ähtiň ahyrynda Hudaý Ybraýyma beren Öz wadalarynyň näçesini amala aşyrdy? [17]

Şeýlelikde mesele nämede? [18]

Öňler Hudaýyň halky güýçlidi, olaryň sany köpelipdi we olaryň öz ýeri bardy.

Indi olar ejiz, olardan az adam galdy we olar keseki patyşanyň golastyndadylar.

Hudaýyň halky bolmanda sähelçe umydy nireden tapyp bilýärdi? [19]

Mukaddes Ýazgylary okanlar umydyň bardygyny bilýärdiler. Olar Hudaýyň bir gün şeýle Mesihi iberjekdigine düşünýärdiler, Ol:

- olaryň ýüreklerini üýtgeder (Ezekiýel 36:26);
- olary günälerinden halas eder (Işaýa 53:5–6);
- şeýle hem milletleriň üstünden ebedilik höküm sürer (Danyýel 7:13–14)

Nädip Mesih umyt getirer? [20]

Bu Mesih Hudaýyň Ybraýyma beren ähli wadalaryny amala aşyrar!

Köne Ähtiň bizi Täze Ähte nähili taýýarlaýandygyny siz düşündirip bilersiňizmi?

# Jogaplary

1 – Olar olara gulak asmadylar.
2 – Olary öldürdiler ýa-da sürgüne iberdiler.
3 – Olary Babyla alyp gitdiler.
4 – Ol ýanypdy.
5 – Olar weýran bolupdy.
6 – Ýesirlikden gutulyp, aman galan ýahudylar uly betbagtçylykda; olar ile masgaradylar; Iýerusalimiň diwarlary ýumrulyp, onuň derwezeleri oda ýandy.
7 – Hudaýyň şäheri weýran bolupdy we şeýdip, adamlar Hudaýa hormat goýmaýardylar.
8 – Hudaý — Gögüň Hudaýy. Hudaý — beýik we haýbatly Hudaý! Ol Özüni söýüp, tabşyryklaryny berjaý edýänler bilen ähtini hem sadyk söýgüsini saklaýar.
9 – Onuň özi Hudaýyň garşysyna günä etmedik bolsa-da, "olar" diýmän, "biz" diýýär.
10 – Ol Hudaýyň Öz halkyna eger olar Oňa wepaly bolmasalar, olary jezalandyrjakdygyny duýdurandygyna düşündi. Şeýle hem ol Hudaýyň Öz halkyny yzyna öýüne getirmäge söz berendigine düşündi.
11 – Olar öz günäleri zerarly sürgün edildiler, olar yzyna dolanyp geldiler, emma olar Hudaýyň şäherini täzeden gurmadylar we Hudaýy hormatlamadylar.
12 – 1) Ol özüne garşy bolanlary diňlemedi.
2) Ol Hudaýa dileg etdi.
3) Ol paýhasly amaly çözgütler etdi (adamlaryň ýarysy işledi, ýarysy hem işleýänleri gorady).
4) Ol adamlara kömek gerek bolsa, näme etmelidigini meýilleşdirdi (kimdir birine kömek gerek bolsa, surnaý çalynýar).
5) Ol adamlara Hudaýyň kimdigini ýatlatmak bilen olary ruhlandyrdy.
6) Ol Hudaýyň şöhratlandyrylmagyny isledi, özüniň şöhratyny gözlemedi (şeýle hem 1:11-e serediň).
7) Şeýle hem onuň özi yhlasly işlemek arkaly gowy görelde görkezdi.
13 – Ol 52 günde tamamlandy.
14 – Ol halka Töwrady daşyndan sesli okap berdi.
15 – Olar Hudaýa boýun egjekdiklerine kasam içdiler.
16 – Halk, ýer we onuň üsti bilen ähli adamlaryň ýalkanmagyny.
17 – Hudaý Ybraýymyň nesillerini beýik halka öwürdi, Ol olara öz mülk ýerini berdi we kämil kanunlar berdi, munuň üsti bilen olar beýleki milletlere nur bomagy başardylar.
18 – Hudaýyň halky ähli zady weýran etdi, sebäbi olar başga hudaýlara sežde etdiler we Hudaýyň kanunyna boýun egmediler.
19 – Hudaýyň sözünde!
20 – Olaryň ýüreklerini üýtgeder (Ezekiýel 36:26).
Olary günälerinden halas eder (Işaýa 53:5–6).
Şeýle hem milletleriň üstünden ebedilik höküm sürer (Danyýel 7:13–14).

## 26-njy Sapak:

# Mukaddes Kitabyň Taryhy 8 Suratda

Şu wagta çenli öwrenenlerimizi gaýtalamak üçin, biz tutuş Mukaddes Kitaby düşündirmek üçin bu suratlary ulanarys.




Biz birinji surat barada okarys we soňra topardan bir adam bu maglumaty okamazdan gaýtalap bermeli. Soňra biz ikinji surat barada okarys we kimdir biri muny gaýtalap berer. Haçanda biz iň soňka ýetenimizde, biz 8 suraty hem seretmezden gezekli-gezegimize gaýtalarys..




### 1. Ýaradylyş

Hudaý ähli zady gowy ýaratdy. Erem bagy diýlip atlandyrylan owadan bagda Hudaý wagtyny ilkinji adamlar — Adam we How bilen geçirdi.




### 2. Günäniň Başlangyjy

Adam bilen How Hudaýa tabyn bolmadylar, olar iblise tabyn boldular. Şeýdip, olar Hudaýyň ýalkawyny we ebedi ýaşaýşy ýitirdiler.

Suratdaky ýaý (ugur görkeziji) Hudaýyň olary bagdan we Öz huzuryndan çykaryp kowandygyny görkezýär. Şol wagtdan bäri, adamlar Hudaý bilen ýene gatnaşygy ýola goýmak isleýärler.




### 3. Wadalar

Hudaý Ybraýyma Özi üçin aýratyn boljak halkyň atasy boljakdygyny wada berdi. Hudaý Ybraýyma halk üçin ýer wada berdi, ol ýerde Hudaý olar bilen ýaşar.

Şeýle hem Hudaý ähli halklaryň Ybraýym arkaly ýalkanjakdygyny wada berdi.

Täç Hudaýyň olaryň gowy patyşasy boljakdygyny görkezýär.

Älemgoşar Hudaýyň Öz wadalaryny saklaýandygyny görkezýär (Gelip çykyş 9:13–16). Siz hemişe Oňa bil baglap bilersiňiz!




## 4. Müsürden Çykyş

Hudaýyň halky ýat ýurtda Müsürde ýerleşdi, olar ol ýerde gul boldular. (Piramidalar Müsüri aňladýar).

Ýaý (ugur görkeziji) Hudaýyň Öz halkyny Müsür gulçulygyndan halas edendigini görkezýär.




## 5. Ýer

Hudaý Öz halkyny Wada berlen ýurda alyp geldi. Olar bu ýurtda ýaşan we örän ýaramaz adamlar bolan kenganlary ýeňdiler.

Hudaý Öz halkyny ýalkady, emma olar başga hudaýlara sežde etdiler. Hudaý olara ençeme gezek duýdurdy, emma ahyrsoňy Hudaý olary sürgüne iberdi. Soňra Hudaý olary yzyna Wada berlen ýurda getirdi, emma olar henizem Hudaýyň kanunlaryna boýun egmediler we günä etmeklerini dowam etdirdiler.

Olara öz günälerinden halas edip biljek — Halasgär gerekdi. Olara özlerini dogry dolandyrýan Patyşa gerekdi. Hudaý bir gün şeýle adamy — Mesihi iberjekdigine wada berdi.

Olar Hudaý barada ähli zady ýatdan çykarmadylar. Haçanda Isa doglanda, Ýahudyýa Rim imperiýasynyň bir bölegidi. Emma Hudaýa wepaly adamlar henizem Hudaýyň ibermegi wada beren Halasgärine we Patyşasyna garaşýardylar. Meselem Şimgon we Hanna.




## 6. Isa Mesih

Hudaý Halasgär ibermek baradaky Öz wadasynda durdy! Isa Mesih biziň günälerimiz üçin bir gezekde ebedilik gurbanlyk bolmak üçin haçda ölmäge geldi.

Soňra Ol ölümden direldi. Bu Onuň ölümi ýeňendigini görkezýär! Şeýlelikde, indi biz ýene-de Hudaýyň dosty bolup bilýäris!.




## 7. Isanyň Dolanyp Gelmegi

Isa şu wagt jennetde.

Ýaý (ugur görkeziji) Isanyň dünýäniň soňuna çykmak üçin dolanyp geljekdigini we ähli adamlary höküm etjekdigini görkezýär..




## 8. Täze Ýaradylyş

Biz Hudaý bilen täze, ebedi Wada berlen ýerde, Täze Ýaradylyşda ýaşarys!

Köne Äht bize näme üçin Halasgäriň gerekdigini görkezýär. Ol biziň hemmämiziň günälidigimizi öwredýär. Bizde bet niýetli ýüregimiz bar.

Biziň Köne we Täze Ähtleriň ikisini hem — tutuş Mukaddes Kitaby okamagymyz örän möhümdir, şonda biz Hudaýy has gowy tanarys.

## Şu hepdede bu suratlary paýlaşyp bileriňiz ýaly, Hudaýyň özüňize kimdir birini ibermegini sorap, biri-biriňiz üçin doga-dileg ediň

27-nji Sapak:

# Hudaý ynsan bolup ýere geldi



Matta we Luka özleriniň Hoş Habarlarynyň başynda, Isanyň dogulyşy hakda ýazýarlar.

## Onuň Ene-Atasy

**Matta 1:18–25-i** okaň.

18-nji aýatda ýazylanlar nämä haýran galdyrýar? [1]

Bu bütin taryhyň dowamynda ýeke-täk bir gezek bolan ýagdaýdyr!

Onuň ejesi ynsandy. Emma Onuň ynsan kakasy ýokdy. Bu Hudaýyň gudratly işi boldy. Isa doly ynsan we doly Hudaýdyr. Isa ýere gelen Hudaýyň Özüdir!

Hoş Habarlarda Isanyň hakykatdan ynsan bolandygy baradaky subutnamany nähili görýäris?

**Matta 21:18, Ýohanna 19:28, Ýohanna 4:6, Mark 4:38, Ýohanna 11:35, Ýohanna 19:34, Ýohanna 19:33.** [2]

Hoş Habarlarda Isanyň hakykatdan Hudaý bolandygy baradaky subutnamany nähili görýäris?

**Mark 1:33–34, Mark 5:41–42, Mark 6:48, Mark 4:39.** [3]

Isanyň päk gyzdan doglandygy baradaky hakykat bize Isa barada näme aýdýar? [4]

**Işaýa 7:14-de** Işaýa näme barada pygamberlik etdi? [5]

Hudaý Mesihiň boý gyzdan doguljakdygyny Isa dogulmazdan ýüzlerçe ýyl öň wada berdi!

# Onuň Doglan Ýeri

**Luka 2:1–20-ni** okaň.

Isanyň ene-atasy nireden bolupdyr? [6]

Isa nirede doguldy? (4–6-njy aýatlar) [7]

Eger Isanyň ene-atasy Nasyrada ýaşan bolsalar, näme üçin Isa Beýtullahamda doguldy? [8]

Mukaddes Kitapda ýene kim Beýtullahamda doglupdy? **(1 Şamuwel 17:12)** [9]

**2-nji Şamuwel 7:12–13,16-de** Hudaý Dawuda näme wada berdi? [10]

**Matta 1:1–16** bize Isanyň nesil şejeresini berýär. 6-njy aýatda haýsy ata-babalar atlandyrylýar? [11]

Emma Dawudyň neslinden köp ýyllap patyşa bolmandyr.

**Luka 2:10–11-de** perişdeler çopanlara näme diýdiler? [12]

**Mika 5:2-de** Mika näme barada pygamberlik etdi? [13]

Isanyň nirede doglandygynyň näme wajyplygy bar? [14]

Hatda Isanyň doglan ýeri Isanyň Mesihdiginiň subutnamasy bolup durýar!

# Isa — Biziň Üçin Görelde!

**Ýewreýler 4:15-i** okaň.

Isanyň hakykatdan ynsan bolandygy baradaky hakykat bizi nähili ruhlandyrýar? [15]

Isa şu wagta çenli ýaşan islendik adamdan näme bilen tapawutlanýar? [16]

Ol adam bolmagyň nähili kyndygyna düşünmegini dowam edýär. Muňa garamazdan, Onuň durmuşy Onuň yzyna eýerer ýaly, biziň üçin görelde bolup durýar.

Isanyň häsiýeti baradaky gowy beýan etmeleri **Galatýalylar 5:22–23-däki** Mukaddes Ruhuň miweleriniň sanawynda tapyp bilersiňiz. Isanyň häsiýeti nähili bolupdyr? [17]

**Haçanda biz Isanyň yzyna eýerenimizde, Oňa köp we has köp meňzeýäris. Adamlar seniň durmuşyňda Isanyň subutnamasyny görüp bilýärlermi? Size Isadan haýsy ugurlarda özüňizi ütgetmäge kömek soramak gerek?**

## Jogaplary

1 – Meryem heniz päk gyzdygyna garamazdan, Mukaddes Ruh arkaly göwreli boldy.
2 – Ol ajykdy, Ol suwsady, Ol ýadady, Ol uklady, Ol aglady, Ondan gan akdy, iň soňunda Ol öldi.
3 – Ol arwah-jynlary çykardy, kesellere şypa berdi, ölini direltdi, suwuň ýüzünden ýöredi, apy-tupany ýatyrdy.
4 – Ol doly ynsan we doly Hudaý boldy!
5 – Ine, gyz göwreli bolup, ogul dograr. Onuň adyna Imanuwel dakar, bu “Hudaý biziň bilen” diýmegi aňladýar.
6 – Nasyradan.
7 – Beýtullahamda.
8 – Sebäbi Onuň ene-atasy ilat ýazuwyndan geçmek üçin ol ýere ýazylmaga gitmelidi.
9 – Dawut patyşa.
10 – Ol onuň şalyk tagtyny baky berkarar etjekdigini, ýagny tagtda hemişe Dawudyň nesliniň höküm sürjekdigini aýtdy.
11 – Ýyşaý, Dawut patyşa, Süleýman patyşa.
12 – *Şu gün Dawudyň şäherinde siziň üçin Halasgär doguldy; Ol Mesihdir.*
*Ine, gyz göwreli bolup, ogul dograr. Onuň adyna Imanuwel dakar, bu “Hudaý biziň bilen” diýmegi aňladýar.*
13 – Beýik hökümdaryň Beýtullahamda dogulmalydygy barada aýtdy.
14 – Bu ýeri Hudaýyň Mesihiň nirede dogulmalydygyny aýdan ýeridi.
15 – Ol biziň ejizliklerimize we synaga duçar bolýandygymyza düşünýär.
16 – Ol bir gezegem günä etmedi!
17 – Ol söýgi, şatlyk, parahatlyk, sabyrlylyk, mähribanlyk, ýagşylyk, sadyklyk, ýumşaklyk, özüňe erk edip bilmeklik bilen doludy.

## 28-nji Sapak:

# Mesih



## Mesih Öz hyzmatyna başlaýar!

Markyň Hoş Habary Isanyň durmuşy barada ýazylan dört taryhyň birinjisidi. Geliň, birinji bapda näme bolup geçýändigine seredeliň.

**Mark 1:1:** Markyň sözlerine görä, Isa kim bolupdyr? [1]

**Mark 1:11:** Haçanda Isa suwda çümdürülende, Hudaý Ony nähili atlandyrdy? [2]

**Mark 1:16–20:** Isanyň Öz yzyna eýermeklerini aýdan adamlary şobada näme edýärler? [3]

**Mark 1:22:** Adamlar Isanyň taglymaty barada näme pikir edýärler? [4]

**Mark 1:24:** Erbet ruh Isany nähili atlandyrýar? [5]

**Mark 1:25–26:** Haçanda Isa erbet ruha adamdan çykmagyny buýruk berende, näme bolup geçýär? [6]

**Mark 1:32–34**: Isa näme etdi? [7]

Eýýäm birinji bapda biz Isanyň edýän işiniň Onuň hakykatdan Hudaýyň Ogly Mesihdigini subut edýändigini görýäris!

Biz Lukanyň Hoş habarynyň 4-nji babynda, Isanyň dogduk şäherine dolanyp gelende, Oňa näme bolup geçendigi barada okaýarys.

# Köne Ähtde Ýazylan Adam Barada

**Luka 4:14–21-i** okaň.

Köne Ähtiň dowamynda Hudaýyň halky kime garaşýardy? [8]

Ol näme eder? **(Gelip çykyş 3:15)** [9]

Ol ýene näme eder? **(Gelip çykyş 12:3)** [10]

Bu parçada Isanyň Öz öýüne dolanyp gelenine adamlar tolgundylar. Näme üçin? [11]

Onsoň olar şenbe güni ýahudylaryň doga-dileg edýän öýünde ýygnandylar. Olar Isadan özlerine öwretmegini haýyş etdiler.

Ol haýsy pygamberden okady? [12]

Bu bölek özünde Mukaddes Ruh bar adam barada we ajaýyp zatlary etmek üçin Hudaý tarapyndan mesh edilen adam barada gürrüň berýär.

Köne Ähtde adamlar haçan mesh edildi? [13]

Hudaýyň mesh edeni bolmaklyk — Hudaýyň olary aýratyn ýumuş üçin saýlandygyny aňladýar. Işaýa günlerden bir gün Hudaýyň mesh eden kimdir biriniň geljekdigini pygamberlik etdi. Ol hiç kimiň ýerine ýetirip bilmejek aýratyn ýumşy ýerine ýetirer.

**Luka 4:18–19:** Bu ýerde bizde adamlary suratlandyrmagyň dört usuly bar. Olar haýsylar? [14]

1.

2.

3.

4.

Geliň, Isanyň bu sözler arkaly nämäni göz öňünde tutandygy barada pikir edeliň.

## Garyplar:

Isa Hoş Habarlaryň başga ýene 2 ýerinde garyplar barada gürrüň edýär.

**Luka 6:20–21:**
*Eý, garyplar, siz bagtlysyňyz, çünki Hudaýyň Şalygy siziňkidir!*
*Eý, şu wagt açlyk çekýänler, siz bagtlysyňyz, çünki doýarsyňyz.*
*Şindi aglaýanlar, siz bagtlysyňyz, çünki şatlykdan gülersiňiz.*

**Matta 5:3:** *Ruhy garyplar bagtlydyr, çünki Gögüň Şalygy olaryňkydyr*

Şeýlelikde, Hoş Habarlarda kimler garyp? [15]

Emma köplenç Hudaýdaky öz mätäçliklerine baýlara garanda, garyplar has gowy düşünýärler.

## Ýesirler:



Köne Ähtde biz Hudaýyň halkynyň Hudaýa garşy günä etmegini we baş galdyrmagyny bes etmändigini gördük. Olar azat däldiler, olar hemişe günäniň ýesirleri boldular.

Eýsem olary kim ýesir etdi? [16]

Emma Işaýa hakda aýdýan bu adam hakykatdanam olary azat eder! Ol olary iblisiň we günäniň ygtyýaryndan halas eder!

## Körler:

Ýohanna 9-njy bapda Isa kör adama şypa berdi. 39-njy aýatda Ol näme diýdi? [17]

Şeýlelikde, kimler kör? [18]

Olar özlerini gowy diýip pikir edýärler. Isa olara özleriniň günälidiklerini we Hudaýa garşy baş galdyrýandyklaryny görkezer.

## Ezilenler:

Eger sizi ezýän bolsalar, bu nämäni aňladýar? [19]

Rehimsiz patyşanyň golastynda kim ejir çekýär? [20]

Tä kimdir biri olary azatlyga çykarýança, şeýtanyň hökümdarlygy astynda hemmeler ejir çekýär. Şeýtan rehimsiz patyşa!

Garyplara kim gerek? [21]

Günäniň ýesirlerine kim gerek? [22]

Körlere kim gerek? [23]

Ezilenlere kim gerek? [24]

21-nji aýatda Isa olara näme diýdi? [25]

Uzak garaşylan Halasgär we Mesih geldi!

Hudaý Ybraýyma beren wadasynda durdy!

Isa Hudaýyň wada beren Adamydy!

Isa köp adamlara şypa berdi we Ol bize Özüniň kimdigini aýan etmek üçin köp gudratlar görkezdi. Emma Ol bize gudratlardan hem has oňat zat bermek üçin geldi. Ol bizi günäden, ölümden we şeýtandan azat etmek üçin geldi!

Bu iň ajaýyp täzelik boldy!

Isa näme üçin geldi? [26]



# Adamlar Ony kabul ederlermi?

**Luka 4:28–30-y** okaň.

Adamlar Isanyň wagzyna nähili jogap berdiler? [27]

Dünýä Hudaýyň Ogluny söýýänlere we Ony ýigrenýänlere bölünýär. Biz Isany söýýändigimiz sebäpli adamlar bizi ýigrenenlerinde, biz haýran galmaly däldiris.

Eger Ol Hudaýyň wada beren Halasgäri bolsa, hatda bu bizi adamlaryň söýmeýändigini aňladýan bolsa-da, Ol hemme zada degýär!

## Isa kim? Biz bu gün Ol barada näme öwrendik?

# Jogaplary

1 – Hudaýyň Ogly Mesih.
2 – Sen Meniň söwer Oglumsyň, Men Senden köp razydyryn.
3 – Olar hemme zatlaryny taşlap, Isanyň yzyna eýerýärler.
4 – Olar muňa haýran galdylar.
5 – Sen Hudaýyň Mukaddesisiň.
6 – Ol ondan çykdy.
7 – Ol köp adamlara şypa berdi we köp arwah-jynlary çykardy.
8 – Olar Mesihe, Halasgäre garaşýardylar.
9 – Ol iblisi ýeňer.
10 – Ol ähli adamlary ýalkar.
11 – Sebäbi olar Ol barada we Onuň gudratlary barada eşitdiler.
12 – Ol olara Işaýadan okady (61-nji bap).
13 – Haçanda olar patyşalyga ýa-da baş ruhanylyga bellenenlerinde.
14 – 1) Garyplar,
2) ýesirler,
3) körler,
4) ezilenler.
15 – Bu olarda puluň ýokdugyny aňlatmaýar, bu olara Hudaýyň gerekdigini aňladýar. Olar pespäl adamlar.
16 – Iblis.
17 – *Men bu dünýä görmeýänler görsün, görýänler kör bolsun diýip, höküm çykarmaga geldim.*
18 – Bu şol adamlaryň özlerine Hudaýyň bagyşlamasynyň gerekdigini bilmeýändigini aňladýar.
19 – Bu siziň rehimsiz patyşanyň golastynda ejir çekýändigiňizi aňladýar.
20 – Hemmeler!
21 – Olara hakyky baýlygy berýän kimdir biri.
22 – Olary iblisden halas edýän kimdir biri.
23 – Özleriniň günälidiklerine düşünmekleri üçin olara göreç berýän kimdir biri.
24 – Olara gowy patyşa gerek.
25 – *Siziň eşiden bu mukaddes ýazgyňyz şu gün berjaý boldy.*
26 – Ol bizi günäden, ölümden we şeýtandan azat etmek üçin geldi!
27 – Adamlar Oňa ynanmadylar. Olar Onuň aýdan zatlaryny kabul edip bilmediler. Olar Ony öldürmäge synanyşdylar!

## 29-njy Sapak:

# Pajygaly Heläkçilikmi Ýa-da Hudaýyň Meýilnamasy Amala Aşdymy?



Isanyň ölümi pajygaly heläkçilik boldumy? Ol şeýle köp ýagşylyk etse-de, Onuň ömür tanapy kesildi!

Käbir adamlar Onuň haçda ölmändigini, diňe ölen ýaly görünendigini aýdýarlar. Hakykatda Onuň deregine başga kimdir biriniň bolandygyny we Hudaýyň ony Isa bolup görüner ýaly edendigini aýdýarlar. Emma bu biziň Hudaýyň häsiýeti barada bilýänlerimiz bilen gabat gelmeýär. Ol adamlary aldamaýar! Eýsem Isa Özüne derek kimdir biriniň ölmegine seredip durup bilermi?

Käbir adamlar Isany haçdan düşürenlerinde, hakykatda öli bolmandygyny, Onuň salkyn mazarda Özüne gelendigini aýdýarlar. Emma biz rimlileriň adam öldürmekde ussat hünärmendiklerini bilýäris. Olar kimdir biriniň ölüp-ölmänligini saýgaryp bilýärdiler. Kimdir birini haçda jezalandyran bolsalar, bu onuň ölendigini aňladýar. Adam haçda duranda, oňa dem almak kyn bolupdyr. Adam dem almak üçin döşüni ýokary galdyrmaly bolupdyr. Ol ölende, indiki demini alyp bilmändir. Haça çüýlenmek oýlanyp tapylan ölüm jezalarynyň iň rehimsizi bolupdyr!

**Ýohanna 19:34-i** okaň. Isanyň hakykatdan ölendigine göz ýetirmek üçin esger näme etdi? [1]

Isanyň deregine başga biriniň ölendigini we Hudaýyň ony Isa bolup görüner ýaly edendigini aýdýan adamlara biz näme diýip bileris? [2]

Isanyň hakykatda haçda ölmändigini, Onuň salkyn mazarda Özüne gelendigini aýdýan adamlara biz näme diýip bileris? [3]

# Isa Öz şägirtlerine Öz Ölümi Barada Gürrüň Berdi

Şeýle hem, biz Isanyň nädip öljekdigini anyk bilýändigini okaýarys.

**Luka 9:18–20-ni** okaň.

Ençeme gudratlar görkezenden soň, hiç kimiňkä meňzemeýän ygtyýarlyk bilen öwredenden soň, Isa şägirtlerine bir sorag berdi. Isa olardan näme sorady? (20-nji aýat) [4]

Petrus näme jogap berdi? [5]

Ýahudyýa şol döwürde Rim imperiýasynyň bir bölegidi. Isanyň şägirtleri Isanyň özleriniň Patyşasy bolmagyny we olary rehimsiz rimlilerden azat etmegini islediler.

**Luka 9:21–22-ni** okaň.

Isa Öz şägirtlerine näme diýdi? [6]

Bu nädip beýle bolup bildi? Eger Isany öldürmekçi bolsalar, Ol nädip ýeňiji patyşa bolsun? Şägirtlere bularyň baryny kabul etmeklik örän agyr boldy, Isa olara muny üç gezek aýtmaly boldy (Luka 9:44–45 we 18:31–34).

Şägirtler Hudaýyň Öz halkyna ibermegi wada beren patyşasy Isadygyna düşündiler. Emma olar Onuň nähili patyşa boljakdygyna düşünmediler. Olar wada berlen Patyşanyň ejir çekmeli boljakdygyna aň ýetirmediler.

Köne Ähtde Mesihiň öljekdigi barada az ýazylan. Pygamberlikleriň köpüsi Onuň Hudaýyň halkyna getirjek güýji we gutulyşy barada aýdýar.

Mysal üçin **Zebur 2:6–8-i** okaň.

Hudaý Öz Patyşasyna näme berer? [7]

Emma Luka 9:21–22-de, Isa özüniň näme üçin gelendigi barada näme diýdi? [8]

Näme üçin şägirtlere Isanyň öldüriljekdigine düşünmek kyn boldy? [9]

Bu geň ýagdaýdy!

# Köne Ähtdäki Gurbanlyklar Bizi Mesihiň Ölümine Taýýarlaýar

Gurbanlyk baradaky sapak siziň ýadyňyzdamy? Näme üçin Hudaýyň halky gurbanlyk bermeli boldy? [10]

**Ýewreýler 10:1–4-i** okaň.

Köne Ähtde adamlaryň getiren gurbanlyklary bilen näme mesele boldy? [11]

Gurbanlyklaryň näme peýdasy bolupdyr? (3-nji aýat) [12]

Bize günälerimizden doly we hemişelik tämizleýän gurbanlyk gerek.

# Köne Ähtdäki Pygamberlik Bizi Mesihiň Ölümine Taýýarlaýar

Köne Ähtde nähili pygamberlik bizi Mesihiň ölümine taýýarlaýar? [13]

**Işaýa 53:5–6-ny** okaň.

Isanyň gelmezinden ýüzlerçe ýyl öň, Hudaý Işaýa arkaly näme diýdi? [14]

**Zebur 21:15–19-y** okaň.

Bu size nämäni ýatladýar? [15]

Haça çüýleme barada 21-nji mezmur adamlaryň haça çüýlemäni oýlap tapanlaryndan ýüzlerçe ýyl öň beýan edýär. Biz munuň Mesih baradaky pygamberlik bolandygyny indi bilýäris.

Mesihiň ölümi ilkibaşdan Hudaýyň meýilnamasy boldy!

# Hudaýyň adalatly meýilnamasy

**Rimliler 3:21–26-ny** okaň.

Hudaýyň Mesihe iman edenlere berýän aklanma ýoly barada näme şaýatlyk edýär? **(21–22-nji aýatlar)** [16]

Biz nädip bagyşlanma gazandyk? **(23–25-nji aýatlar)** [17]

Isanyň gurbanlyk ölümi günälerimiz üçin töleg we bagyşlanmagymyz üçin ýeke-täk ajaýyp gurban boldy. Baky ýaşaýşa barýan başga ýol ýok!

**Rimliler 6:23-i** okaň.

Günä gazanmak bilen biz näme gazanýarys? [18]

Emma Hudaý bize näme berýär? [19]

Bu dünýädäki iň ajaýyp täzelikdir!

Şeýlelikde, biz bu gün näme öwrendik?

### Isa näme üçin geldi?

## Jogaplary

1 – Ol naýza bilen Isanyň böwrüni deşdi.
2 – Bu biziň Hudaýyň häsiýeti barada bilýänlerimiz bilen gabat gelmeýär. Ol adamlary aldamaýar! Eýsem Isa Özüne derek kimdir biriniň ölmegine seredip durup bilermi?
3 – Biz rimlileriň adam öldürmekde ökde hünärmen bolandygyny bilýäris. Olar kimdir biriniň ölüp ölmändigini gowy bilipdiler. Kimdir biri haçda jezalandyrylanda, indiki demini almak üçin döşüni ýokary galdyrmagyny bes edendigi sebäpli, onuň ölendigi belli bolupdyr.
4 – *Siz Maňa kim diýýärsiňiz?*
5 – Sen Mesih! Sen Hudaýyň bütin Köne Äht arkaly ibermegi wada beren Kişisi!
6 – Ol öldüriler, emma üçülenji gün direler.
7 – Tutuş ýer ýüzüni.
8 – Isa ölmäge we täzeden direlmäge gelendigini aýtdy.
9 – Eger Isany öldürmekçi bolsalar, Ol nädip ýeňiji patyşa bolsun?
10 – Hudaý mukaddes we Ol Özüne garşy baş galdyranlaryň hemmesini jezalandyrmaly. Her gezek biz nädogry hereket edenimizde, günä edenimizde, Hudaýa garşy baş galdyrýarys. Öz patyşasyna dönüklik eden ölüme mynasyp bolşy ýaly, biz hem günälerimiz üçin ölüme mynasyp.Emma Köne Ähtde Hudaý Öz merhemeti bilen Öz halkyna günäleriniň bagyşlanmagy üçin olara gurbanlyk getirmäge mümkinçilik berdi. Diňe gan biziň günälerimizi örtüp bildi.
11 – Haýwanlary gurbanlyk bermek bizi Hudaýyň öňünde aklamaga ýeterlik bolmady.
12 – Olar biziň günälerimiz üçin ýatlama boldylar. Olar adamlara günäleri üçin ölüme mynasypdyklaryny görkezdi.
13 – Işaýa 53:5–6: Emma ol biziň ýazyklarymyz üçin ýaralandy, biziň etmişlerimiz üçin ezýet çekdi, rahatlygymyz üçin jeza onuň başyna geldi, onuň ýaralary arkaly biz şypa tapdyk. Ählimiz edil goýun ýaly azaşdyk; öz ýolumyz bilen gitdik herimiz, Reb ählimiziň etmişimizi oňa ýükledi.
14 – Hudaý Mesihiň biziň günälerimiz üçin gurbanlyk hökmünde öljekdigini aýtdy. Ol biziň ähli günälerimizi aýrar.
15 – Isanyň haça çüýlenmesini.
16 – Töwrat we Pygamberler kitaplaryna.
17 – Isanyň gurbanlygy arkaly.
18 – Ölüm.
19 – Baky ýaşaýyş!

30-njy sapak:

# Isanyň Direlmegi we Göge Göterilmegi



## Isanyň Direlmegi

**Luka 24:1–12-ni** okaň.

Şägirtlerde we aýallarda Isanyň täzeden direlmegine bolan hiç hili umyt ýokdy. Olar Onuň direlmegine garaşmadylar!

Aýallar näme üçin mazara gitdiler? [1]

Olary näme haýran galdyrdy? [2]

Perişdeler aýallara näme diýdi? (5–7-nji aýatlar) [3]

Mesih şägirtlerini Iýerusalime alyp barýarka, haçda öldüriljekdigini, ýöne üçünji gün direljekdigini öňünden aýdypdy (Luka 9:22).

Bu olar üçin garaşylmadyk zat däldi!

### Biz Isanyň ölümden direlenine nädip ynamly bolup bileris?

- Eger jeset ogurlanan bolsa, jesediň daşyna oralan kepeni taşlap gitmän, ony hem alyp giderdiler. (Luka 24:12)
- Rim ýolbaşçylaryna we ýahudy ýolbaşçylaryna Isanyň ölümden direlmändigini subut etmek üçin, olara diňe Onuň jesedini görkezmek gerekdi. Emma olar Ony tapyp bilmediler.

- 40 günüň dowamynda Isanyň Özi köp adamlara göründi. Şeýle köp şaýatlar bardy! (1-nji Korintoslylar 15:3–8)

Haýsy üç usul boýunça biz Isanyň ölümden direlendigine ynamly bolup bilýäris? [4]

1.

2.

3.

**Luka 24:36–43-i** okaň.

Isa Özünde henizem fiziki bedeniniň bardygyny görkezmek üçin näme etdi? [5]

Isanyň indi başgaça bolandygyny näme görkezýär? [6]

Isa direlenden soň, bedeni nädip öňkiligine galdy we ol näme bilen tapawutlandy? [7]

## Isanyň direlmegi bize nämäni görkezýär?

**1. Isa ölümi ýeňdi!** Ol öldi we ýene direldi.

> *(Isa) ölümi ýok etdi.* (2 Timoteos 1:10)

**2. Isa iblisi ýeňdi!** Ol adamlary iblisiň gulçulygyndan azat edip bilýär!

> *Hudaý ruhy güýçleriň we ygtyýarlyklaryň elinden ýaragyny aldy.* (Kolosiýalylar 2:15)

**3. Isa biziň günälerimiz üçin töledi we Hudaý ony kabul etdi!**

> *.... Oglunyň döken gany arkaly günälerimizi bagyşlap, bizi azat etdi.* (Efesliler 1:7)

**4. Ol Özüne iman edenlere baky durmuşy berýär!**

> *Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.* (Ýohanna 3:16)

Bu iň ajaýyp täzelik!

Isanyň ölümden direlmegi bize haýsy 4 zady görkezýär? [8]

1.

2.

3.

4.

# Isanyň Göge Göterilmegi

**Resullaryň işleri 1:1–11-i** okaň.

Isa direlenden soň 40 günläp näme etdi? (3-nji aýat) [9]

Isa şägirtlerine näme wada berdi? (5-nji aýat) [10]

Şonda olaryň wezipeleri nämeden ybarat bolmalydy? (8-nji aýat) [11]

Şondan soň Isa näme boldy? (9-njy aýat) [12]

11-nji aýatda perişde şägirtlere näme diýdi? [13]

Isa gaýdyp geler!

## Isanyň göge göterilmegi bize nämäni görkezýär?

Isanyň göge göterilmegi bize 4 zady görkezýär:

**1. Hudaý Isany iň ýokary ýere göterdi.**

> *Şoňa görä Hudaý Ony juda beýgeltdi: Oňa ähli atdan üstün bir ady berdi. Göklerdäki, ýerdäki, ýer astyndaky her kes Isanyň ady agzalanda dyz eper.* (Filipililer 2:8–10)

**2. Isa dünýäni höküm etmek üçin basym dolanyp geler.**

> Biz başga kimdir birine garanda Isadan has köp gorkmalydyrys!
>
> *Hudaýyň huzurynda, şeýle hem dirilere we ölülere kazylyk etjek Isa Mesihiň huzurynda...* (2 Timoteos 4:1)

**3. Şol bir wagtda Isa biziň üçin töwella edýär.**

> *Hudaýyň halkyny kim höküm edip biler? Isa Mesih, ýagny Ol öldi, emma ölümden direldi, häzir Hudaýyň sagynda oturyp, biziň üçin töwella edýär.* (Rimliler 8:34)

Ol Ata Hudaýa şeýle diýýär: “(Seniň adyň) — seniň gymmatly çagaň. Bu günäsi üçin ony bagyşla. Meniň ganym muny örtdi. Onuň bu günäni etmesini bes edip biler ýaly we öz durmuşynda Saňa şöhrat getirer ýaly, Biz ony Mukaddes Ruhdan doldurarys”.

**4. Ölenimizden soň biziň henizem bedenimiz bolar.**

**1-nji Korintoslylar 15:35–46-ny** okaň.

Ölümden soň biziň bedenimiz bolar, emma ol häzirki bedenimizden nähili tapawutlanar? [14]

Biz hemişelik ajaýyp ruhy bedende ýaşarys!

Isanyň göge göterilmegi bize nämäni görkezýär? [15]

1.

2.

3.

4.

Isa bize hem Hudaýyň huzuryna girmäge mümkinçilik açdy, häzir iman arkaly, emma geljekde hakyky ýagdaýda!

Isanyň ölümden direlmegi we göge göterilmegi dünýäde iň ajaýyp täzelik! Siz muny kim bilen paýlaşyp bilersiňiz?

## Bu gün siz näme öwrendiňiz?

# Jogaplary

1 – Aýallar Isanyň jesedine ýakymly ysly ýaglary çalmaga gitdiler.
2 – Mazar boşdy!
3 – *Siz näme üçin dirini ölüleriň arasyndan gözleýärsiňiz? Ol bu ýerde ýok, Ol direldi! Ol heniz siziň bilen bilekä Jelilede özüňize aýdan zatlaryny ýadyňyza salyň. Ol: "Ynsan Ogly günäli adamlaryň eline tabşyrylmaly, haça çüýlenmeli we üçülenji gün direlmelidir"diýipdi.*
4 – 1) Eger jeset ogurlanan bolsa, jesediň daşyna oralan kepeni taşlap gitmän, ony hem alyp giderdiler.
2) Rim ýolbaşçylaryna we ýahudy ýolbaşçylaryna Isanyň täzeden direlmändigini subut etmek üçin, olara diňe Onuň jesedini görkezmek gerekdi. Emma olar Ony tapyp bilmediler.
3) 40 günüň dowamynda Isanyň Özi köp adamlara göründi. Şeýle köp şaýatlar bardy!
5 – Ol birazajyk balyk iýdi.
6 – Ol gapylar açylmazdan peýda boldy we ýitirim boldy.
7 – Ol fiziki beden üçin zerur bolan iýmit iýip bildi, ýöne Ol şobada görnüp we ýitirim bolup bildi.
8 – 1) Isa ölümi ýeňdi! Ol öldi we ýene direldi.
2) Isa iblisi ýeňdi!
3) Isa biziň günälerimiz üçin töleg töledi we Hudaý ony kabul etdi!
4) Isa Özüne iman edenlere baky ýaşaýyş berýär!
9 – Ol Öz yzyna eýerýänlere göründi we Özüniň diridigini köp subutnamalar bilen görkezdi.
10 – Olar Mukaddes Ruh arkaly çümdürilýär.
11 – Olar bütin dünýäde Onuň şaýatlary bolarlar.
12 – Ol göge göterildi.
13 – *Isanyň göge göterilenini gözüňiz bilen gördüňiz ahyry. Ol göge nähili göterilen bolsa, hut şonuň ýaly hem gaýdyp geler.*
14 – Olar baky bolar, olarda hiç hili mesele bolmaz, olar owadan we ajaýyp bolar, şeýle hem bizde Hudaý bilen bozulmajak gatnaşyk bolar.
15 – 1) Hudaý Isany iň ýokary ýere göterdi.
2) Isa dünýäni höküm etmek üçin basym dolanyp geler.
3) Şol bir wagtda Isa biziň üçin töwella edýär.
4) Şeýle hem biz ölenimizden soň biziň kämil bedenimiz bolar.

# 31-nji Sapak:

# Mukaddes Ruh



## Biz Köne Ähtde Mukaddes Ruh Barada Näme Öwrenýäris?

1. Biz Köne Ähtde Mukaddes Ruh barada ilkinji gezek haçan okaýarys? [1]

Mukaddes Ruh ilki başdan işledi!

2. Köne Ähtde Mukaddes Ruh aýratyn sebäpler boýunça aýratyn adamlara indi.

**1 Şamuwel 16:13-de** ol kime geldi? [2]

3. Şeýle hem Hudaý Mukaddes Ruhy pygamberlere berdi, şonda olar Hudaýyň Sözüni Hudaýyň halkyna ýetirip bildiler.

**2 Petrus 1:20–21-i** okaň. Pygamberler Hudaýyň Sözüni halka nähili ýetirdiler? [3]

4. Emma Hudaý tutuş Hudaýyň halkynyň Mukaddes Ruhy aljak wagtyny wada berdi.

**Ýowel 2:28-de** Ýowel pygamberiň sözlerine görä, bu nämä meňzeýär? [4]

Biz Köne Ähtde Mukaddes Ruh barada näme öwrenýäris? [5]

1.

2.

3.

4.

## Biz Täze Ähtde Mukaddes Ruh Barada Näme Öwrenýäris?

**Resullaryň işleri 1:8:** Mukaddes Ruh şägirtlere nähili güýç berer? [6]

Olar hemmelere Isa barada gürrüň bermeli!

**Resullaryň işleri 2:1—24:** Haçanda olar Mukaddes Ruhy alanlarynda, näme bolup geçdi? [7]

**Resullaryň işleri 2:41:** Şol gün näçe adam mesihi boldy? [8]

Bu Hasyl baýramydy, şeýle hem Pentikost ady bilen meşhur bolup, "Ellinji gün" diýmegi aňladýardy. Bu Pesahdan ýa-da Pashadan soň ellinji gündi. Käbir ýygnaklar Hudaýyň şol gün bitiren işi sebäpli özlerini "Ellinjiler" diýip atlandyrýarlar.

**Resullaryň işleri 2:38:** Kim Mukaddes Ruh sylagyny alýar? [9]

Mukaddes Ruh ähli mesihilerde ýaşaýar. Mukaddes Ruh bolmasa, siz mesihi bolup bilmeýärsiňiz! (Efesliler 1:13)

## Mukaddes Ruh Näme Edýär?

**Rimliler 8:16-da** Mukaddes Ruh näme edýär? [10]

**Rimliler 8:26-da** Mukaddes Ruh näme edýär? [11]

**Galatýalylar 5:22—23-de** Mukaddes Ruh näme edýär? [12]

**Resullaryň işleri 1:8-de** Mukaddes Ruh näme edýär? [13]

**1 Korintoslylar 12:7—11-de** Mukaddes Ruh näme edýär? [14]

**1 Korintoslylar 12:13-de** Mukaddes Ruh näme edýär? [15]

Mukaddes Ruh bizi birleşdirýär we bizi bölmeýär! Soňky ýyllarda köp mesihileriň Mukaddes Ruhuň işine düşünmekde bölünýändiklerine Hudaý gynanýar.

Biz beýleki mesihileri söýmesek, bu biziň durmuşymyzda Mukaddes Ruha işlemäge rugsat bermeýändigimizi görkezýär.

### *Goşmaça pikir*

**1 Korintoslylar 14:1–3:** Pawlus bize haýsy sylagy hemme zatdan beter has köp islemelidigimizi aýdýar? [16]

Bu sylag nähili görünýär? (3-nji aýat) [17]

Biziň hemmämiziň iň möhüm wezipämiz biri-birimizi güýçlendirmek, goldamak we teselli bermekdir!

Şeýlelikde, biz Mukaddes Ruhuň näme edýändigi barada näme öwrendik? [18]

1.

2.

3.

4.

5.

6.

## Mukaddes Ruhdan Doly Bolan Adamyň Durmuşy Nähili Görünýär?

**Galatýalylar 5:22–23-i** okaň.

Mukaddes Ruhdan doly bolan adamyň durmuşy nähili görünýär? [19]

Biziň durmuşymyz şeýle görünýärmi? Eger ýok bolsa, biz bu babatda näme etmeli? (**Luka 11:13-i** okaň.) [20]

**Efesliler 4:30:** Biz nädip Mukaddes Ruhy gamgyn edýäris? Mysallar getiriň. [21]

## Gybat

Gybatkeşlik — biziň üçin uly mesele bolup durýar. Gybat kimdir biriniň abraýyny we ýygnagy weýran edip bilýär. Belki siz ybadathana gelmegi bes eden adamlary bilýänsiňiz, sebäbi başgalar olar barada gybat edýärler. Biz gybat etmezlik üçin biri-birimize nädip kömek edip bileris? Eger kimdir biri gybat edip başlasa, biz näme diýip bileris? [22]



Biz Mukaddes Ruhuň göwnünden turmaly — biz ony gamgyn etmeli däl!



Biz her gün Hudaýdan özümizi Mukaddes Ruhdan doldurmagyny soramaly, şonda biz Isanyň yşygy bolup bileris we töweregimizdäkileriň ählisi üçin ýalkanyş bolup bileris!

### Siz bu gün näme öwrendiňiz?

# Jogaplary

1 – Gelip çykyş 1:2.
2 – Dawut.
3 – Mukaddes Ruh arkaly hereket edýän pygamberler Hudaýyň sözlerini geplediler.
4 – *Pygamberlik eder oguldyr gyzlaryňyz, düýşler görer garrylaryňyz, aýanlyk alarlar ýigitleriňiz.*
5 – 1) Mukaddes Ruh ilki başdan işledi!
2) Köne Ähtde Mukaddes Ruh aýratyn sebäpler boýunça aýratyn adamlara indi.
3) Şeýle hem Hudaý Mukaddes Ruhy pygamberlere berdi, şonda olar Hudaýyň Sözüni Hudaýyň halkyna ýetirip bildiler.
4) Emma Hudaý tutuş Hudaýyň halkynyň Mukaddes Ruhy aljak wagtyny wada berdi.
6 – Diňe bir Iýerusalimde däl, tutuş ýer ýüzüniň ähli ýerinde Isanyň şaýatlary bolarlar.
7 – Hudaý olary gorkak şägirtlerden batyr şägirtlere öwürdi. Şeýle hem şol gün olar Iýerusalime gelenleriň ählisine Hoş Habary olaryň öz dillerinde düşündirip bildiler.
8 – Üç müň adam!
9 – Ähli mesihiler — toba edenleriň we suwa çümdürilenleriň ählisi.
10 – Mukaddes Ruh bizi Hudaýa degişlidigimiziň we Onuň çagalarydygymyzyň kepilnamasydyr.
11 – Mukaddes Ruh bize doga-dileg etmäge kömek edýär.
12 – Mukaddes Ruh biziň Isa meňzeş bolmagymyz üçin ýüregimizi we häsiýetimizi üýtgedýär.
13 – Mukaddes Ruh bize hemmelere Isa barada gürrüň bermek üçin güýç berýär.
14 – Mukaddes Ruh her bir adama ýygnakda biri-birimize hyzmat edip bilmek sylagyny berýär.
15 – Mukaddes Ruh bizi birleşdirýär.
16 – Pygamberlik sylagy.
17 – Biz adamlara olary güýçlendirmek, ruhlandyrmak we teselli bermek üçin gepleýäris.
18 – 1) Mukaddes Ruh biziň Hudaýa degişlidigimiziň we Onuň çagalarydygymyzyň kepilnamasy bolup durýar.
2) Mukaddes Ruh bize doga-dileg etmäge kömek edýär.
3) Mukaddes Ruh biziň Isa meňzeş bolmagymyz üçin ýüregimizi we häsiýetimizi üýtgedýär.
4) Mukaddes Ruh biziň hemmelere Isa barada gürrüň bermegimiz üçin güýç berýär.
5) Mukaddes Ruh her bir adama ýygnakda biri-birimize hyzmat edip bilmek sylagyny berýär.
6) Mukaddes Ruh bizi birikdirýär.
19 – Bu adam söýgiden, şatlykdan, parahatlykdan, sabyrlylykdan, mähribanlykdan, ýagşylykdan, sadyklykdan, ýumşaklykdan we özüňe erk edip bilmeklikden doludyr.
20 – Bize Hudaýdan Öz Mukaddes Ruhuny bermegini soramak gerek!
21 – Mysallara degişli: Haçanda biz erbet zatlary aýdanymyzda we edenimizde, haçanda biz ýalan sözlänimizde, haçanda biz ýaramaz zatlary aýdanymyzda, haçanda biz gybat edenimizde, haçanda biz internetde erbet zatlara seredenimizde.
22 – Gaty görme, ýöne men gybaty diňlemek islämok. Eger bu gepi sen bu adamyň özi bu ýerde bolanda aýdyp bilmejek bolsaň, onda maňa-da aýtma. Eger men muny eşitmesem, muny başgalara-da geçirmerin!

# 32-nji Sapak:
# Ýygnak



## Ýygnak Nähili Başlandy?

**Resullaryň işleri 2:36–41-i okaň.** Şägirtler Mukaddes Ruhy kabul edenlerinden soň, bu Petrusyň wagyzynyň soňydyr.

Halk Hudaýyň Köne Ähtde wada beren Mesihine näme etdi? **(36-njy aýat)** [1]

Muny eşidenlerinde, olar nähili jogap berdiler? **(37-nji aýat)** [2]

Petrus halkyň ýerine ýetirmeli bolan haýsy iki zady barada aýtdy? **(38-nji aýat)** [3]

1.

2.

“Toba etmeklik” nämäni aňladýar? [4]

Suwa çümdürilmek nämäni alamatlandyrýar? [5]

Şeýle hem, bu hemmelere biziň Isanyň yzyna eýerýändigimizi görkezýär we biz mesihileriň maşgalasyna, ýygnaga goşulýarys.

Eger biziň suwa çümdürilmegimize maşgalamyz we dostlarymyz garşy bolsalar, bize aýratyn köp batyrgaýlyk gerek bolýar.

Mukaddes Ruhy kim kabul edýär? (38–39-njy aýatlar) [6]

## Ýygnagyň Ösüşi

**Resullaryň işleri 1:15:** Şol güne çenli näçe mesihi bardy? [7]

**Resullaryň işleri 2:40–41:** Günüň başynda olar gorkan şägirtleriň kiçi toparyndan ybaratdy. Günüň ahyrynda ýene näçe adam mesihi boldy? [8]

Bu ýygnagyň başlangyjy boldy!

# Ýygnak Näme Edýär?

**Resullaryň işleri 2:42–47-ni** okaň.

Ýygnak bina däl — bu maşgala!

Ýygnagyň başlangyjy aýratyn döwür boldy. Biz her gün bile ýygnanyşyp bilmesek-de, henizem bir maşgaladyrys. Isa şägirtleriniň Öz yzyna gizlin we bukulyp eýermeklerini islemeýär. Biz biri-birimize gerek. Biz bilelikde toplanmaly.

**42-nji aýatda** mesihiler haýsy 4 zady ýerine ýetirdiler? [9]

1.

2.

3.

4.

“Olar resullaryň taglymatyny öwrenmäge yhlasly ýapyşdylar” diýmek biziň üçin nämäni aňladýar? [10]

Siz Hudaýyň Sözüni her gün okaýarsyňyzmy? Siz Hudaý barada mümkin boldugyça has köp zat öwrenmek isleýärsiňizmi?

“Olar ýakyn gatnaşykda ýaşamaga yhlasly ýapyşdylar” — bu biziň üçin nähili görünýär? [11]

Siz muny nähili ýerine ýetirýärsiňiz?

Näme üçin “olar hemişe bile çörek iýmäge yhlasly ýapyşdylar”? [12]

Rebbiň agşamlyk naharyny bilelikde iýmek mesihiler üçin örän wajypdyr.

Adamlar biz hemişe bile doga-dileg edýäris diýip bilýärlermi?

Hudaýyň başgalary Öz Patyşalygyna getirmegi üçin biz doga-dileg edýärismi?

## Çagyryş



Biz her gün näçe minut we sagat telefonda wagtymyzy sarp edýäris (gürrüň etmek ýa-da okamak bilen)? Biz her gün näçe minut ýa-da sagat doga-dileg etmeklige we Mukaddes Kitap okamaklyga sarp edýäris? Bularyň haýsysy has möhüm?

## Isanyň Ady Bilen Dileg Etmek Nämäni Aňladýar?



Bu günälerimiziň bizi Hudaýdan aýra salýandygyna göz ýetirýändigimizi aňladýar. Biziň özümiziň Ata Hudaýyň öňünde durmaga ygtyýarymyz ýok. Emma biz Hudaýyň öňünde durup bilýäris, sebäbi Isa haçda ganyny dökmek bilen bizi bagyşlady. Şonuň üçin indi Hudaý Onuň huzurynda dogry bolan — biziň dileglerimizi eşidýär! Bu iň ajaýyp artykmaçlykdyr!

Isanyň ady bilen dileg etmek,biziň Oňa boýun bolýandygymyzy aňladýar.

**44–45-nji aýatlarda** mesihiler näme etdiler? [13]

(Biz bu barada bir az wagtdan gürrüň ederis)

**46–47-nji aýatlarda** mesihiler ýene näme etdiler? [14]

Haçanda biz Hudaýy alkyşlanymyzda, bu Hudaýy bagtly edýär we bizi hem bagtly edýär!

Nähili ýygylykda adamlar Mesihiň ýygnagyna goşulýardylar? [15]

Goý, Hudaý muny biziň ýygnagymyzda hem şeýle etsin!

Ol günler ajaýyp günler boldy!

# Biz Ýygnagymyzda Nädip Biri-Birimize Wepaly Bolup Bileris?

Ýygnakda biziň biri-birimize söýgi görkezip bilmegimiz üçin sizde nähili pikirler bar? Azyndan ýedi jogap tapyň! [16]

1.

2.

3.

4.

5.

6.

7.

Siziň üçin dileg edip bilerleri ýaly, öz meseleleriňizi ýygnak ýolbaşçylary bilen paýlaşmaga çekinmäň. Bu olar üçin ruhlandyrmadyr: bu siziň olara ynanýandygyňyzy görkezýär, olar Hudaýyň öz dileglerine jogap berýändigini görenlerinde, şatlanyp bilýärler. Şeýle hem olar öz wagyzlary arkaly ýygnaga has gowy bilim berip bilerler.

Goý, Hudaý her gün biziň ýygnagymyzda mesihileriň sanyny artdyrsyn!

## Çagyryş

Täze Ähtde, ýygnaklarda tizara kynçylyklar ýüze çykyp başlady. Kämil ýygnak ýok! Tä biz Täze Iýerusalime baryp ýetýänçäk, kämil ýygnak bolmaz!

Emma, geliň, biz başarýan ähli zadymyzy edeliň, şonda köp we has köp adamlar biziň durmuşymyzda Hudaýy görüp bilerler we biziň sözlerimiz arkaly Isanyň kimdigini tanarlar.

## *Goşmaça:* Pul



Pul ýygnak agzalarynyň arasynda köp meseleleri ýüze çykaryp biler! Geliň, Pawlusyň pul barada näme aýdandygyna seredeliň.

- **1 Timoteos 6:10-da** Pawlus pul barada näme diýdi? [17]

  Puly Hudaýdan has gowy görenimizde näme bolýar? [18]

- **1 Korintoslylar 16:2-de** Pawlus pul barada näme diýdi? [19]

  Pawlus olaryň haýsy endigini goldady? [20]

- **2 Salonikliler 3:10-da** Pawlus pul barada näme diýdi? [21]

  Bu nämäni aňladýar? [22]

- **Rimliler 13:8-de** Pawlus pul barada näme diýdi? [23]

  Bu biziň üçin nämäni aňladýar? [24]

Wagtynda yzyna gaýtarylmadyk bergi dostlugy we ýygnagy zaýalaýar!

Biz Pawlusdan pul barada näme öwrenýäris? [25]

1.

2.

3.

4.

Karzy diňe ylalaşylan möhletde yzyna gaýtaryp bilseňiz karz alyň. Maddy ýagdaýyňyzda hakykatdanam kömege mätäç bolsaňyz, ruhy çopanyňyz bilen bu barada gürleşiň. Pul bilen mesele bar bolsa, bu utanç däl. Dostlugy bozup, ýygnagy ýykanymyzda utanç.

Biz başgalara ýagşylyk etmeli, başgalary aldamak günädir.

## Siziň öz puluňyza bolan garaýşyňyzda üýtgetmeli bir zat barmy?

# Jogaplary

1 – Olar Ony haçda öldürdiler.
2 – Olar örän gaýga batdylar.
3 – 1) Toba ediň!
2) Her biriňiz Isa Mesihiň ady bilen suwa çümdüriliň.
4 – Olaryň Hudaýa özleriniň Oňa boýun egmändiklerine gynanýandyklaryny aýtmaklary gerek. Olar Hudaýyň iberen Mesihiniň yzyna eýermäge başlamaly.
5 – Isanyň biziň ähli günälerimizi ýuwýandygynyň beýanydyr. Ýagny biz özümiz üçin öldük, indi Isa üçin ýaşaýarys.
6 – Hudaýyň çagyrjaklarynyň her biri üçindir. Toba eden we suwa çümdürilen ähli mesihiler.
7 – 120.
8 – Üç müňe golaý adam!
9 – 1) Olar resullaryň taglymatyny öwrenmäge yhlasly ýapyşdylar.
2) Olar ýakyn gatnaşykda ýaşamaga yhlasly ýapyşdylar.
3) Olar bile çörek iýmäge yhlasly ýapyşdylar.
4) Olar doga-dileg etmäge yhlasly ýapyşdylar.
10 – Biz Hudaýyň Sözünden öwrenen zatlarymyz barada okaýarys, pikirlenýäris, maslahatlaşýarys we doga-dileg edýäris. Biz muny özbaşdak we beýleki mesihiler bilen bilelikde etmeli.
11 – Biz biri-birimizi söýýäris we alada edýäris. Biz bilelikde duşuşýarys.
12 – Olar özleriniň bagyşlanma alyp bilmekleri üçin Isanyň ölendigini ýatlaýardylar.
13 – Olar örän eli açykdylar we sadaka berýärdiler.
14 – Olar Hudaýy şöhratladylar.
15 – Her gün!
16 – Mysallar:
1) Ýygnakdaky beýlekilere jaň etmek;
2) Sms hat ýazmak;
3) Wagtyň bolanda duşuşmak;
4) Her hepde ýygnaga gelmek — bu sizi ýygnakda ýöne görmek hem beýlekileri ruhlandyrýar!
5) Biri-biriňe kömek etmäge taýýar bolmak, meselem, eger olar ýaramadyk bolsalar ýa-da täze bäbegi bolan bolsa.
6) Başgalar üçin doga-dileg etmek.
7) Mukaddes Kitap sapaklarynda öwrenen zatlaryňy başgalar bilen paýlaşmak. Hudaýyň Sözünden näçe köp zat öwrensek, Hudaý hem bizi başgalar üçin ýalkanyş bolmagymyz üçin şonça köp ulanar!
17 – Pul höwesi ähli bela-beteriň körügidir.
18 – Biz pulumyzy Hudaýy şat etmek üçin däl-de, özümizi şat etmek üçin sarp edýäris.
19 – *Men ýanyňyza baranymda ýygnama zerurlygy bolmaz ýaly, heriňiz her hepdäniň birinji güni öz ýagdaýyna görä belli mukdarda pul süýşürip, ýanynda saklasyn.*
20 – Bermäge taýýar bolmak üçin, mümkin boldugyndan puluňyzy ýygnaň.
21 – *Kim işlemek islemeýän bolsa, nahar-da iýmesin.*
22 – Kim ýalta bolsa we işlemek islemese, oňa pul bermäň.
23 – *Biri-biriňize söýgüden başga bergiňiz bolmasyn, sebäbi ýakynyny söýýän adam Musanyň Kanunyny berjaý edýändir.*
24 – Biz bergimizi mümkin boldugyça çalt bermelidiris!
25 – 1) Hudaýyň bize beren puluny has ýerlikli ulanarymyz ýaly bize Hudaýyň akyldarlygy gerek.
2) Jomart bolmaga taýýar bol.
3) Biz başgalary biderek bolmaga we işlemezlige höweslendirmek islemeýäris.
4) Dostlugy we ýygnagy weýran etmezlik üçin bergiňizi basym wagtynda yzyna töläň.

## 33-nji Sapak:

# Başgalara Hoş Habary Gürrüň Bermek



## Ähli milletler

**Gelip çykyş 12:1—7-de** Hudaý Ybraýyma näme wada berdi? [1]

Ine, iki müň ýyldan soň biz Hudaýyň Öz wadasynda nähili durýandygyny görýäris!

Biz Hudaýyň Köne Ähtde wada beren Mesihini nähili iberendigini görýäris. Häzir ähli milletleriň halas bolup bilmekleri üçin Mesih barada eşitmek wagtydyr.

**Matta 28:18—20-de** Isa şägirtlere näme diýdi? [2]

**Resullaryň işleri 1:8-i** okaň. Şägirtler nädip ähli milletleri şägirt edinip bildiler? [3]

Bu iş tamamlanmady — Isa barada heniz eşitmedik halklar bar. Öz dillerinde Mukaddes Kitap ýok halklar bar, ol ýerde öz dillerinde gürleýän mesihiler ýok. Meselem, Dagystanda (Gara deňizde) köp sanly şeýle adamlar topary bar.

Isa barada hemme adamlaryň eşitmegi biziň wezipämiz!

Resullaryň işleri kitabynda biz bu işiň nähili başlandygyny görýäris.

## Iýerusalimden daşda

Isa şägirtlerine Öz şaýatlary bolmagy nirede aýtdy? **(Resullaryň işleri 1:8)** [4]

Geliň, bu dürli ýerler barada pikir edeliň.

## 1. Iýerusalimde

Resullaryň işleri kitabynda Isanyň 12 şägirdi “resullar” diýlip atlandyryldy.

Ýudas Isa dönüklik edip, kast edip özüni öldürenden soň, beýleki resullar onuň deregine kimi saýladylar? **(Resullaryň işleri 1:26)** [5]

Diňe 12 resul irki ýygnagyň ýolbaşçylary boldular.

Soňrak ýene kim resul boldy? **(1 Korintoslylar 1:1)** [6]

**Resullaryň işleri 6:7:** Olar ilkibaşda nirede wagyz etdiler? [7]

Emma Ýahudyýanyň hökümdarlary we ýahudy patyşasy resullara garşy boldular.

**5:17–20-de** olar näme etdiler? [8]

**7:59–60-da** olar näme etdiler? [9]

**5:41–42-de** resullar näme etdiler? [10]

Köp adamlar Isa iman etdiler!

## 2. Tutuş Ýahudyýada we Samariýada




**Resullaryň işleri 8:2–5:** Güýçli yzarlanma bolanda näme bolup geçdi? [11]

Karta serediň. Samariýa Iýerusalimiň demirgazyk tarapynda ýerleşýär.

## 3. Tutuş Ýer Ýüzünde

**Resullaryň işleri 10-njy baby** okaň.

Hudaý Petrusa näme öwretdi? [12]

Ilkinji iman edenler Hoş Habaryň ýewreý däller üçinem niýetlenendigine düşünenlerinde, bu olar üçin örän möhüm waka boldy!

Resullaryň işleri 11:19–21: Mesihiler nirä gitdiler? [13]

Karta serediň.

Finikiýa — bu gün Liwan.

Kipr — bu gün Türkiýäniň günortasyndaky uly ada.

Antiýoh — Türkiýäniň günorta-gündogarynda bolup, bu gün Antiýoh diýlip atlandyrylýar.

Köp ýahudylar we ýahudy däller Isa iman etdiler!




# Uzaklara Syýahat Etmek

**Resullaryň işleri kitabynyň 13-nji babyndan 20-nji** babyna çenli biz Pawlusyň we beýleki mesihileriň häzirki Türkiýäniň we Gresiýanyň territoriýasynda syýahat edendikleri we köp ýygnaklar açandyklary barada okaýarys. Soňrak Pawlus bu ýygnaklara baryp gördi.




Resullaryň işleri kitabynda biz ähli milletleriň Isa barada eşitmekleri üçin işiň nähili başlandygyny görýäris. 8:26–40-da biz nädip birinji nobatda Afrikanyň mesihi bolandygy barada okaýarys.

Biz bu işi nädip dowam edip bileris?

Biz Hoş Habary öň hiç haçan eşitmedik adamlar bilen nähili paýlaşýarys?

Resullaryň işleri kitabynda başlanan wezipäni siziň nähili dowam etjekdigiňiz barada sizde nähili pikirler bar? [14]

## Bu wezipäni dowam edip biler ýaly biri-biriňiz üçin dileg ediň!

# Jogaplary

1 – Ol ony beýik millet etjekdigine, oňa ýer berjekdigine, ýer ýüzündäki ähli milletleri ol arkaly ýalkajakdygyna söz berdi.
2 – Şonuň üçin hem gidiň-de, ähli milletleri şägirt ediň, olary Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň adyndan suwa çümdüriň.
3 – Muny ýerine ýetirmäge olara Mukaddes Ruh güýç berdi.
4 – Iýerusalimde, tutuş Ýahudyýada we Samariýada, ýer ýüzüniň dört künjeginde siz Meniň şaýatlarym bolarsyňyz.
5 – Mattiý.
6 – Pawlus.
7 – Iýerusalimde.
8 – Olaryň käbirini türmä dykdylar.
9 – Olar Stefany öldürdiler.
10 – Olar Isa barada wagyz etmeklerini dowam etdiler.
11 – Köp mesihiler Iýerusalimden gaçyp gitdiler. Olar tutuş Ýahudyýanyň we Samariýanyň üsti bilen Iýerusalimiň demirgazygyna gitdiler.
12 – Ilki olar Isa barada diňe ýewreýlere gürrüň berdiler, emma indi olara beýleki milletlerden bolan adamlara hem düşündirmekleri gerekdi (ýewreýler olary başga milletler diýip atlandyrýarlar) — bu adamlar ýahudy däldiler, olar Köne Ähti bilmeýärdiler, Ýeke-täk Hudaýa sežde etmeýärdiler.
13 – Finikiýa, Kipre, Antiýoha.
14 – Şeýle pikirleri öz içine alýar:
- Isa barada hiç haçan eşitmedik adamlar üçin doga-dileg etmek (öz ýurduňda we başga ýurtlarda).
- Maşgalaň, dostlaryň we goňşylaryň bilen Isa barada paýlaşanyňda, biri-biriňize goldaw bermek üçin dostlaryň bilen doga-dileg etmek.
- Mukaddes Kitap taryhyny düşündirmekde biri-biriňiz bilen tejribe geçirip görüň, şonda siz muny başgalara düşündireniňizde özüňize ynamly bolarsyňyz.
- Daş-töweregiňizdäkilere Isanyň söýgüsini görkezip bilmegiň amaly usullary barada pikir ediň.
- Hudaý sizden Isa barada eşitmäge mümkinçiligi ýok adamlaryň ýaşaýan ýerine göçmegiňizi soraýarmy?

## 34-nji Sapak:

# Täze Ähtdäki Hatlar



Isa göge alnandan soň ilkinji günlerde Mesihilerde Täze Äht kitaby ýokdy. Olarda köp kynçylyklar boldy. Isanyň yzyna dogry eýerer ýaly olara akyl-paýhas gerekdi.

Täze Ähtde 21 hat bar. Ýygnaklar köp uzak ýerlere dagadylar, şonuň üçin resullar bu ýygnaklary goldamak üçin uzak aralykdan hatlary ýazdylar.

Bu hatlary alan ýygnaklar soňra olary elde göçüripdirler we beýleki ýygnaklara nusgasyny iberipdirler. Şonda beýleki köp ýygnaklar hem olaryň paýhasyndan peýdalanyp bilipdirler.

## Täze Ähtiň mazmuny üýtgedilenmi?



Käbir adamlar Täze Ähtiň üýtgedilendigini aýdýarlar. Emma bu mümkin däl, sebäbi hatlar we Hoş Habarlar gözi bilen gören şaýatlar tarapyndan ýa-da gözi bilen gören şaýatlary tanaýanlar tarapyndan ýazylan. Olar iň ilkinji mesihiler tarapyndan hakykat hökmünde kabul edildi we örän uzak aralyk ýerlere ýaýradyldy. Olaryň baryny yzyna ýygnap, täzeçe görnüşini ibermek mümkin däl ýagdaýdyr. Şeýle hem irki mesihiler özleriniň hakykat hasaplan zadyny hiç kimiň üýtgetmegine ýol bermezdiler!

Täze Äht bölekleriniň 24 000-den gowrak golýazmalary tapyldy. Olardan 230 sanysy Muhammet dogulmazdan öňki döwre degişli. Bu golýazma bölekleri örän möhüm bolup durýar, sebäbi olar Täze Ähtiň üýtgedilmändigini görkezýär!

Näme üçin Täze Ähtiň üýtgedilmegi mümkin däl? [1]

## Hatlar:

- özleriniň imanyna wepaly bolmaklaryny goldamak üçin mesihilere Isa barada we Isanyň berýän gutulyşy barada öwretdiler.

- mesihiler nämedir bir ýalňyş zada ynananlarynda, hakykaty bilmekleri üçin olaryň ýalňyşyny düzetdiler.

- Hudaýyň göwnünden turmak üçin, mesihilere nähili dogry ýaşamalydygyny öwretdiler.

Bu hatlary ýazanlarynda, hatlaryň awtorlarynyň nähili üç maksady bolupdyr? [2]

1.

2.

3.

## Bu Hatlaryň Awtorlary Kim?

**Ýakup, Petrus, Ýohanna** we **Ýahuda** mesihileri goldamak üçin hatlar ýazdylar.

**Pawlus** ýygnaklara 9 hat ýazdy we 4 sany şahsy adama ýazdy.

Ol ýygnaklara dogry ýolbaşçylyk etmekleri üçin, **Timoteosa** 2 hat, **Titusa** bir hat ýazdy.

Şeýle hem ol **Filimunyň** hut özüne hat ýazdy.

Pawlusyň bu hatlary Täze Ähtiň ahyrynda ýerleşýär. Olardan soň diňe **Aýanlyk kitaby** gelýär.

Biz **Ýewreýlere haty** kimiň ýazandygyny bilmeýäris. Ýöne köpler Pawlusyň ýa-da onuň egindeşleriniň biriniň (mysal üçin Barnap ýa-da Apolla) ýazandyr diýip ynanýarlar.

Täze Ähtde hatlaryň köpüsini kim ýazypdyr? [3]

## Biz Bu Hatlara Nädip Düşünip Bilýäris?

Hatdaky bölege bize düşünmäge kömek etmek üçin, biz 4 sorag sorap bilýäris:

1. Bu hat ýazylanda ýygnakda nähili **meseleler** bardy?
2. Nähili **söz düzümleri ýa-da sözler gaýtalanýar?** Köp adamlar gaýtalanýan söz düzümlerini aýratyn bellemegi halaýarlar.
3. **Esasy mowzuk** näme we awtor olara näme öwretmek isleýär? Siz muny ýönekeý tassyklamada aýdyp bilersiňizmi?
4. Bu ýygnagyň **biziň ýygnagymyza** nähili meňzeşligi bar? Biziň kynçylyklarymyzyň olaryňky bilen nähili meňzeşligi bar? Bu parçadaky nähili möhüm pikir bu gün biziň ýygnagymyzda ulanylýar?

Haýsy dört sorag bize Täze Ähtiň hatlaryna düşünmäge kömek edýär? [4]

1.

2.

3.

4.

Geliň, Kolosiýalylara hatdan käbir aýatlary bilelikde öwreneliň.

**Kolosiýalylara hat 1:9–20-ni** okaň.

1. Siz muny çaklap bilersiňizmi: **Olarda nähili mesele bardy?** [5]

Ýalan mugallymlar olara başga taglymatyň bardygyny, mesihileriň muny bilmändiklerini we Isa bilen gatnaşyklar ýeterlik däldigini aýtdylar.

2. **Haýsy söz düzümleri ýa-da sözler gaýtalanýar?** [6]

Pawlus olara Hudaýa we baky ýaşaýşa bolan gatnaşyklar üçin biziň ähli zadymyzyň Isada bardygyny aýtmak isledi!

Haýsy söz düzümlerinde **"ähli/bütin/her bir"** diýen söz ulanylýar? [7]

3. **Esasy mowzuk näme we awtor olara näme öwretmek isleýär?** [8]

4. **Bu ýygnagyň biziň ýygnagymyza nähili meňzeşligi bar? Biziň kynçylyklarymyzyň olaryňky bilen nähili meňzeşligi bar? Bu parçadaky nähili möhüm pikir bu gün biziň ýygnagymyzda ulanylýar?** [9]

Biz Isanyň ýeterlik däldigini, Ondan soň bize başga pygamberiň gerekdigini aýdýan adamlara näme diýip bileris? [10]

## *Goşmaça*

Hatlary (ýa-da Mukaddes Kitabyň islendik parçasyny) öwrenmegiň başga usuly öz okan babyňyz barada özüňizden 5 sorag soramakdyr. Geliň, muny bilelikde ýerine ýetireliň.

**1. Bu parça bize Hudaý (Ata, Ogul we Mukaddes Ruh) barada näme aýdýar?** [11]

**2. Bu parça bize adamlar barada näme aýdýar?** [12]

**3. Munda boýun egmek buýrugy, bize duýduryş ýa-da görelde alar ýaly nusga barmy?** [13]

**4. Bu parçadan Hudaý bize näme öwredýär?** [14]

**5. Men muny kim bilen paýlaşyp bilýärin?** [15]

## Hudaýa We Baky Ýaşaýşa Bolan Gatnaşyklar Üçin Biziň **Ähli Zadymyz** Isada Bar!

### Öý işi

Indiki sapakda biziň bile öwrenip bilerimiz ýaly, 1 Salonikliler kitabyny okaň.

## Jogaplary

1 – Sebäbi hatlar we Hoş Habarlar gözi bilen gören şaýatlar tarapyndan ýa-da gözi bilen gören şaýatlary tanaýanlar tarapyndan ýazylan. Olar iň ilkinji mesihiler tarapyndan hakykat hökmünde kabul edildi we örän uzak aralyk ýerlere ýaýradyldy. Olaryň baryny yzyna ýygnap, täzeçe görnüşini ibermek mümkin däl ýagdaýdyr. Şeýle hem, irki mesihiler özleriniň hakykat hasaplan zadyny hiç kimiň üýtgetmegine ýol bermezdiler!

2 – 1) Özleriniň imanyna wepaly bolmaklaryny goldamak üçin mesihilere Isa barada we Isanyň berýän gutulyşy barada öwretdiler.
2) Haçanda mesihiler nämedir bir ýalňyş zada ynananlarynda, hakykaty bilmekleri üçin olaryň ýalňyşyny düzetdiler.
3) Hudaýyň göwnünden turmak üçin, mesihilere nähili dogry ýaşamalydygyny öwretdiler.

3 – Pawlus.

4 – 1) Olarda nähili mesele bardy?
2) Esasy mowzuk näme we awtor olara näme öwretmek isleýär?
3) Haýsy söz düzümleri ýa-da sözler gaýtalanýar?
4) Bu ýygnagyň biziň ýygnagymyza nähili meňzeşligi bar? Biziň kynçylyklarymyzyň olaryňky bilen nähili meňzeşligi bar? Bu parçadaky nähili möhüm pikir bu gün biziň ýygnagymyzda ulanylýar?

5 – Olar Isa ýeterlik däldir diýip pikir etdiler.

6 – Pawlus “ähli” we “her bir” diýen sözleri gaýtalaýar.

7 – *Ony **her babatda** hoşal etmegiňiz üçin;*
*Goý, siziň **ähli** oňat işleriňiz miwe bersin;*
***ähli zada** döz gelmegiňiz üçin güýç-kuwwat bersin;*
***bütin** ýaradylyşyň ilkinji doglany;*
***ähli zatlar** Ol arkaly ýaradylandyr;*
***hemme zat** Ol arkaly we Onuň üçin ýaradyldy;*
***ähli zatdan** öň bar bolan Oldur;*
***ähli zatlar** Ol arkaly mäkäm durandyr;*
***ähli zatda** ilkinji orny alsyn diýip;*
***Hudaý ähli** bütewiligi bilen Onda ornaşmagyndan hoşal boldy;*
***ähli zady** Özi bilen ýaraşdyrmagy;.*

8 – Isa Hudaýyň Özünden kem däldir (15-nji aýat), Ol ähli zatlaryň, görünýän hem görünmeýän zatlaryň üstünden hökümdarlyk sürýär (16-njy aýat), Onuň ölümi arkaly Ata Hudaý ähli zady Öz dünýäsi bilen ýaraşdyrdy (20-nji aýat). Şeýlelikde, Isa — bize gerekli ähli zatdyr!

9 – Käwagt adamlar bize Mukaddes Kitap ýa-da Isa ýeterlik däl, bize başga ýene nämedir bir zat gerekdigini aýdýarlar.

10 – Bu parçadan öz ulanyp biljek söz düzümleriňizi tapyň!

11 – Mukaddes Ruh bize paýhas we düşünje berýär.
Ata Hudaý Nurdaky Öz halkynyň mirasyna şärik bolmaga bizi doly mynasyp gördi.
Ata Hudaý bizi garaňkylygyň ygtyýaryndan boşadyp, Öz söýgüli Oglunyň Şalygyna getirdi.
Isa görünmeýän Hudaýyň keşbidir.
Isa — bütin ýaradylyşyň ilkinji doglanydyr.
Gökdäki we ýerdäki hemme zat Isa arkaly we Isa üçin ýaradyldy.
Ähli zatdan öň bar bolan Isadyr, ähli zatlar Isa arkaly mäkäm durandyr. Bedeniň, ýagny imanlylar ýygnagynyň başy Isadyr.
Isa — ähli zatda başlangyçdyr, ilkinji bolup ölümden direlen-de Oldur.
Ähli zatda ilkinji orny eýeleýän Isadyr.
Hudaýyň doly kämilliginiň Isada ornaşdyrylmagy Hudaýyň Öz islegi boldy.
Isanyň haçda döken gany arkaly parahatçylygy berkarar edip, Hudaý ýerdäki we gökdäki ähli zady Özi bilen ýaraşdyrmagy makul bildi.

12 – Biz Hudaý tarapyndan ýaradyldyk we Onuň Ogly tarapyndan halas edildik.

13 – Pawlus Kolosiýadaky ýygnak üçin üznüksiz doga-dileg etdi — bu biziň üçin gowy görelde.
Biziň wezipämiz şulardan ybarat:
- Rebbe mynasyp durmuşda ýaşap, Ony her babatda hoşal etmekden;
- Hemişe oňat işleri etmekden;
- Hudaýy tanamakda has-da ösmegimizden;
- Onuň beýik güýji we gudraty arkaly has güýçli bolmagymyzdan, biziň çydamly, sabyr-takatly we şadyýan bolmagymyzdan;
- Nurdaky Öz halkynyň mirasyna şärik bolmaga bizi doly mynasyp eden Ata Hudaýa şatlanyp alkyş aýtmagymyzdan.

14 – Bu aýatlaryň üsti bilen Hudaýyň özüňize görkezen zatlaryny paýlaşyň.

15 – Bu sapagy paýlaşyp biljek adamyň adyny aýdyň.

# 35-nji Sapak:

# 1 Salonikliler



## Bu Hat Barada Umumy Maglumat

Bu hat Gresiýadaky Salonik şäherde ýaşaýan mesihilere ýazylan. Salonik şäheri Pawlusyň döwründe örän uly we wajyp şäherleriň biridi.

Bu Pawlusyň ilkinji ýazan haty bolmagy mümkin.

**Resullaryň işleri 17:1–10:** Salonikdäki ýygnagyň nähili başlandygyny bize gürrüň berýär.

Pawlus ol ýerde näçe wagt boldy? [1]

Pawlus Salonikä birinji gezek barandan soň, olara ýene barmak isledi, ýöne baryp bilmedi. Şonuň üçin hem ol bu haty ýazdy. Bu Hudaýyň biziň meselelerimizi biziň üçin nädip ýagşylyga ulanýandygynyň gowy mysalydyr. 2000 ýyllap Hudaý bu hatyň üsti bilen millionlarça adamlary ýalkady!




## Bu Hatda Pawlus 4 Zat Barada Ýazmak Isledi:

1. Käbir imansyzlar Pawlus barada erbet zatlar aýdanda, ol özüniň gowy adamdygyny subut etmeli boldy **(2:1–3:10)**. Eger mesihiler ony gowy adam däl diýip hasap eden bolsalar, olar onuň özlerine öwreden zatlaryna ynanmaklaryny dowam etmezdiler.

2. Pawlus özleriniň imany sebäpli yzarlanylýan mesihileri goldamak isledi **(1:2–9; 2:14; 3:1–5)**.

3. Pawlus olara mukaddes durmuşda ýaşamalydyklaryny ýatlatdy **(4:1–12; 5:12–22)**.

4. Pawlus mesihileriň ölende, özlerine näme bolýandygyna we Isa gaýdyp gelende näme bolup geçjekdigine olaryň düşünmeklerini isledi **(4:13–5:11)**.

Pawlus Salonikdäki mesihilere haýsy 4 zat barada ýazmak isledi? [2]

1.

2.

3.

4.

# 1-nji Bap

Mukaddes Kitabyň islendik parçasyny öwrenenimizde biziň ulanjak bäş soragymyza jogap bereliň.

Bu 5 sorag haýsylar? [3]

1.

2.

3.

4.

5.

**1. Bu parça bize Hudaý (Ata, Ogul, Mukaddes Ruh) barada näme gürrüň berýär?** [4]

**2. Bu parça bize adamlar barada näme gürrüň berýär?** [5]

**3. Munda boýun egmäge buýruk barmy, biziň üçin duýduryş barmy, görelde alar ýaly nusga barmy?** [6]

**4. Bu parçada Hudaý bize näme öwredýär?** [7]

## Iman, Söýgi we Umyt

Iman, umyt we söýgi — Pawlusyň hatlarynda möhüm sözlerdir.

Iman, umyt we söýgi — biziň durmuşymyzyň binýadydyr. Eger bularyň biri ýetmese, biziň imanymyz uzak dowam etmez.

**Iman:** Dünýäniň Kazysy hökmünde basym Isanyň geljekdigi baradaky bilim biziň her gün her minutda edýän işimize täsir edýärmi?

**Söýgi:** Meniň göwnüme ýaramaýan we meniň üçin söýmesi kyn bolan adam barmy? Eger bar bolsa, meniň Hudaýdan olara söýgi görkezip bilmek mümkinçiligini soramagym gerek. Olara söýgi görkezmek bilen, biz olara bolan söýgini duýup başlaýarys!

**Umyt:** Adamlar bize Isa bolan imanymyz sebäpli erbet darasalar, biz Isanyň basym bizi Özi bilen baky ýaşamaga alyp gitjekdigini bilýäris. Isa bize berk durmaga gaýrat berýär!

Isa gelende, biziň meselelerimiziň täze ýer bilen deňeşdirende hiç zat bolup galýandygyny biz bilýäris!

Biz görgi görýän wagtymyzda-da bizde şatlyk we rahatlyk bar, adamlar biziň durmuşymyzda Mukaddes Ruhuň güýjüni görüp bilýärler. Gyzykly tarapy, asyrlar boýy ýygnaklar yzarlananda olaryň has çalt ösýän döwürleri boldy.

**Size bularyň haýsysynda ösmek üçin Hudaýdan kömek soramak gerek: imandamy, söýgidemi ýa-da umytda?**

**5. Men muny kim bilen paýlaşyp bilerin?** [8]

## Öý Işi

Bu hepdede tutuş haty ýene bir gezek okaň we her bapdan soň özüňizden bu bäş soragy soraň.

# Jogaplary

1 – Diňe iki hepde (3 şenbe günleri).
2 – 1) Käbir imansyzlar Pawlus barada erbet zatlar aýdanda, ol özüniň gowy adamdygyny subut etmeli boldy. Eger mesihiler ony gowy adam däl diýip hasap eden bolsalar, olar onuň özlerine öwreden zatlaryna ynanmaklaryny dowam etmezdiler.
2) Pawlus özleriniň imany sebäpli yzarlanylýan mesihileri goldamak isledi.
3) Pawlus olara mukaddes durmuşda ýaşamaklaryny ýatlatdy.
4) Pawlus mesihileriň ölende, özlerine näme bolýandygyna we Isa gaýdyp gelende näme bolup geçjekdigine olaryň düşünmeklerini isledi.
3 – 1) Bu parça bize Hudaý (Ata, Ogul, Mukaddes Ruh) barada näme gürrüň berýär?
2) Bu parça bize adamlar barada näme gürrüň berýär?
3) Munda boýun egmäge buýruk barmy, biziň üçin duýduryş barmy, görelde alar ýaly nusga barmy?
4) Bu parçada Hudaý bize näme öwredýär?
5) Men muny kim bilen paýlaşyp bilerin?
4 – Hudaý olary söýýär. (4-nji aýat)
Hudaý olary saýlady. (4-nji aýat)
Diňe Mukaddes Ruh adamlara Hudaýa gelmäge mümkinçilik berýär. (5-nji aýat)
Mukaddes Ruh bize muşakgatlar içinde şatlyk berýär. (6-njy aýat)
Ol hakyky we diri Hudaý. (9-njy aýat)
Ol Isany ölümden direltdi. (10-njy aýat)
Isa dolanyp geler. (10-njy aýat)
Isa bizi Hudaýyň gazabyndan halas edýär. (10-njy aýat)
5 – Biz olaryň imanynyň ýagşy işleri barada, olaryň söýgi boýunça bitiren işi barada, Reb Isanyň umydy arkaly olaryň ylhamlanan çydamlylygy barada öwrenýäris. (3-nji aýat)
Edil olaryň Pawlusdan, Silasdan we Timoteosdan görelde alyşlary ýaly, beýleki mesihiler hem häzir olardan görelde alýarlar. (1-nji, 6-njy we 7-nji aýatlar)
Hemmeler olaryň imany barada eşitdiler, sebäbi olar köp ejir çekmeli bolandyklaryna garamazdan, Hoş Habary şatlyk bilen kabul etdiler. (8-nji aýat)
Bir wagt olar butlara sežde etdiler, indi olar diri we hakyky Hudaýa sežde edýärler. (9-njy aýat)
6 – Pawlus şol mesihiler üçin hemişe Hudaýa minnetdarlyk bildirýär. (2-nji aýat)
Ol şol mesihiler üçin üznüksiz doga-dileg edýär. (2-nji aýat)
Mesihiler beýik görelde boldular: olaryň ýagşy işleri iman arkaly amala aşdy, olaryň zähmeti söýgi bilen ýerine ýetirildi, olaryň çydamlylygy bolsa, umytda ylhamlandy. (3-nji aýat)
Olar şatlyk bilen ejir çekdiler. Beýleki mesihiler öýkünip bilerleri ýaly, bular gowy görelde boldular. (6-njy aýat)
Olar üçin iň möhüm zat — dünýäni höküm etmek üçin Isanyň basym gelmegidir. (10-njy aýat)
7 – Goý, her kim öz jogabyny bersin.
8 – Muny kim bilen paýlaşyp biljek bolsaňyz, onuň adyny aýdyň we siziň muny gowy ýerine ýetireriňiz ýaly, biri-biriňiz üçin doga-dileg ediň.

## 36-njy Sapak:

# Isanyň Gaýdyp Gelmegi we Kyýamat Güni



## Isanyň Gaýdyp Gelmegi

Reb Isanyň gaýdyp gelmegi barada Täze Ähtiň köp ýerinde ýazylan. Ol bizi Öz öýüne alyp gitmekçi.

Gelip çykyş 12:1–7-de Hudaý Ybraýyma nähili wadalar berdi? [1]

Hudaýyň **halky** ajaýyp täze **dünýäde** ýaşar, ol ýerde biz göz öňüne getirip bilşimizden-de has köp **ýalkanarys**!

Geliň, Isa dolanyp gelmezden öňki döwür barada öwrenmek üçin **Matta 24:1–44-i** okalyň.

6–8-nji aýatlarda Isa näme diýdi? [2]

14-nji aýatda Isa näme diýdi? [3]

### *Goşmaça*

**Matta 24:15–21-nji aýatlar:** ***Şonuň üçin hem "weýrançylyk getirýän ýigrenji zadyň" mukaddes ýerde dikilenini göreniňizde, …***
***Bu barada Danyýel pygamber aýdypdy.***

Bu Danyýeliň elhenç döwür baradaky pygamberligidir, haçanda ybadathana ýigrenji gurbanlyk üçin ulanylanda, onuň yzyndan Höküm geler (Danyýel 9:27; 11:11; 12:11).

B.e.öň 167-nji ýylda grek hökümdary Antakiýa Epifan Iýerusalimdäki ybadathanada ýalan hudaýa haram gurbanlyk getirdi. Soňra ýewreýler gozgalaň turuzdylar.

Her niçik-de bolsa, Isa iki wakany öňden aýtmak üçin bu jümläni ulanýar:

1. Ybadathana weýran ediler. Bu b.e. 70-nji ýylda bolup geçdi. Bu ýewreýler üçin iň elhenç betbagtlyk boldy. Emma biz Ybadathananyň we onuň gurbanlyklarynyň öz halkyny bagyşlamak üçin Hudaýa mundan beýläk gerek bolmandygyny bilýäris. Näme üçin bu beýle boldy? [4]

2. Şeýle hem Isa Özüniň dolanyp geljekdigini aýdýardy. Ol dolanyp gelmezden öň, Hudaýyň halky elhenç çaknyşyga duçar bolar.

15–20-nji aýatlarda Isa haýsy 2 waka barada gürrüň edýär? [5]

Isa gaýdyp gelmezden öň ýagdaý nähili bolar? **(21-nji aýat)** [6]

Isa Işaýa kitabynyň aýadyna salgylanýar. Ol näme diýdi? **(29–30-njy aýatlar)** [7]

Isa dolanyp gelende, kim biler? **(30-njy aýat)** [8]

Ýer titremesi ýaly dünýäde bir betbagt bolanda, köp adamlar bu barada telewizorda ýa-da telefonda täzeliklere seretmek arkaly bilýärler. Emma käbir adamlar bu barada bilmeýärler. Isa dolanyp gelende, dünýädäki ähli adamlar bu barada şobada bilerler. Ukuda ýatan oýanar. Bu barada bilmeýän ýekeje adam hem bolmaz.

Isa Öz perişdelerini näme etmek üçin iberer? **(31-nji aýat)** [9]

Näme ýok ediler we näme baky dowam eder? **(35-nji aýat)** [10]

Isa gaýdyp gelende, kim biler? **(36-njy aýat)** [11]

Isa ýerde ynsan bolanda, Ol hemme zady bilmeýärdi we Özüniň haçan dolanyp geljekdigini hem bilmeýärdi. Eger adamlar Isanyň haçan dolanyp geljekdiginiň senesini bilýäris diýseler, biz olara ynanmaly däl. Asyrlaryň dowamynda käbir adamlar Isanyň dolanyp geljek senesini öňden aýtmaga synanyşdylar. Hiç kimiňki dogry däl! Munuň haçan boljakdygyny biziň gökdäki kämil Ata Hudaýymyz bilýär we biz Oňa ynanmaly!

Nuhuň döwründe, haçanda Nuh adamlara sil basmasy barada aýdanda, olar näme etdiler? **(37–39-njy aýatlar)** [12]

Onsoň olara näme boldy? [13]

Bu günki adamlaryň Nuhuň döwründäki adamlara nähili meňzeşligi bar? [14]

Bu aýatlar Isanyň dolanyp geljekdigi barada bize näme gürrüň berýär? **(42–43-nji aýatlar)** [15]

Biz näme etmeli? **(44-nji aýat)** [16]

# Kyýamat Güni

Biziň Kyýamat gününe düşünip bilmegimiz üçin Isa bize bu tymsaly berdi.

**Matta 25:31–46-ny** okaň.

Isa ähli adamlary iki topara böler. Ol bu iki topary haýsy haýwanlar bilen deňeşdirýär? [17]

Haýsy topary Isa Öz Patyşalygyna çagyrar? [18]

Goýunlar kim? [19]

Isa bizi nähili höküm eder? [20]

Emma ... Ýohanna 3:16: Kimde ebedi ýaşaýyş bolar? [21]

Olar biri-birine garşymy? [22]

- Biziň hemmämiz günä etdik. Hudaýyň merhemeti bilen Mesih günälerimiziň muzdyny töledi we biz bagyşlandyk. Şeýdip Hudaýyň öňünde aklandyk! (Rimliler 3:23–24)
- Isanyň meňzetmesini ulansak biziň hemmämiz "geçiler", emma Hudaý bizi bagyşlady we Ol bizi "goýunlara" öwürdi!). Bizde nähili ajaýyp Hudaý bar!
- Hudaý bizi halas edende, Ol biziň ýüregimizi üýtgedýär we bizde Onuň halkyna gulluk etmek islegi döreýär.
- Biziň edýän işimiz biziň hakykatdan Isa ynanýandygymyzy ýa-da ynanmaýandygymyzy görkezýär, biziň goýundygymyzy ýa-da geçidigimizi görkezýär.

**Biziň hereketlerimiz biz barada näme aýdýar? Biz geçimi ýa-da goýun?**

Matta bilen Ýohanna biziň hereketlerimiz biziň imanymyzyň subutnamasydygyna ikisi-de düşündiler. Olaryň ikisi-de eger biz Isa ynanýan bolsak, biz gowy iş edýän adamlar bolmalydyrys diýip ýazdylar. Ýohanna muny diňe bir 3:16-da ýazmady, şeýle hem ol muny **Ýohanna 5:28–29-da** hem ýazdy. Bu aýatlarda gowy iş edýän şol adamlara näme bolar? [23]

Erbet iş eden adamlara näme bolar? [24]

## Jennet we Dowzah

Biz Matta 25:31–46-da iki dürli ýeriň bardygyny görýäris: jennet we dowzah.

34-nji aýatda Isa Özi üçin ýaşan adamlara näme diýer? [25]

Bu biziň haçan hem bolsa bir wagt eşitjek iň ajaýyp sözlerimizdir!

Biziň Onuň bilen ebedilik lezzet alyp bilerimiz ýaly, Hudaý Öz Patyşalygyny taýýarlady! (Aýanlyk 21:3–4)

Eger biz Isa ynansak we Oňa boýun bolsak, Hudaý bizi has köp ýalkar!

41-nji aýatda Isa özleri üçin ýaşanlara we Hudaýa garşy baş galdyranlara näme diýer? [26]

Bu biziň haçan hem bolsa bir wagt eşitjek iň elhenç sözlerimizdir! Hudaý Özüne boýun egmek islemedik adamlary jezalandyrar.

Olar iblisler we erbet ruhlar bilen birlikde ebedilik Hudaýdan aýra ýaşarlar. Bu ebedilik ölümiň ýeri bolar.

## Ynam

**1 Ýohanna 4:15–18-i** okaň.

Bize Kyýamat gününe ynam bilen garaşmaga kim kömek edýär? [27]

Hudaýyň bizde ýaşaýandygynyň iň uly subutnamasy näme? **(16–17-nji aýatlar)** [28]

### Durmuşymyzda Hudaýyň bizde ýaşaýandygyny görkezýän nähili subutnamalar bar?

## Biz Isany nähili güýçli söýýäris we Oňa gulak asmak isleýäris?

### Özümizi barlamak üçin soraglar

**Öýde:**
Biz maşgalamyzda biri-birimizi söýmek we goldamak üçin ähli mümkinçilikleri ýerine ýetirýärismi?
Bize hyzmat edýänlere (nahar bişirýänlere, arassalaýanlara, eşiklerimizi ýuwýanlara we ş.m.) öz minnetdarlygymyzy bildirýärismi?
Kimdir birine kömek gerekdigini görenimizde, biz dessine kömek edýärismi?

**Işde:**
Biz nähili işleýäris? Biz öz işimizi erbet garaýyş bilen ýerine ýetirýärismi? Biz mümkin boldugyça az we mümkin boldugyça çalt ýerine ýetirýärismi? Ýa-da biz şatlyk bilen Isany we öz başlygymyzy razy etmek üçin elimizden gelenini etmek bilen işleýärismi?

**Ýygnakda:**
Biz ýolbaşçylary goldaýarysmy, olar üçin dileg edýärismi, olara sarpa goýýarysmy?
Biz ýygnagyň ahyrynda başgalara gulluk etmäge we arassaçylyk işlerine kömek edýärismi?

Kimdir birine kömek gerek bolanda, biz ondan ýüz öwürýärismi ýa-da kömek etmek islemeýärismi? Ýa-da biz “bu meniň meselelerim däl, goý, olar öz meselelerini özleri çözsünler” diýýärismi?

**Dostlukda:**
Biz başga adamlar barada nähili gürrüň edýäris? Biz olar barada gowy zatlary aýdýarysmy ýa-da erbet zatlary? Düzgün şeýle: eger siz bir adam barada aýtjak gepiňizi şol adamyň özüne aýdyp bilmejek bolsaňyz, onda ol barada hiç zat gürlemäň.
Biz göwnümize degen we bize ýaramaýan zatlary aýdan adamlar üçin doga-dileg edýärismi?
Eger biz kimdir biri bilen dawa-jenjel eden bolsak, onuň bilen ýaraşmak üçin elimizden gelen zady edýärismi?

**Haýsy ulgamlarda siziň üýtgemegiňiz üçin Isadan kömek etmegini soramagyňyz gerek?**

## Çagyryş

Isanyň dolanyp gelmegine taýýarlyk nähili bolmaly? Biz Isanyň dolanyp gelmegine nähili taýýar bolup bilýäris? [29]

### Bu sapakda Hudaý size näme çagyryş edýär?

# Jogaplary

1 – Halk, ýer, ýalkanyş.
2 – Hemişe kynçylyklar bolar, bu dünýäniň ahyrynyň basym boljakdygyny aňlatmaýar.
3 – Hoş Habar bütin dünýäde yglan ediler, soňra Isa dolanyp geler.
4 – Isanyň ölümi biziň günälerimiz üçin ýeke-täk hemişelik gurbanlyk boldy!
5 – Ybadathana weýran ediler we Isa dolanyp gelmezden öň, Hudaýyň halky elhenç çaknyşyga duçar bolar.
6 – Gaty kyn günler bolar.
7 – Gökde elhenç zatlar bolup geçende, Isanyň dolanyp gelýändiginiň alamaty bolar.
8 – Hemmeler!
9 – Öz adamlarynyň ählisini öýüne alyp gitmek üçin ýygnamagy.
10 – Zatlar ebedi däl! Emma Isanyň sözleri ebedidir! Isanyň sözleri hemişe dogrudyr we hiç haçan unudylmaz.
11 – Diňe Hudaý.
12 – Olar öňkileri ýaly ýaşamaklaryny dowam etdirdiler. Olar durmuşdan lezzet alyp, öz isleýişleri ýaly ýaşadylar. Olar Hudaýa boýun egmediler. Olar durmuş ebedilik dowam eder diýip ynandylar.
13 – Hudaý olary aýyplady we olar sil gelende öldüler.
14 – Olar öňkileri ýaly ýaşamaklaryny dowam edýärler. Olar durmuşdan lezzet alyp, öz isleýişleri ýaly ýaşaýarlar. Olar Hudaýa gulak asmaýarlar. Olar durmuş ebedilik dowam eder diýip ynanýarlar.
15 – Bu birdenkä we duýdansyz bolar.
16 – Biz Isanyň dolanyp gelmegine taýýar bolmaly.
17 – Goýunlar we geçiler.
18 – Goýunlar.
19 – Ýagşylyk edýänler.
20 – Isa bizi eden işlerimize görä höküm eder.
21 – Isa ynanýanlaryň ählisi.
22 – Ýok.
23 – Olarda ebedi ýaşaýyş bolar.
24 – Olar höküm ediler.
25 – *Eý, Atamyň ýalkanlary! Geliň-de, dünýä ýaradylandan bäri siziň üçin taýýarlanan patyşalygy miras alyň.*
26 – *Eý, lagnatlylar, Meniň ýanymdan aýrylyň, iblis bilen onuň perişdelerine taýýarlanan ebedi oda ýanyň!*
27 – Eger biz Isany Hudaýyň Ogly hökmünde tanasak, eger biz Oňa iman etsek, Hudaý bizde ýaşaýar we bize Kyýamat gününe garaşmaga ynam berýär.
28 – Biziň Hudaýa we biri-birimize bolan söýgimiz.
29 – Biz her günümizi Isanyň dolanyp gelmezinden öň soňky gün ýaly ýaşamaly.
Biz toba eder ýaly, Hudaýdan biziň günälerimizi görkezmegini soralyň.
Biziň kimdir birini bagyşlamagymyz gerek bolsa, onuň kimdigini Hudaýdan görkezmegini soralyň.

# 37-nji Sapak:

# **Aýanlyk kitaby** (1-nji bölüm)



Biz Aýanlyk kitabyny iki bölüme bölüp öwreneris. Birinji bölümde biz kitapda aýdylýan käbir pikirlere serederis, ikinji bölümde biz kitapdan parçalary öwreneris.

## Ruhlandyrma

Haçanda Ýohanna Aýanlyk kitabyny ýazanda, köp mesihiler Isa bolan imany üçin öldiler. Rim imperatory adamlaryň özüne tagzym etmeklerini isledi, emma mesihiler beýle edip bilmediler.

Aýanlyk kitaby mesihileri ruhlandyrmak üçin, mesihilere şulary ýatlatmak üçin ýazyldy:

- Isa dünýäni dolandyrýan hakyky Patyşa!
- Iblisiň güýçli we betniýetli bolmagy mümkin, emma Isa ölümden direlende, ol uruşda ýeňildi.
- Isa basym dünýäni höküm etmek üçin dolanyp geler, Ol iblisi we Isanyň ähli duşmanlaryny dowzaha iberer.
- Soňra Isa iman edýänleriň ählisi ajaýyp Täze Ýerde ebedilik ýaşar!

Näme üçin Ýohannanyň hat ýazan adamlaryna ruhlandyrma gerek bolupdyr? [1]

Hudaý bu kitapda mesihilere näme ýatlatmak isledi? [2]

1.

2.

3.

4.

Bize haçan ruhlandyrma gerek? [3]

Bu kitapda Hudaý bize näme ýatlatmak isledi? [4]

# Görnüş

Bu kitap Mukaddes Kitapdaky beýleki kitaplardan örän tapawutlanýar. Bu Hudaýyň Ýohanna beren görnüşidir. Görnüşde Ýohanna geň zatlary görýär we eşidýär: olar alamatlar bolup, olarda many bar. Bu taryh däl. Bu Resullaryň işleri kitabyna meňzeş däl. Haçanda biz nämedir bir geň zat okanymyzda, biz özümizden: "Bu nämäni aňladýar?" diýip soraýarys.

Köne Ähtde biz pygamberleriň gören görnüşleri barada bilýäris. Olaryň görnüşleriniň hem manysy bolupdyr. Meselem, Danyýelden, Ezekiýelden we Zakarýadan käbir parçalar.

Biz Aýanlyk kitabynda tapýan ähli keşplerimizi Köne Ähtde hem tapýarys. Köne Äht bize diňe bir Aýanlyk kitabyna düşünmäge kömek etmän, eýsem Täze Ähtiň ähli kitaplaryna düşünmäge ýardam edýär!

Bu kitap Mukaddes Kitapdaky beýleki kitaplardan nähili tapawutlanýar? [5]

Şeýle hem Köne Ähtde haýsy pygamberler görnüş görüpdirler, ýagny olar aýratyn manysy bolan nähili zatlary görüpdirler? [6]

Geliň, Aýanlyk kitabynda bu alamatlaryň käbirine seredip geçeliň:

# Aždarhalar we Şahlar

**Aýanlyk 12:3-de** Ýohanna haýsy haýwany gördi? [7]



Aždarha nähili haýwan? [8]

Aždarha nämäni alamatlandyrýar? [9]

Onuň näçe şahy bar? [10]

Geliň, Köne Ähtde gabat gelýän 10 şahly gorkunç haýwana seredeliň.

**Danyýel 7:7-de** Danyýel näme gördi? [11]

**Danyýel 7:24-de** bu wagşy haýwanyň nämäni alamatlandyrýandygyny düşündirýär.

Bu on şah nämäni alamatlandyrýar? [12]

Iblis ähli ýaramaz syýasy ygtyýarlyklaryň arkasynda durýar. Siz nähili mysallary ýatlap bilýärsiňiz? [13]

# Sanlar

Aýanlyk kitabynda biz köp sanlary görýäris, olaryň hersiniň öz manysy bar. Olar hem alamatlar bolup durýar, olar hakyky sanlar däl.

Geliň, Aýanlyk kitabynda görýän bu sanlarymyzyň käbirine seredip geçeliň.

## Ýedi



**Gelip çykyş 2:2-ni** okaň. Siz nähili pikir edýärsiňiz, ýedilik san nämäni aňladýar? [14]

**Aýanlyk 1:11-i** okaň. Isa Ýohanna näme etmegi aýdýar? [15]

Şeýlelikde, bu Aýanlyk kitaby şol wagt we häzir ähli ýygnaklara ýazylan hatdygyny aňladýar!

Käwagt bize matematika bilen meşgullanmak gerek!

**Aýanlyk 12:6-ny** okaň. Aýal ýygnagy alamatlandyrýar.

Hudaý näçe wagtlap ol aýal barada alada edýär? [16]

Bu näçe aý bolýar? [17]

Bu näçe ýyl bolýar? [18]

Eger ýedi ýyl ebediligi aňladýan bolsa, üç ýarym ýyl — bu ýediniň ýarysy bolýar — çölde biziň wagtymyzyň ebedilik dowam etmejekdigini aňladýar!

## Alty



Altylyk san nämäni aňladýar? Bu hem edil ýedilik sana meňzeşmi? [19]

Alty “ýedi däl” diýmegi aňladýar. Bu kämil däl san, şonuň üçin erbetligi aňladýar.

Şeýtan Hudaýa öýkünmegi halaýar. Käwagt nämedir bir zat edil “ýedi” ýaly görünýär we haçanda bu ýedi däl-de, alty bolsa-da, biz muny “ýedi” diýip kabul edýäris. Şeýtan bizi Hudaýa däl-de özüne tabyn bolmaga mejbur etmek bilen bizi aldamagy halaýar.

Biz nämedir bir zadyň Hudaýdandygyny nädip bilýäris? [20]

Eger ýewreýler nämedir bir zady aýratyn bellemek isleseler, olar muny üç gezek aýdýardylar.

**Işaýa 6:3-de** seraflar Hudaýy nähili suratlandyrdylar? [21]

Olar Hudaýyň doly mukaddesdigini aýtdylar.

Eger 7-lik san kämilligi alamatlandyrýan bolsa we biz Hudaýa san belgisini bermeli bolsak, onda biz Oňa 777 sany bererdik, sebäbi Ol doly kämildir.

Muňa garamazdan, şeýtan bizi aldamagy halaýar. Ol hiç haçan gowy däldir. Ol dolulygyna ýaramaz. Ol Hudaýa meňzäp bilmeýär. Şonuň üçin hem ol **Aýanlyk Aýanlyk 13:18-de** haýsy sany alar? [22]

Bu nämäni aňladýar? [23]

## On



Haçanda Ýohanna wagtyň döwürleri barada ýazanda, on gün — bu az, müň ýyl bolsa — bu uzak diýýär.

Meselem:

**Aýanlyk 2:10-y** okaň: Olaryň yzarlanmalary näçe wagt dowam eder? [24]

Bu gysga wagt.

**Aýanlyk 20:1–6-ny** okaň. Şeýtan näçe wagtlap bagly bolar? [25]

Mesihiler näçe wagtlap Isa bilen şalyk sürerler? [26]

Müň ýyl uzak wagty alamatlandyrýar. Bu Isanyň birinji we ikinji gelmeginiň arasyndaky (Onuň ölümden direlmegi bilen dünýäni hökümetmäge dolanyp gelmeginiň arasyndaky) döwürdir. Şol wagt häzirdir! Isa Öz ýygnagyny dolandyrýar we gurýar. Şeýtan baglanandyr, ol öz isleýşi ýaly zeper ýetirip bilmeýär. Emma gysga wagt geçer we ol elhenç işleri etmek üçin boşadylar, şonda Isa dolanyp geler.

On gün nämäni alamatlandyrýar? [27]

Müň ýyl nämäni alamatlandyrýar? [28]

Uly bir mesele, ýagny bu gün häzirki mesihiler Aýanlyk 20:1–6-a nähili düşünmelidigi babatda ylalaşmaýarlar.

Geliň, muny ýatlap geçeliň:

- Aýanlyk kitabynda köp alamatlar bar, olaryň biri 1000 ýyl;
- Eger nämedir bir zat möhüm bolsa, Hudaý bu barada Mukaddes Kitapda bize köp gezek aýdýar;
- Bize Mukaddes Kitapda aýdyň bolan zatlara üns bermek gerek: Isa biziň günälerimiz üçin öldi, Ol ölümden direldi, Ol dünýäniň Kazysy hökmünde dolanyp geler, şonda Onuň üçin ýaşanlaryň hemmesi Onuň bilen ebedilik ajaýyp Täze Ýaradylyşda ýaşar.
- Bize Mukaddes Kitapda dünýäniň soňy barada aýdyň we ençeme gezek aýdylýan zatlara hiç zat goşmazlyk üçin seresap bolmak gerek;
- Şeýle-de biz özümiz bilen ylalaşmaýanlary hem söýmelidiris!

Haçanda mesihiler biziň bilen ylalaşmanlarynda, biz näme etmeli? [29]

1.

2.

3.

4.

5.

## On iki

**Müsürden çykyş 24:4-i** okaň. Ysraýylyň näçe tiresi bolupdyr? [30]



**Luka 6:13-i** okaň. Isa näçe sany resullary saýlady? [31]

Şeýlelikde, on iki nämäni aňladýar? [32]

**Aýanlyk 21:12–14-i** okaň. Bu Täze Iýerusalimiň suratlandyrylmasy.

Täze Iýerusalimiň näçe derwezesi bar? [33]

Ol ýerde näçe perişde bar? [34]

Ol ýerde näçe binýat bar? [35]

Bu kämil howpsuz şäher!

Matematika bilen meşgullanmaga wagt boldy!

12 x12 näçä deň bolýar? [36]

Eger 144 x 1000 köpeltsek näçä deň bolýar? [37]

**Aýanlyk 7:4-i** okaň. Näçe adam jennetde Isa bilen bolar? [38]

Bu san imanlylaryň umumy sanyny alamatlandyrýar. Bu ozal bolan ähli imanlylary we häzirki iman edenleriň hemmesini we bizden soň boljaklary aňladýar. [39]

Ähli mesihiler üçin ýer bar! Diňe saýlanan käbir mesihiler üçin ýer bar diýip aýdýanlara ynanmaň.

Aýanlyk kitabyndaky ähli sanlar — diňe alamatdyr, biz olary sözme-söz kabul etmeli däl. Biz Hudaýyň bu sanlaryň üsti bilen bize näme aýtmak isleýändigi barada pikir etmeli.

Şeýlelikde, Ýohanna näme üçin Aýanlyk kitabyny ýazypdyr? [40]

## Ýatlama Aýady

Ine, Isanyň ýygnaga beren ajaýyp wadasy. Bu Öz halkyna Isanyň sözi. Ol biziň golaýymyzda dur! Ol bizi Özi bilen ýakyn gatnaşyga çagyrýar!



**Aýanlyk 3:20:** “*Ine, men işikde duryn, gapyny kakýaryn. Sesimi eşidip, gapyny açanyň öýüne girerin. Men onuň bilen, ol hem Meniň bilen bir saçak başynda tagam iýer*”.

## *Goşmaça:* Sanlaryň barlagy



7 san nämäni aňladýar? [41]

6 san nämäni aňladýar? [42]

10 san nämäni aňladýar? [43]

12 san nämäni aňladýar? [44]

**Siz yzarlanýan kimdir birini nädip goldajaksyňyz?**

**Aýanlyk kitabyndan nähili pikirleri siz olar bilen paýlaşyp bilersiňiz?**

# Jogaplary

1 – Sebäbi köp mesihiler Isa bolan imany üçin öldiler.
2 – 1) Isa dünýäni dolandyrýan hakyky Patyşa!
2) Iblisiň güýçli we betniýetli bolmagy mümkin, emma Isa ölümden direlende, ol uruşda ýeňildi.
3) Isa basym dünýäni hüküm etmek üçin geler, Ol iblisi we Isanyň ähli duşmanlaryny dowzaha iberer.
4) Soňra Isa ynanýanlaryň ählisi ajaýyp Täze Ýerde ebedilik ýaşar!
3 – Her gün!
4 – Isa dünýäni dolandyrýan hakyky Patyşa!
Iblisiň güýçli we betniýetli bolmagy mümkin, emma Isa ölümden direlende, ol uruşda ýeňildi.
Isa basym dünýäni hüküm etmek üçin geler, Ol iblisi we Isanyň ähli duşmanlaryny dowzaha iberer.
Soňra Isa ynanýanlaryň ählisi ajaýyp Täze Ýerde ebedilik ýaşar!
5 – Bu Hudaýyň Ýohanna beren görnüşidir. Bu taryh däl.
6 – Danyýel, Ezekiýel, Zakarýa.
7 – Ýohanna gyzyl aždarha gördi.
8 – Rehimsiz we howply.
9 – Iblisi.
10 – On şahy.
11 – Ol on şahly gorkunç haýwan gördi.
12 – 10 patyşa.
13 – Gitler, Stalin, IGIL, Taliban.

14 – Hudaý dünýäni alty günde ýaratdy we ýedinji gün dynç aldy. Ýedi diýmek “kämil” ýa-da “doly” diýmegi aňladýar. Ýedi — Mukaddes Kitapda örän oňat zady aňladýar.
15 – Ýedi ýygnaga hat ýazmagy.
16 – 1260 gün.
17 – 42 aý (1260-i 30-a bölmeli = 42).
18 – Üç ýarym ýyl (42-ni 12-ä bölmeli = 3.5).
19 – Ýok.
20 – Hudaýyň Sözüni näçe köp okasak, hakykaty ýalandan şonça gowy tapawutlandyryp bilýäris.
21 – Mukaddes, mukaddes, mukaddes.
22 – 666.
23 – Ol doly we çäksiz ýigrenji.
24 – On gün.
25 – 1000 ýyl.
26 – 1000 ýyl.
27 – Gysga wagt.
28 – Örän uzak wagt.
29 – 1) Aýanlyk kitabynda köp alamatlar bar, olaryň biri 1000 ýyl;
2) Eger nämedir bir zat möhüm bolsa, Hudaý bu barada Mukaddes Kitapda bize köp gezek aýdýar;
3) Bize Mukaddes Kitapda aýdyň bolan zatlara üns bermek gerek: Isa biziň günälerimiz üçin öldi, Ol ölümden direldi, Ol dünýäniň Kazysy hökmünde dolanyp geler, şonda Onuň üçin ýaşanlaryň hemmesi Onuň bilen ebedilik ajaýyp Täze Ýaradylyşda ýaşar.
4) Bize Mukaddes Kitapda dünýäniň soňy barada aýdyň we ençeme gezek aýdylýan zatlara hiç zat goşmazlykda seresap bolmak gerek;
5) Şeýle hem biz özümiz bilen ylalaşmaýanlary hem söýmelidiris!
30 – Ysraýylyň 12 tiresi bardy.
31 – 12.
32 – Doly mukdar ýa-da dolulyk — ýekejesi ýitmedi.
33 – 12.
34 – 12.
35 – 12.
36 – 144.
37 – 144 000.
38 – 144 000.
39 – Mesihileriň doly umumy sany! Bu öňde bolan ähli mesihileri we häzirki ähli mesihileri aňladýar!
40 – Ol güýçli yzarlanmalardan ejir çeken ýygnagy ruhlandyrmak üçin ýazdy.
41 – Kämil ýa-da doly.
42 – Erbetligi.
43 – Gysga wagty.
44 – Doly mukdar ýa-da dolulyk.

# 38-nji Sapak:
# **Aýanlyk Kitaby** (2-nji bölüm)



Geliň, Aýanlyk kitabynyň birinji babyndan bir parçany öwreneliň.

**Aýanlyk 1:12–18-i** okaň.

**12-nji aýatda** ýedi çyradan nämäni aňladýar? (20-nji aýada seret.) [1]

**Ýohanna 8:12-de** Isa Özüni nähili atlandyrdy? [2]

Ýagtylyk näme edýär? [3]

Ysraýyllar çölde nirä gitmelidigini nädip bildiler? (Müsürden çykyş 13:21) [4]

**Zebur 26:1** Hudaýy nähili suratlandyrýar? [5]

**Zebur 118:105** Hudaýyň Sözüni nähili beýan edýär? [6]

Şeýlelikde, Isa Özüni "dünýäniň nury" diýmek bilen nämäni göz öňünde tutdy? [7]

Eger ýygnaklar şemdanlar bolsa, olaryň wezipesi näme? [8]

**Aýanlyk 1:13-de** Isa nirede? [9]

Bu nämäni aňladýar? [10]

Isa nähili geýnendi? [11]

**Müsürden çykyş 28:4-de** guşak bilen nagyşly uzyn köýnegi kim geýdi? [12]

Onuň saçy barada näme ýazylan? **(Aýanlyk 1:14)** [13]

Ak saçlar nämäni aňladýar? [14]

Danyýel 7:9-da Danyýel görnüşde Hudaýy görende, Onuň saçy akdy.

Bu Hudaý barada nämäni aňlatdy? [15]

**Aýanlyk 1:14-de** Onuň gözleri barada näme ýazylan? [16]

Munuň näme aňladýandygyna düşünip bilýärsiňizmi? [17]

Onuň aýaklary barada näme ýazylan? **(Aýanlyk 1:15)** [18]

Bürünç — gaty we ýalpyldaýan metal. Öňler olar aýna hökmünde ulanmak üçin bürünji reňkläpdirler. Bürünjiň nämäni aňladýandygyna düşünip bilýärsiňizmi? [19]

Danyýel hem görnüşde gözleri ýanyp duran, elleri we aýaklary bürünje meňzeş gorkunç adamy gördi (Danyýel 10:6).

**Aýanlyk 1:15-de** Isanyň sesi barada näme ýazylan? [20]

Siz munuň näme aňladýandygyna düşünip bilýärsiňizmi? [21]

**Ezekiýel 43:2-de** Ezekiýel hem öz görnüşinde şunuň ýaly sesi eşitdi.

Isanyň sag elinde näme bardy? **(Aýanlyk 1:16)** [22]

Bu nämäni aňladýar? **(Aýanlyk 1:20)** [23]

Isada ähli perişdeleriň üstünden doly ygtyýarlyk bar!

Perişdeler näme edýärler? **Ýewreýler 1:14-i** okaň. [24]

Isanyň agzyndan näme çykyp durdy? [25]

Bu nämäni aňladýar? **Işaýa 11:4-i** (Mesih baradaky pygamberligi) okaň. [26]

Onuň ýüzi barada näme ýazylan? [27]

Hoş Habarlarda haçan Isanyň ýüzi ýalkym saçdy? **Matta 17:1–2-ni** okaň. [28]

Bu nämäni görkezýär? [29]

Isa Ýohanna näme diýýär? **(Aýanlyk 1:17)** [30]

Mukaddes Kitapda “Gorkma!” diýip näçe gezek ýazylan? [31]

Ýylyň dowamynda her gün bir gezek! Her gün Hudaý bize gorkmagyň gerek däldigini ýatlatmak isleýär! Biz diňe Hudaýdan gorkmaly!

Isa ýene näme diýdi? **(Aýanlyk 1:17–18)** [32]

Bu nämäni aňladýar? [33]

## Siz öz dostlaryňyza Isany nähili suratlandyrardyňyz?

## Isany şöhratlandyrmak üçin bu parçadaky sözleri ulanyň.

# Jogaplary

1 – Ýedi ýygnagy.
2 – Dünýäniň nury.
3 – Ýagtylyk bize görmäge mümkinçilik berýär!
4 – Reb olaryň öňünden ýol görkezip, gündizine bulut sütüni bolup, gijesine bolsa ot sütüni bolup, olaryň ýollaryny ýagtyldýardy.
5 – *Reb — meniň nurum hem Halasgärim.*
6 – *Seniň sözüň — çyra aýaklaryma, ol — ýagtylyk meniň ýodama.*
7 – Ol Özüniň Hudaýdygyny aýtdy. Diňe Hudaý bize ýüregimizi we biziň nähili ýaşamalydygymyzy görkezip bilýär.
8 – Ýygnak arkaly Isanyň nurunyň biziň jemgyýetimize ýalkym saçmagy üçin! Goý, adamlar biz arkaly Isanyň söýgüsini we ýagşylygyny görsünler!
9 – Ol şemdanlaryň arasynda.
10 – Isa biziň bilen — Ol bizi taşlamady!
11 – Onuň egnindäki lybasy topugyna düşüp durdy, bilinde bolsa altyndan guşagy bardy.
12 – Bu baş ruhany Harunyň eşikleridi.
13 – Onuň saçlary ýüň ýaly, gar ýaly ap-akdy.
14 – Ak saçly bolsaň, diýmek sende paýhas bardygyny aňladýar, şonuň üçin Orta Aziýada garry gojalar “ak sakgallar” diýlip atlandyrylýar!
15 – Hudaýda kämil paýhas bar.
16 – Onuň gözleri alawlaýan ot ýalydy.
17 – Hudaý hemme zady bilýär. Biz Hudaýdan hiç zady gizläp bilmeýäris!
18 – Onuň aýaklary kürede gyzardylan bürünç ýaly ýalpyldaýardy.
19 – Şöhrat, güýç we howpsuzlyk.
20 – Onuň sesi ägirt ummanyň güwwüldisi ýalydy.
21 – Isa güýç we ygtyýarlyk bilen gepleýär.
22 – Ýedi ýyldyz.
23 – Bu ýedi ýygnagyň çaparlary ýa-da perişdeleri.
24 – Perişdeler hatda biz olary görmesek hem hemişe bize kömek edýärler!
25 – Onuň agzyndan iki ýüzli kesgir gylyç çykyp durdy.
26 – Isa tutuş dünýäni höküm eder!
27 – Onuň ýüzi günortanyň Güni kimin parlaýardy.
28 – Isa ýanyna diňe Petrusy, Ýakuby we onuň dogany Ýohannany alyp, bir beýik dagyň üstüne çykdy. Şol ýerde olaryň gözüniň alnynda Onuň keşbi üýtgedi.
29 – Bu Isanyň şöhratyny görkezýär.
30 – Gorkma!
31 – 365 gezek.
32 – *Ilkinji we Ahyrky Mendirin. Men diridirin. Ölüdim, ýöne, ine, indi ebedilik diridirin. Ölümiň-de, ölüler dünýäsiniň-de açary Mendedir!*
33 – Isa ebedi. Ol Öz janyny gurban hökmünde berdi we ýene-de direldi. Şeýdip, Mesih ölümi ýeňdi! Ol bu dünýäde bize näme boljagyny we baky geljegimizi çözýär.

# 39-njy Sapak:
# Täze Ýaradylyş



## Hudaý Öz Wadalaryny Amala Aşyrýar!

**Gelip çykyş 12:1–7-de** Hudaý Ybraýyma nähili wadalar berdi? [1]

Hudaý Ybraýyma beren wadalaryny haçan doly amala aşyrar? [2]

## Halk, Ýer we Ýalkanyş Nähili Bolar?

Täze Ýaradylyşda kim **halkyň** arasynda bolar? Hudaý bilen kim ebedi ýaşar? **Aýanlyk 7:9-y** okaň. [3]

**Ýer** nähili bolar? **Aýanlyk 22:1–5-i** okaň. [4]

Hudaý bizi nähili **ýalkar**? **Aýanlyk 21:3-i** okaň. [5]

Bu üç zada has gowy düşünmek üçin, geliň, **Aýanlyk 21:1–8-i** okalyň.

## Täze Ýer



Gelip çykyş 3:17–18-de Adam bilen How günä edende, ýere näme boldy? [6]

**Aýanlyk 21:1:** Ilkinji asman we ýer bilen näme bolar? [7]

**Aýanlyk 21:5:** Hudaý näme täze zat ýasar? [8]

Hudaý Öz halky üçin täze öý wada berdi. Bu wada berlen ýere ýa-da Erem bagyna garanda has oňat bolar! Hiç kim biziň Täze öýümize zeper ýetirip bilmez. Ol ýerde şeýtan we Hudaýyň duşmanlaryndan hiç biri bolmaz.

**1-nji Korintoslylar 15:42–44-i** okaň. Biziň bedenimiz nähili bolar? [9]

Hudaý biziň tutuş bedenimizi hiç hili keselsiz we günäsiz kämil eder!

# Halk



**Aýanlyk 21:2-ni** okaň. Nähili 3 dürli jümle ýa-da söz ýygnagy suratlandyrýar? [10]

Bu jümleler bize näme öwredýär?

- **Mukaddes şäher** — Siz içinde hiç hili erbet adam bolmadyk jemagaty, şeýle hem biri-birine garşy hiç hili öýke-kinesi bolmadyk jemagaty göz öňüne getirip bilýäňizmi?

- **Täze Iýerusalim** — bu iň ajaýyp şäheri beýan edýär! Hemme zat täze we hiç haçan könelmeýär!

  Hiç hili hapa ýok, zibil ýok, köne öýler ýok, ýanýodalarda köwük ýer ýok, hiç hili garyp ýok, sizi aldaýan mahabatlar ýok.

  Hemme zat owadan, täze, arassa, asuda we gowy işleýär!

  Her gezek bu dünýäde nämedir bir zat biziň gaharymyzy getirende, bu biziň hakyky öýümiz däldigini bize ýatlatmaga Hudaý üçin mümkinçilik bolýar — Ol biziň üçin mundan has gowy öý taýýarlaýar!

- **Öýlenýän ýigidi üçin bezenen gelin** — bu mesihileriň iň owadan we söýýän adamlar bolandygyny aňladýar!

Hudaý bizi nädip owadan edýär? **Efesliler 5:25–27-ni** okaň. [11]

Elbetde, biziň Isa has köp meňzemegimiz üçin, biziň durmuşymyzda Mukaddes Ruh işleýär.

Bu beýan etmeler Hudaýyň gözlerinde ýygnagyň şeýle gymmatlydygyna bize düşünmäge kömek edýär. Şonuň üçin indi biz biri-birimize gymmatly doganlar we uýalar hökmünde garamaly. Ýygnagyň her bir agzasy gymmatlydyr!

Hudaý bizi Isa has köp meňzetmek üçin biziň her birimizde işleýär, emma biz Täze Iýerusalime baryp ýetýänçäk, bize sabyrly bolmak we biri-birimizi bagyşlamak gerek! Biz Täze Ýaradylyşa ýetmäge biri-birimize kömek etmek üçin, elimizden gelen ähli zady etmeli!

# Ýalkanyş



**Aýanlyk 21:3-i** okaň. Hudaý nirede? [12]

Biz Täze öýde diňe bir täze adamlar bolman, Hudaý bilen hem täze dostluk edineris!

Eger biz Isa ynansak, biz eýýäm Hudaý bilen dost bolýarys! Emma Täze Ýaradylyşda bu has ýakyn bolar! Bu ajaýyp bolar!

**Aýanlyk 21:4-i** okaň. Hudaý bize näme eder? [13]

Täze Iýerusalimde näme bolmaz? [14]

**Işaýa 35:10-y** okaň. Täze Iýerusalimde adamlar özlerini nähili duýarlar? [15]

**Aýanlyk 21:6-ny** okaň. Isa Özüni nähili suratlandyrýar? [16]

Bu nämäni aňladýar? [17]

Isa bize näme berýär? [18]

Isa kime ýaşaýyş suwuny berer? [19]

Suwsamaklyk nämäni aňladýar? [20]

Ýaşaýyş suwundan içmek nämäni aňladýar? **Ýohanna 7:37–39-y** okaň. [21]

Siz ýaşaýyş suwundan her gün içýärsiňizmi?

# Häzir Bilen Dünýäniň Ahyrynyň Aralygynda

**Aýanlyk 21:7-ni** okaň: “Ýeňen” diýmek nämäni aňladýar? [22]

Isanyň yzyna eýermegi dowam etmek haçan kyn bolýar? [23]

Biziň sylagymyz näme bolar? [24]

Haçanda biz Täze öýümize girenimizde, bu biziň göz öňüne getirip bilşimizden-de has oňat bolar!

**Aýanlyk 21:8-i** okaň. Bu erbet adamlaryň ählisine näme bolar? [25]

## Çagyryş



Bu aýat başga adamlar, erbet adamlar barada gürrüň edýär diýip pikir etmek örän aňsatdyr. Emma...

- Haçan hem bolsa bir wagt biz Isanyň yzyna eýermäge gorkýarysmy?
- Haçan hem bolsa bir wagt biz Oňa wepasyz boldukmy?
- Haçan hem bolsa bir wagt biz azgyn adam boldukmy (hatda öz pikirlerimizde — Matta 5:21–22)?
- Haçan hem bolsa bir wagt biz ganhor boldukmy (hatda öz pikirlerimizde — Matta 5:21–22)?
- Haçan hem bolsa bir wagt biz butlara sežde etdikmi? Biziň ähli zatdan gowy görýän zadymyz — biziň butumyz bolup durýar.

**Kanun taglymaty 6:5-i** okaň. Biz Hudaýy nähili güýçli söýmeli? [26]

Hudaý biziň Ony dünýäde hemme zatdan köp söýmegimizi isleýär!

Emma biz Täze Ýaradylyşa baryp ýetýänçäk, biziň hemmämiz Hudaýy oňaýsyz ýagdaýa salýarys.

Şeýlelikde, haçanda Hudaý bize günälerimizi görkezende, biz näme etmeli? [27]

Hudaý bizi bagyşlamaga hemişe taýýar!

### Siz özüňizi Isa has köp meňzetmegi üçin Hudaýa rugsat berýärsiňizmi?

Şeýlelikde, biz Täze Ýaradylyş barada bu gün näme öwrendik? [28]

## Hudaýyň Bizi Ýaradan Owadan Gelni Bolmagymyz Üçin, Geliň, Yhlas Bilen Zähmet Çekeliň!

# Jogaplary

1 – Halk, ýer we ýalkanyş.
2 – Biz tutuş Mukaddes Kitabyň içinde Hudaýyň bu wadalary amala aşyrmaga başlandygyny görýäris. Emma Hudaý bu wadalary diňe Täze Ýaradylyşda doly amala aşyrar, bu Täze Iýerusalim diýlip hem atlandyrylýar.
3 – Hudaýyň halky her milletden, her halkdan, her tireden, her dilden bolar!
4 – Bu iň ajaýyp ýer bolar: açlyk bolmaz, günä bolmaz, kesel bolmaz, ölüm bolmaz, garaňkylyk bolmaz, gaýgy-alada bolmaz, bize hiç zatdan gorkmak gerek däl.
5 – Hudaý bizi göz öňüne getirişimizden-de has köp ýalkar. Älemiň merhemetli, rehim-şepagatly we söýýän Ýaradyjysynyň Özi biziň bilen ýaşar!
6 – Hudaý ýeri näletledi. Biziň dünýämiz zaýalanan we ýykylan.
7 – Olar basym ýok bolar.
8 – Hemme zat!
9 – Çüýremeýän, şöhratly, güýçli we ruhy!
10 – Mukaddes şäher, Täze Iýerusalim, Öýlenýän ýigidi üçin bezenen gelin.
11 – Ol biziň öz günämize düşünerimiz ýaly we üýtgemegimiz üçin Ondan kömek sorarymyz ýaly, biziň bilen Öz Sözi arkaly gürleşýär.
12 – Hudaý Öz halky bilen!
13 – Ol Öz halkynyň gözleriniň her bir gözýaşyny süpürer. Ol biziň ähli agyrylarymyza düşünýär. Ol bize teselli berýär.
14 – Indi ne ölüm, ne-de ýas, ne agy, ne-de agyry bolar.
15 – Olar biziň göz öňüne getirip bilşimizden-de has bagtly bolarlar!
16 – Alfa we Omega, Başlangyç we Soň Mendirin.
17 – Alfa grek elipbiýiniň birinji, Omega bolsa iň soňky harpy. (Täze Äht ilkibaşdan grek dilinde ýazyldy.) Isa dünýäniň ýaradylyşynda boldy we Isa dünýäniň ahyrynda geler.
18 – Ýaşaýyş suwy.
19 – Suwsuzlykdan ejir çekýänlere.
20 – Bu bize Hudaýyň näderejede gerekdigini bilmegimizi aňladýar. Biz Hudaýsyz ölýändigimize düşünýäris.
21 – Bu biziň Isadan bizi Öz mukaddes Ruhy bilen doldurmagyny soramalydygymyzy aňladýar!
22 – Ol adam näme bolup geçýändigine garamazdan barybir Isanyň yzyna eýerýän adam. Olar ahyryna çenli wepaly adamlar.
23 – Haçanda adamlar bize imanymyz sebäpli erbet daranlarynda.
Haçanda olar bizi yzarlanlarynda.
Haçanda biz bu durmuşda hiç zadyň başa barmaýandygyny — hemme zadyň bolmalysy ýaly däldigini duýanymyzda.
24 – Biz hemme zady miras alarys we Hudaýyň çagalary bolarys! Biz ebedi Hudaýa degişli bolarys!
25 – Olar ýanýan kükürtli ot kölüne taşlanar.
26 – Tutuş ýüregimiz, ähli güýjümiz bilen jan-tenden.
27 – Toba edip, Isadan ýüregiňizi üýtgetmegini soramaly.
28 – Haçanda Isa dolanyp gelende, Hudaý Ybraýyma beren wadalaryny doly amala aşyrar.
Biz Täze öýde kämil bedenler bilen täze adam bolarys, Hudaý bilen täze dost bolarys!
Biziň ol ýere gitmegimiz üçin Isa bize gerekli ähli zady berýär.
Biz ahyryna çenli Oňa wepaly bolmalydyrys.

## 40-njy Sapak:

# Mukaddes Kitabyň Taryhy 8 Suratda

Biz bu bölümde öwrenen zatlarymyzy gaýtalamak üçin we Mukaddes Kitabyň beýik taryhynyň esasy pursatlaryny düşündirmek üçin soňky gezek bu suratlary ulanarys..




Biz birinji surat barada okarys we soňra topardan bir adam bu maglumaty okamazdan gaýtalap berer. Soňra biz ikinji surat barada okarys we kimdir biri muny gaýtalap berer. Haçanda biz iň soňka ýetenimizde, biz 8 suraty hem sözlere seretmezden gezekli-gezegimize gaýtalarys. 8 suratyň hemmesini bilelikde gürrüň edeniňizde halaýan sapagyňyzdan has giňişleýin maglumat goşup bilersiňiz.




### 1. Ýaradylyş

Hudaý ähli zady gowy ýaratdy. Erem bagy diýlip atlandyrylan owadan bagda Hudaý ilkinji adamlar — Adam we How bilen wagtyny geçirdi.




### 2. Günäniň başlangyjy

Adam bilen How Hudaýa tabyn bolmadylar, olar iblise tabyn boldular. Şeýdip, olar Hudaýyň ýalkawyny we ebedi ýaşaýşy ýitirdiler.

Suratdaky ýaý (ugur görkeziji) Hudaýyň olary bagdan we Öz huzuryndan çykaryp kowandygyny görkezýär.

Şondan bäri häzirki wagtda adamlar Hudaýa degişli bolmagy we Onuň huzurynda bolmagy isleýärler.




### 3. Wadalar

Hudaý Ybraýyma Özi üçin aýratyn boljak **halkyň** atasy boljakdygyny wada berdi.

Hudaý Ybraýyma halk üçin **ýer** wada berdi, ol ýerde Hudaý olar bilen ýaşar.

Şeýle hem Hudaý ähli halklaryň Ybraýym arkaly **ýalkanjakdygyny** wada berdi.

Täç Hudaýyň olaryň gowy patyşasy boljakdygyny görkezýär.

Älemgoşar Hudaýyň Öz wadalaryny saklaýandygyny görkezýär (Gelip çykyş 9:13–16). Siz hemişe Oňa bil baglap bilersiňiz!



## 4. Müsürden Çykyş

Hudaýyň halky ýat ýurtda Müsürde ýerleşdi, olar ol ýerde gul boldular. (Piramidalar Müsüri aňladýar).

Ýaý (ugur görkeziji) Hudaýyň Öz halkyny Müsür gulçulygyndan halas edendigini görkezýär.



## 5. Ýer

Hudaý Öz halkyny Wada berlen ýurda alyp geldi. Olar bu ýurtda ýaşan we örän ýaramaz adamlar bolan kenganlary ýeňdiler.

Hudaý Öz halkyny ýalkady, emma olar başga hudaýlara sežde etdiler. Hudaý olara ençeme gezek duýdurdy, emma ahyrsoňy Hudaý olary sürgüne iberdi. Soňra Hudaý olary yzyna Wada berlen ýurda getirdi, emma olar henizem Hudaýyň kanunlaryna boýun egmediler we günä etmeklerini dowam etdiler.

Olara öz günälerinden halas edip biljek — Halasgär gerekdi. Olara özlerini dogry dolandyrýan Patyşa gerekdi. Hudaý bir gün şeýle adamy — Mesihi iberjekdigine wada berdi.



## 6. Isa Mesih

Hudaý Halasgär ibermek baradaky Öz wadasynda durdy! Hudaý bu dünýä onuň Halasgäri bolmak üçin geldi. Isanyň ady “Hudaý halas edýär” diýmegi aňladýar. Isa Hudaýyň Mesihidir. Ol kämil ysraýyl hökmünde Hudaý bilen kämil gatnaşykda ýaşady we haçda öldi. Onuň ölümi Hudaý bizi bagyşlap bileri ýaly, biziň günälerimiz üçin kämil gurbanlyk boldy.

Onuň ölümden direlmegi Onuň günäni, ölümi we iblisi ýeňendigini görkezdi!

Indi adamlar ýene-de Hudaý bilen dost bolup bilýärler!



## 7. Isanyň Gaýdyp Gelmegi

Isa şu wagt jennetde.

Ýaý (ugur görkeziji) Isanyň dünýäniň soňuna çykmak üçin dolanyp geljekdigini we ähli adamlary hököm etjekdigini görkezýär. Hudaý Isa arkaly ähli adamlary hököm eder.




# 8. Täze Ýaradylyş

Patyşa Isa Öz halkyny öýe getirer. Biz Hudaý bilen täze, ebedi Wada berlen ýerde, Täze Ýaradylyşda ýaşarys!

Indi ol ýerde hiç hili günä, gam-gussa ýa-da ölüm bolmaz!

Isa şeýtany dowzaha taşlar.

Hudaýyň halky Täze Ýaradylyşda Hudaý bilen baky durmuşdan lezzet alar!

## Bu hepdede siz bu suratlary kime düşündirip bilersiňiz?

## Hudaýyň beýik taryhyny bilmeklik bu gün sizi nähili ruhlandyrýar?

# Mazmuny


| | | |
|---|---|---|
| **1-nji Sapak:** | Mukaddes Kitabyň Kitaplary | 5 |
| **2-nji Sapak:** | Owal-Başda | 10 |
| **3-nji Sapak** | Günä | 15 |
| **4-nji Sapak:** | Hudaý Ýamanlygy Ýazgarýar | 20 |
| **5-nji Sapak:** | Ybraýyma Berlen Wada | 24 |
| **6-njy Sapak:** | Hudaýyň Wadalary Ybraýymyň Nesillerine Geçýär | 28 |
| **7-nji Sapak:** | Hudaý Halasgär | 35 |
| **8-nji Sapak:** | Hudaý gurbanlyk arkaly halas edýär | 40 |
| **9-njy Sapak:** | Deňizden Geçiş | 44 |
| **10-njy Sapak:** | Gurbanlyklar | 48 |
| **11-nji Sapak:** | On Tabşyryk | 51 |
| **12-nji Sapak:** | Mukaddes Çadyr | 58 |
| **13-nji Sapak:** | Çöldäki Durmuş | 62 |
| **14-nji Sapak:** | Mukaddes Kitabyň Taryhy 8 Suratda | 66 |
| **15-nji Sapak:** | Ýeşuwa | 68 |
| **16-njy Sapak:** | Ysraýyl Serdarlary | 73 |
| **17-nji Sapak:** | Patyşalar | 79 |
| **18-nji Sapak:** | Dawut — iň Beýik Patyşa! | 85 |
| **19-njy Sapak:** | Paýhas Kitaplary: Eýýup | 91 |

**20-nji Sapak:** Paýhas Kitaplary: Zebur . . . . . 95
**21-nji Sapak:** 90-njy Mezmur . . . . . 99
**22-nji Sapak:** Paýhas Kitaplary: Süleýmanyň Pähimleri, Süleýmanyň Wagyz Kitaby, Süleýmanyň Nagmalar Nagmasy . . . . . 104
**23-nji Sapak:** Ysraýylyň we Ýahudanyň Pygamberleri . . . . . 109
**24-nji Sapak:** Işaýa Pygamber . . . . . 115
**25-nji Sapak:** Nehemýa . . . . . 119
**26-njy Sapak:** Mukaddes Kitabyň Taryhy 8 Suratda . . . . . 124
**27-nji Sapak:** Hudaý ynsan bolup ýere geldi . . . . . 127
**28-nji Sapak:** Mesih . . . . . 130
**29-njy Sapak:** Pajygaly Heläkçilikmi Ýa-da Hudaýyň Meýilnamasy Amala Aşdymy? . . . . . 135
**30-njy sapak:** Isanyň Direlmegi we Göge Göterilmegi . . . . . 139
**31-nji Sapak:** Mukaddes Ruh . . . . . 144
**32-nji Sapak:** Ýygnak . . . . . 149
**33-nji Sapak:** Başgalara Hoş Habary Gürrüň Bermek . . . . . 155
**34-nji Sapak:** Täze Ähtdäki Hatlar . . . . . 159
**35-nji Sapak:** 1 Salonikliler . . . . . 164
**36-njy Sapak:** Isanyň Gaýdyp Gelmegi we Kyýamat Güni . . . . . 168
**37-nji Sapak:** Aýanlyk kitaby (1-nji bölüm) . . . . . 174
**38-nji Sapak:** Aýanlyk Kitaby (2-nji bölüm) . . . . . 182
**39-njy Sapak:** Täze Ýaradylyş . . . . . 186
**40-njy Sapak:** Mukaddes Kitabyň Taryhy 8 Suratda . . . . . 191

Bu 40 sapakdan ybarat okuw kursynyň her bir bölümi bizi Isa tarap nähili ugrukdyrýandygyny görmek bilen, sizi Mukaddes Kitap hekaýalary arkaly alyp gidýär. Bütin ýoluň dowamynda, okuw kursy Merkezi Aziýa medeniýetimize degişli meselelere salgylanýar. Her sapak köp soraglardan ybarat we jogaplaryň hemmesi sapagyň ahyrynda ýerleşýär. Şeýlelik bilen, bu okuw kursy Mukaddes Kitaby bilýän ähli derejeli mesihiler tarapyndan ulanylyp bilner. Esasy maksat ähli mesihilere Hudaýyň sözüni okamagy söýmegi öwrenmäge kömek etmekdir.

TK-LATN